Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

R. FARMONOW, U. JORAÝEW,
Ş. ERGAŞEW

DÜNÝÄ TARYHY

(XVI—XIX asyryň 60-njy ýyllary)

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
VIII synp okuwçylary üçin derslik

Gaýtadan işlenen we doldurylan dördünji neşir

Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi
tarapyndan hödürlenen

Çolpan adyndaky neşirýat-çaphana döredijilik öýi
Daşkent — 2019

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO‘K 372.893=512.164(100)(075)
KBK 63.3(0)ya721
J 91

Jogapkär redaktorlar:

T. Babamatow — taryh ylymlarynyň kandidaty;
A.T. Zamanow — taryh ylymlary boýunça filosofiýa doktory.

Syn ýazanlar:

Ýo. Boltaboýew — Namangan döwlet uniwersitetiniň «Taryh» kafedrasynyň uly mugallymy;
N. Hakimow — Respublikan tälim merkeziniň metodisti;
G. Pasilowa — Daşkent şäher Mürze Ulugbek etrabynyň 248-nji mekdebiniň mugallymy;
O. Ergaşew — Daşkent welaýatynyň Ohangaran etrabynyň 22-nji mekdebiniň mugallymy;
Z. Mirzaýew — Daşkent welaýatynyň Piskent etrabynyň 15-nji mekdebiniň mugallymy.

Şu derslik aşakdaky awtorlar topary tarapyndan ýazyldy: taryh ylymlarynyň kandidaty ***Ş. Ergaşew*** (Giriş bölümi, I bap, II bap, III babyň 13-, 14-, 19-njy temalary, V babyň 29-njy temasy, netije, karta we suratlar); taryh ylymlarynyň doktory ***R. Farmonow, U. Joraýew*** hem-de ***Ş. Ergaşewler*** (III babyň 15-, 16-, 17-, 18-nji temalary; IV babyň 20-, 21-, 22-, 23-, 24-, 25-, 26-, 27-, 28-nji temalary we V babyň 30-, 31-, 32-nji temalary).

Dersligiň metodik gurluşy ***J. Abdullaýew*** tarapyndan taýýarlandy.

Şertli belgiler

Döredijilikli ýumuş

Ýatlaň

Karta bilen işlemäge degişli ýumuş

Internet bilen işlemäge degişli ýumuş

Özüňizi barlaň

Adalgalaryň manysy

Çeper-taryhy eser bilen işlemäge degişli ýumuş

Ýatda saklaň

Kino-foto-fono materiallar bilen işlemek

Sorag we ýumuşlar

«Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan kärende üçin çap edildi».

© R. Farmonow wa başg., 2019
© Çolpan adyndaky NÇDÖ, 2014
© Çolpan adyndaky NÇDÖ, 2019

ISBN 978-9943-05-657-2

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

GIRIŞ

TÄZE DÖWRÜŇ BAŞLANMAGY

Eziz okuwçy! Siz VII synpda Orta asyrlaryň taryhyny öwrendiňiz. Orta asyrlarda hem adamlar oba hojalygyna esaslanan ykdysadyýetde we jemgyýetde şekillenen däp-dessurlar esasynda durmuş geçirmegi dowam etdirdiler. Şol sebäpden ynsanyýet taryhynyň bu döwrüne **agrar siwilizasiýa** ýa-da **däbe öwrülen jemgyýet** diýip atlandyrylýar. Bu jemgyýetde adamlar gatlaklara bölünip ýaşaýar we gadymdan saklanyp gelýän adaty däp-dessurlar, dini düşünjeler bu siwilizasiýanyň häsiýetli taraplary hasaplanýar. Agrar siwilizasiýa ynsanyýet taryhynda neolit döwründen başlanyp, XVIII asyryň 60-njy ýyllarynda ky senagat ynkylaby we onuň esasynda täze jemgyýet emele gelýänçä dowam etdi.

Täze döwrüň başlarynda, beýik döwletleriň arasynda Ýewropada höküm sürmek üçin göreş güýçlendi. Şol wagtda Günbatar Ýewropa döwletlerinde agrar jemgyýetiň ýumrulmagy, täze siwilizasiýanyň şekillenmek hadysasy ýüze çykdy. Bu hadysa dört asyr diýen ýaly dowam etdi we täze döwrüň ahyryna gelip, ynsan öz dünýägaraýşy, düňýägaraýşynyň esasy taraplary bilen biziň häzirki öwrenip galan ýagdaýymyza geldi. Bolup geçen üýtgeşmeler örän uly bolup, ony ynsanyýet taryhyndaky düýpli öwrülişigi — ilkidurmuş obşinasyndan siwilizasiýa geçmek bilen deňleşdirmek mümkin.

Siz VIII synpda ynsanyýetiň ösüşiniň soňky basgançagy — **Täze taryh** wakalary bilen tanyşmagy başlarsyňyz. Täze taryh adamlaryň tebigy deňligi, şahsyň erkinligi we şany ýaly demokratik düşünjelere esaslanan täzeçe dünýägaraýşyň şekillenmegi bilen Orta asyrlardan tapawutlanýar. Täze döwrüň iň harakterli taraplaryndan biri dünýäni täzeçe düşünmek esasynda ynsanyň ugurtapyjylygy, telekeçiligi üçin giň mümkinçilikleriň açylmagynda ýüze çykdy.

XVI asyrdan başlanan bu özgerişleriň netijesinde ilki bilen Günbatar Ýewropada, soňra bolsa Demirgazyk Amerikada şekillenen täze jemgyýete kapitalistik jemgyýet diýip atlandyryp başlandy. Bu jemgyýetiň ady *«kapital»* sözünden alnan. **Kapital** — öz eýesine girdeji getirýän hususy mülk (fabrik,

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

zawod, kän, bank we başgalar) hem-de serişde, özüni-özi köpeldýän maýa. Bu maýanyň esasynda erkin telekeçilik işi ýatýar. Şu sebäpli kapitalistik jemgyýetde hususy mülk we hakyna tutma zähmetden peýdalanýanlara giň mümkinçilikler döredildi.

Netijede, ykdysady durmuş gülläp ösdi, senagat önümçiligi we söwda ösdi, kapitalistik gatnaşyklar emele geldi. Önümçiligiň täze görnüşleri peýda boldy, zähmet gurallary kämilleşdi, sehleriň ornuny manufakturalar eýeläp başlady. Ýewropalylaryň durmuşynda ençeme täzelikler, işjeňlik, öňe ymtylmak ýaly täze belgiler peýda boldy, olaryň bir bölegi Gündogardan girip geldi.

Mundan başga, Täze döwür ösen şäher medeniýeti, Antik döwrüň taryhyna bolan uly gyzyklanma, ony ideallaşdyrmak, çeper sungatyň tiz durmuşa geçmegi ýalylar bilen hem harakterlenýär. Aslynda, köplenç ýagdaýlarda pajygaly netijelere alyp gelen uruşlar, gozgalaňlar we ynkylaplar däl-de, eýsem adamlaryň döredijiligi, hemişelik gözlegler we öňegidişlikler, ruhyýetde we medeniýetde, sosial durmuşda we ykdysady ösüşde uly özgerişlere alyp geldi. Şu özgerişleriň netijesinde Günbatar Ýewropanyň öňdebaryjy döwletlerinde kapitalistik jemgyýetiň esasynda senagatyň ösüşine esaslanan täze siwilizasiýa emele geldi we ol **industrial siwilizasiýa** diýip atlandyryldy.

Ýewropada industrial siwilizasiýanyň tiz ösmegi Täze taryhyň esasy mazmunyny düzýär. Hut şu tiz ösüş sebäpli Ýewropa dünýäde öňdebaryjy orny eýeledi, soňra bolsa Ýer ýüzüniň köp bölegini özüne boýun egdirdi.

Dünýä taryhynda **«Täze taryh»** döwri XV asyryň ahyry — XVI asyryň başlaryndaky Beýik geografik açyşlardan başlanýar hem-de Birinji jahan urşunyň soňy — 1918-nji ýyla çenli bolan döwri öz içine alýar. Täze taryh, adatda, iki basgançaga bölünýär. Onuň **birinji basgançagy** — Beýik geografik açyşlardan XVIII asyryň ahyryndaky Beýik fransuz buržuaz ynkylabyna çenli bolan döwri öz içine alýar. Täze taryhyň **ikinji basgançagy** XIX asyryň başyndan Birinji jahan urşunyň soňy — 1918-nji ýyla çenli dowam edýär.

Täze döwürde bolup geçen buržuaz ynkylaplary orta asyryň feodal tertiplerini bozup taşlady we önümçiligiň güýçli depginde ösmegi üçin giň ýol açdy. Ykdysadyýetiň güýçli depginde ösmegi şu döwürde amala aşyrylan ylmyň we tehnikanyň gazananlaryna esaslandy. Ylmyň we tehnikanyň arasynda aýrylmaz baglanyşyk emele geldi. Munuň netijesinde, XVIII asyryň ahyryndan başlap, tehnika we tehnologiýalarda beýik açyşlar amala aşyryldy. Bu açyşlar önümçiligi ösdürmek üçin örän uly ähmiýete eýe boldy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Iňlis inženeri Jorž Stefenson tarapyndan 1814-nji ýylda açyş edilen parowoz demirýol transportynyň ýaýramagyny başlap berdi. Meşhur fizik we himik alymlar — italiýaly Alessandro Wolta, angliýaly Gemfri Dewi we Maýkl Faradeý hemde fransuz Andre-Mari Amper elektrden peýdalanmagyň esaslaryny döretdiler. Energiýanyň bu täze görnüşinden peýdalanmak tehnikanyň täze pudaklaryny ösdürdi, önümçilikde, gündelik durmuşda uly özgerişlere alyp geldi.



Ýewropa senagat öwrülişigi döwründe

Ylmy we tehniki açyşlar önümçiligiň himiýa, elektrotehnika ýaly täze pudaklarynyň peýda bolmagy üçin esas döretdi. Hasaplaýyş tehnikasy, önümçiligi awtomatlaşdyrmak, emeli materiallary öndürmek ýüze çykyp başlady. Bu gazanylanlaryň köpçüligi XX asyrda hem önümçiligiň esasyny düzdi.

Täze döwürde özgerişleriň depgini ösmegiň geçen basgyçlaryna görä örän tiz bolup, ylym we tehnika pudagyndaky açyşlar önümçilige örän tiz girip bardy.

Şeýlelikde, XVIII asyryň ahyry — XIX asyrda ylym we tehnika pudaklaryndaky örän uly üstünlikler senagat ynkylabyna alyp geldi. Öz nobatynda, senagat öwrülişigi agrar siwilizasiýadan senagat önümçiligi we industrial siwilizasiýa geçmek üçin esas döretdi. Bu döwürde senagatda bolup geçen hadysalar

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

netijesinde maşynlar önümçilikden el zähmetini gysyp çykardy, manufakturalar fabriklere öz ornuny boşadyp berdi.

Täze döwür Ýewropa halklarynyň taryhynda olaryň durmuş derejesini, jemgyýetiň ruhy esaslaryny birnäçe gezek üýtgedip goýberen ynkylaplar döwrüdi. Şunuň ýaly, koloniýaçylyga düşüp galan Aziýa, Afrika we Amerika halklarynyň taryhynda Täze döwür garaşsyzlyk we azatlyk üçin dyngysyz göreşler döwri hem boldy. Bu döwür Ýewropada milletleriň we ýeke-täk monarhiýa görnüşindäki milli döwletleriň şekillenýän döwrüdi. Bolup geçýän her bir özgerişde şekillenýän täzeçe dünýägaraýşyň täsiri duýulýardy. Iň birinji, bütin orta asyrlarda höküm sürüp gelýän ynsany akly, ruhy kemsitmäge we fiziki çäklendirmäge esaslanan dünýägaraýşyň ýerine täze, gumanistik dünýägaraýyş şekillenip başlady. Bu dünýägaraýyş şekillenýän täze, industrial siwilizasiýanyň ruhy esasy boldy.

Emma Täze döwürde industrial siwilizasiýanyň şekillenmegi üçin zerur bolan şert diňe Ýewropa döwletlerinde emele geldi. Aziýa, Afrika we Günorta Amerikadaky köpçülik döwletler XIX asyryň başlarynda hem yzagalak, agrar jemgyýet derejesinde galýardy.

Täze döwürde bolup geçen örän uly özgerişleriň bütin dünýä möçberinde öňdebaryjy önümçilik usullarynyň ýaýramagyna, adamlaryň durmuş derejesiniň has gowulanmagyna, industrial siwilizasiýa gymmatlyklarynyň emele gelmegine alyp geldi. Täze döwrüň ahyrlaryna gelip, dünýä kartasy özüniň esasy taraplary bilen döwrebap görnüşe eýe boldy.

Kapitalistik jemgyýet — hususy mülkiň esasyny senagat kärhanalary düzýän, şeýle hem, ösen bazar ykdysadyýetine we ýokary senagat önümçiligine esaslanan jemgyýet.

Industrial siwilizasiýa — bu ykdysadyýetde bazar gatnaşyklary şekillenen, jemgyýetde syýasy we sosial deňlik, hukuky döwlet, adamlaryň tebigy hukuklary, dini bagrygiňlik ýaly gymmatlyklar karar tapan taryhy döwür.

1. Ynsanyýet taryhynyň haýsy döwri agrar siwilizasiýa diýip atlandyrylýar?
2. Täze taryh nähili harakterli taraplary bilen orta asyrlardan tapawutlanýar?
3. Nähili jemgyýete kapitalistik jemgyýet diýip atlandyrylýar?
4. Nähili taryhy döwür industrial siwilizasiýa diýip atlandyrylýar?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

I BAP. ÝEWROPADA TÄZE DÖWRÜŇ ŞEKILLENMEGI

1-nji tema: BEÝIK GEOGRAFIK AÇYŞLAR WE OLARYŇ TARYHY ÄHMIÝETI

Geografik açyşlaryň sebäpleri. XV—XVII asyrlarda ýewropaly syýahatçylar tarapyndan Afrika, Amerika, Aziýa we Okeaniýa deňiz ýollarynyň açylmagy we bu çäklerde täze ýerleriň açylmagy taryhda **Beýik geografik açyşlar** adyny aldy.

Orta asyrlarda ynsanyýet tarapyndan açylan nähili möhüm açyşlary bilýärsiňiz?

Bu döwürde ylmyň we tehnikanyň ösüşinde ýewropalylaryň gazanan üstünlikleri olara täze ýerleri açmaga we özleşdirmäge mümkinçilik berdi.

XV asyryň ahyryna gelip, okean tolkunlaryna çydamly bolan, şemala garşy ýüzüp bilýän ýelkenli gämi — **karawella** döredildi, gämileri dolandyrmak esbaplary we sungaty has ösdi. Karawellalar Atlantik okeandan howpsuz ýüzüp geçip bilýän ilkinji gämilerdi. Indi kämilleşen kompas, astrolýabiýa we deňiz kartalaryna

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

eýe bolan tejribeli deňiz syýahatçylary bu gämilerde uzak aralyklara ýüzmek mümkinçiligine eýe boldy.

Karawella

Beýik geografik açyşlar üçin bu döwürde şekillenen Ýeriň togalaklygy barasyndaky düşünjeler we Atlantik okeandan ýüzüp geçip, rowaýata öwrülen baý hasaplanan Hindistana deňiz ýoluny açmak taglymy itergi boldy. Aziýa ýewropalylar tarapyndan Ortaýer deňzi arkaly özleşdirilen söwda ýollary XV asyrda Wizantiya imperiýasy ýykylandan soň Osmanlar döwleti tarapyndan ýapyp goýuldy. Netijede, Ýewropa Gündogardan gelýän matalar, boýaglar, şaý-sep enjamlary, süýjüler we nahara salynýan priprawalardan mahrum boldy. Bu ýagdaý ýewropalylary täze söwda ýollaryny gözlemäge mejbur etdi. Söwdagärler bu önümleri Ýewropa alyp gelip satmakdan uly baýlyk artdyrmaga umyt edýärdiler.

Portugaliýalylaryň geografik açyşlary. Atlantik okeandan ýüzüp geçmegi portugaliýalylar başlap berdi. Portugaliýa Ýewropanyň iň günbatar böleginde ýerleşen, Atlantik okean bilen serhetdeş döwlet. Bu ýagdaý we uzak deňizçilik tejribesi portugaliýalylara Beýik geografik açyşlarda öňdebaryjylyk etmäge mümkinçilik berdi.

Portugaliýalylaryň geografik açyşlardaky üstünlikleri şazada **Genrih Deňizçi** ady bilen bagly. Bu edermen deňizçiniň başlap beren täze ýerleri açys etmek we özleşdirmek işi Portugaliýa uly şöhrat we baýlyk alyp geldi. Portugaliýalylar Afrikanyň kenarlarynda ýüzüp, XV asyrda Madeýra adasyny, Kanar we Azor adalaryny açdylar. XV asyryň ahyrynda **Bartolomeu Diaşyň** ýolbaşçylygyndaky ekspedisiýa Afrikanyň günortasyndaky burundan aýlanyp geçdi we Hind okeanyna çykdy. Hindistana deňiz ýolunyň açylmagyna umyt eden deňizçiler bu burna **Hoş Umyt burny** diýip at berdiler. Olar şu ýerden yzyna gaýdan bolsalarda, B. Diaşyň açyşy Afrikany aýlanyp geçip, Hindistana deňiz arkaly ýol açmagyň gelejegini döretdi.

Şol wagtda Afrikada täze ýerleriň açylmagy bu materigiň uzak ýyllar ewropalylar tarapyndan talanmagy, Afrikanyň ilatynyň gul edilip, Ýewropa we Amerika satylmak hadysasyny başlap berdi.

Amerikanyň açylmagy. Portugaliýaly deňiz syýahatçylarynyň üstünlikleri goňşy ispanlarda hem bu işe uly gyzyklanma döretdi. Ýeriň togalaklygy

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

barasyndaky düşünjeden gelip çykan **Hristofor Kolumb** atly deňiz syýahatçysy Ispaniýanyň korolyna Atlantik okeandan günbatara tarap ýüzüp, deňiz arkaly Hindistana ýol açmagy teklip etdi. Emma beýle töwekgelçilige razy bolýan deňizçileri tapmak we syýahaty maliýeleşdirmek örän kyn boldy. Ahyrynda, H. Kolumbyň ýolbaşçylygynda düzülen ispan ekspedisiýasy üç sany tiz ýöreýän ýelkenli gämide ýola çykyp, **1492-nji ýylyň 12-nji oktýabrynda** Bagama adalarynyň düzümine giryän bir ada ýetip geldi we ony «San-Salwador» («Mukaddes halasgär») diýip atlandyrdy. Şeýlelikde Amerika materigi açyldy. Şondan soň H. Kolumb ýene üç sany ekspedisiýa gurnap, olaryň dowamynda Antil adalaryny, Günorta we Merkezi Amerika kenarlaryny açyş etdi. Ol özüniň açyş eden ýerleriniň Hindistan ekenligine ynanýardy. Şol sebäpden hem bu ýerleriň ilatyny **hindular** (indeýesler) diýip atlandyrdy.

H. Kolumbyň açyşynyň mazmunyny aňlamakda **Amerigo Wespuççiniň** amala aşyran syýahaty uly ähmiýete eýe boldy. Ol täze açylan ýerlere XV asyryň ahyry — XVI asyryň başlarynda birnäçe gezek syýahat edip, olaryň dowamynda bu ýerleriň Hindistan däl-de, düýbünden täze materikligini subut etdi. Indi bu täze materik onuň şanyna **Amerika** diýip atlandyrylyp başlandy.



Hindistana deňiz ýolunyň açylmagy. 1497—1499-njy ýyllar

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Hindistana deňiz ýolunyň açylmagy. Täze ýerleriň açylmagy portugaliýalylarda uly gyzyklanma döretdi. Ýene bir deňiz syýahatçysy **Wasko da Gamanyň** ýolbaşçylygyndaky ekspedisiýa 1497-nji ýylda Afrikanyň günortasyndan aýlanyp geçip, Hindi okeanyna çykdy. Olar Afrikanyň kenarlaryndan ýüzüp, arap deňizçisi — **Ähmet ibn Majidiň** kömeginde 1498-nji ýylda Hindistana ýetip geldi. Bu ýerden ençeme önümleri ýüklän deňizçiler 1499-njy ýylda Portugaliýa gaýdyp geldi. Iki ýyla golaý dowam eden syýahatda ekspedisiýa agzalarynyň köpçüligi heläk boldy. Emma muňa seretmezden, Wasko da Gamanyň ekspedisiýasynyň üstünligi Ýewropa uly täsir etdi. Ýewropaly söwdagärler Gündogara garap atlandylar. Hindistandan Ýewropa priprawalar we süýjüler alyp gelýän söwdagärler örän uly peýda görüp başladylar. Şeýlelikde, Hindistana hemişelik deňiz ýoly açyldy.

1519-njy ýylda portugaliýaly ýene bir deňizçi — **Fernando Magellanyň** ekspedisiýasy Amerikanyň günortasyndaky bir bogazy aýlanyp geçip (soňra Magellan bogazy diýip atlandyryldy), nätanyş we dynç bolan uly okeana çykdy. Okeanyň käbir wagtlarda şemally bolýanlygyny bilmedik F. Magellan ony **Ýuwaş okean** diýip atlandyrdy. Okeanda uzak ýüzmegiň dowamynda açlykdan, kesellikden hem-de täze açylan adalardaky ýerli ilat bilen bolan söweşlerden ekspedisiýa agzalarynyň köpçüligi, şol sanda, F. Magellan hem heläk boldy. Ekspedisiýanyň aman galan agzalary Ýer şaryny aýlanyp ýüzüp, 1522-nji ýylda özleriniň ugrap giden Ispaniýa kenarlaryna ýetip geldi. Deňiz syýahatçylaryndan örän kem adam aman galdy. F. Magellanyň açyş eden deňiz ýoly amaly ähmiýete eýe bolmady, ondan uzak wagt hiç kim peýdalanmady. Emma bu açyş Ýeriň togalaklygyny amalda subut etdi.

- Beýik geografik açyşlar — bu ...
- Wasko da Gamanyň amala aşyran açyşlary ...
- 1519—1522-nji ýyllarda ...
- 1492-nji ýylda ...

Ýuwaş okeanyň kenarlaryndaky geografik açyşlar. XVI asyryň ikinji ýarymy — XVII asyryň başlarynda ispan deňizçileri Ýuwaş okeanyň kenarlaryna birnäçe ekspedisiýa gurnady. Bu ekspedisiýalar dowamynda, Süleýman (Solaman) adalary, Günorta Polineziýa we Melaneziýa açyş edildi.

Deňizçiler **«Günorta Ýer»** — Awstraliýany gözlemegi dowam etdirdiler. **1606-njy ýylda** ispan deňizçisi **Luis Torres** Aziýa bilen Awstraliýanyň aralygyndaky bogazdan ýüzüp geçip, täze materigiň kenarlaryna ýetdi. Şu ýylda

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Awstraliýanyň açyş edilmegi

gollandiýaly **Willem Ýanszon** täze materigiň kenarlaryna gelip düşdi we ony Gollandiýanyň mülki diýip yglan etdi. Şeýlelikde **Awstraliýa** açyş edildi. XVII asyryň ortalarynda gollandiýalylar Awstraliýa kenarlaryny barlag edip başladylar. **Abel Tasman** Indoneziýa kenarlaryndan gündogara tarap ýüzüp, Awstraliýany günortadan aýlanyp geçdi we soňra **Tasmaniýa** diýip atlandyrylan adany açyş etdi.

Beýik geografik açyşlaryň netijeleri. Beýik geografik açyşlar dünýä ösüşine örän uly täsir etdi. Olar ýewropalylaryň älem hakyndaky düşünjelerini baýlaşdyrdy, başga materikler we ol ýerdäki halklar barasyndaky täze bilimleri şekillendirdi.

Täze bilimler ilki bilen Ýewropada, soňra başga materiklerde hem senagat we söwdanyň ösmegi üçin uly itergi boldy. Esasy söwda ýollary Ortaýer deňzinden Atlantik okean göçdi we söwdanyň harakterini düýbünden özgertdi.

H. Kolumb ekspedisiýasy **1492-nji ýylyň 12-nji oktýabrynda** Bagama adalaryna ýetip geldi.

XVI asyryň ikinji ýarymy — XVII asyryň başlarynda ispan deňizçileri Süleýman adalary, Günorta Polineziýany we Melaneziýany açyş etdiler.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Emma täze ýerleri özleşdirmek boýun egdirilen halklary elhenç ekspluatasiýa etmek bilen bilelikde alyp baryldy, **dünýä kolonial sistemasy emele geldi.** Zabt edilýän wagtynda ýerli ilatyň bir bölegi gyrlyp gitdi, gadymky siwilizasiýalaryň ençeme ojaklary ýok edildi, kolonial döwletleriň halklary emele gelýän kapitalistik gatnaşyklara zorluk bilen çekildi we öz zähmeti bilen Ýewropada kapitalizmiň ösmek hadysasyny tizleşdirdi. Şeýlelikde olar täze industrial siwilizasiýanyň şekillenmegine öz goşandyny goşdular. Beýik geografik açyşlaryň iň ýaman netijelerinden biri gul söwdasynyň halkara gerimde ösmegi boldy.

Beýik geografik açyşlar sebäpli ýewropalylaryň Ýer ýüzi we onuň ilaty barasyndaky düşünjeleri doly üýtgedi. Amerika, Aziýa we Afrikada Ýewropa döwletleriniň koloniýalary peýda bolup, ýuwaş-ýuwaş dünýä kolonial sistemasy emele geldi.

Karawella — XV—XVII asyrlarda Ýewropada giň ýaýran ýelkenli gämi.
Ekspedisiýa — ýörite belgilenen maksat bilen gurnalan syýahat.
Buržuaziýa — kapitalistik jemgyýetde zähmet gurallaryna we önümçilik serişdelerine eýelik edýän we olardan girdeji alýan hökümdar synp.

1. Hindistana günbatardan ýol açmak näme üçin zeruryýete aýlanyp galdy?
2. Amerikanyň açylmagy Ýewropalylaryň durmuşynda nähili özgerişlere alyp geldi?
3. Amerikanyň ýerli ilatynyň medeniýeti hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
4. Beýik geografik açyşlar Amerikanyň ýerli ilatynyň tagdyrynda nähili rol oýnady?

Karta bilen işlemäge degişli ýumuş

Tekstde berlen karta bilen tanyşyň we Beýik geografik açyşlary amala aşyran döwletleri özleşdirilen ýa-da «täze açylan» çäkler bilen deňeşdiriň.

«Beýik geografik açyşlaryň netijeleri şeýle boldy, ...» temasynda esse ýazyň.

n.ziyouz.com saýtyndan Jýul Werniň «On bäş ýaşly kapitan», «Ýer merkezine syýahat» eserlerini göçürip alyň we okaň. Özbaşdak görnüşde «Deňiz syýahatynyň amatlyklary şeýledi, ...» mazmunynda esse ýazyň.

Tema baglanyşykly bolan «Kolumb» ýa-da Jýul Werniň «On bäş ýaşly kapitan» eseri esasynda işlenen çeper filmleri görüň we netije çykaryň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2-nji tema: TÄZE DÖWRÜŇ BAŞLARYNDA GÜNBATAR ÝEWROPA DÖWLETLERINDE INDUSTRIAL JEMGYÝETIŇ ŞEKILLENMEGI

Täzeçe ykdysadyýetiň şekillenmegi. Beýik geografik açyşlardan soň Amerikadan altyn, kümüş we başga-da gymmatbaha metallar Ýewropanyň bazarlaryna örän köp getirildi. Korollar döwletde öndürilýän önüme görä örän köp altyn we kümüş teňňeler zikgelediler. Pul köpelen ýagdaýda hünärmentler we söwdagärler krizise duş gelmezlik üçin öz harytlarynyň nyrhyny artdyrmaga mejbur boldy. Şeýlelikde ýüz ýyllaryň dowamynda üýtgemän gelýän nyrhlar aýgytly ösüp başlady. Bu hadysa **«nyrhlar ynkylaby»** diýip atlandyryldy. Ýewropa döwletlerinde adamlar ýaşamak üçin pul tapmagyň täze ýollaryny gözlemäge başladylar. Örän köp maşgalalar indi öňküsi ýaly natural hojalyk dolandyrmazdan, önümiň bir bölegini bazarda satmaga mejbur boldylar. Netijede, Ýewropada **haryt öndürýän hojalyklar**, ýagny bazarda satmaga niýetlenen önüm öndürýän hojalyklaryň sany köpelip başlady.

Ýewropada düzülen haýsy ilkinji biržalary bilýärsiňiz?

Kapitalistik gatnaşyklaryň peýda bolmagy. Bazar gatnaşyklary örän tiz ösýän Angliýa, Niderlandiýa korollygy we Fransiýa ýaly döwletlerde söwdagärler götere söwda zerurlygyny duýup başlady. Olar indi her wagt geçirilýän ýarmarkalara önüm alyp baryp satmagyň ýerine, iri şäherlerde düzülen we **birža** diýip atlandyrylan ýörite ýerlerde öz önümlerini yglan edip başlady. Şu ýerde hyrydarlar bilen aldy-satdy şertnamasy düzülip, önüm ylalaşylan ýere goýberilýärdi.

Biržalar bilen bir hatarda, döwrebap banklaryň peýda bolmagy hem Täze döwür siwilizasiýasynyň beýik üstünliklerinden biri boldy. Orta asyrlarda banklaryň roluny puly maýdalaýan serraplyk dükanlary ýerine ýetirýärdi. **XV asyrda** döwrebap görnüşdäki ilkinji bank — Genuýadaky Keramatly Georgiý banky peýda boldy.

Soňra Günbatar Ýewropanyň başga döwletlerinde hem söwdagärlere hyzmat edýän şeýle banklar emele geldi. Birža we banklar Ýewropada söwdanyň we senagatyň ösmeginde örän uly rol oýnady.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Howp-hatar uly bolan uzak aralyklar bilen söwda etmek üçin söwdagärler **aksiýonerlik kompaniýalary**na birleşip başlady. Olar kompaniýanyň umumy harajatlary üçin serişde goşup, peýdadan öz ülüşini almak hukugyny berýän gymmatbaha kagyza — **aksiýa** eýe bolýardy.

Bazarlarda önümiň köpelmegi netijesinde ony öndürýänleriň we satýanlaryň arasynda **bäsdeşlik** peýda boldy. Bäsdeşlikde ýeňlip, krizise duşmazlyk üçin önümi tiz, ýokary hilli we arzan öndürmek talap edilýärdi. Şol sebäpli Ýewropada önümçilik tehnikasy we tehnologiýasy örän tiz ösdi, täze açyşlar köpeldi, önümiň bahasy arzanlap, adamlaryň durmuş derejesi gowulandy.

Täze döwrüň başlarynda Ýewropa bazarlaryndan biri

- Aksiýonerlik kompaniýalary — bu ...
- Aksiýa ...
- Birža — bu ...

Daýhanlar orta asyrlardaky **üç çalşyp** ekmekden **köp çalşyp** ekmäge geçdi. Netijede, oba hojalyk önümleriniň hasyldarlygy artyp, satmak üçin önüm köpeldi. Bugdaýy üwemek, şahtadan suw çykarmak üçin **suw çarhpelegi** we **şemal**

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

degirmeninden giň peýdalanmak başlandy. Tokarlyk, dokmaçylyk we başga iň ýönekeý desgalar döredildi.

Günbatar Ýewropada söwdanyň we tehnikanyň ösmegi netijesinde hemme öz kapitalyny köpeltmäge başlady. Meselem, şäherdäki iň baý dokmaçy ýa-da söwdagär dürli ýollar bilen hünärment dokmaçylary krizise duş edýärler. Şondan soň olaryň ýüplerini, boýaglaryny, dokma enjamlaryny arzan bahada satyn alyp, özüni işe teklip edýärdi. Bir sany uly binanyň içinde ençeme hünärmentler ýygnalyp, olaryň her biri bir iş, meselem, kimdir matany dokamak, başgasy ony boýamak ýaly işler bilen meşgullanýardy. Bu zähmet öndürijiligini artdyryp, önümiň hilini gowulandyrdy. Önümçilikde maşynlar entek ulanylmaýan uly kärhanalara **manufaktura** diýip atlandyrylýar. **Manufaktura** — el zähmeti esasynda taýýarlanan önüm diýen manyny aňladýardy.

Manufakturada öndürilen taýýar önümiň hemmesi onuň eýesine degişli bolýardy. Ol önümini bazarda satyp, peýdanyň bir bölegini hakyna tutma işçilere iş haky görnüşinde berýärdi. Şeýlelikde Günbatar Ýewropada **kapitalistik gatnaşyklar** şekillenip başlady. Kapitalistik gatnaşyklaryň şekillenmegi bazar şertinde ownuk haryt önümçiliginiň ösmeginiň kanuny netijesi boldy. Ol ýuwaş-ýuwaşdan orta asyryň feodal gatnaşyklaryny gysyp çykardy.

Täze jemgyýetiň adamlary. Kapitalistik gatnaşyklary tiz ösen Günbatar Ýewropa döwletlerinde adamlaryň täze tipi — **telekeçiler** peýda boldy. Telekeçiler kimlerdi? Telekeçiler öz şahsy üstünligini gazanmak üçin her bir işe, çärä taýýar bolan ussat şahsdy. Köne galypdan çykyp aksionerlik kompaniýasyna agza bolan söwdagär, öz sehini terk edip manufaktura giren hünärment, oba jemgyýetiniň düzüminden çykan we ýerini feodaldan kärendesine alyp fermere aýlanan agşamky daýhan telekeçi bolmagy mümkindi. Bu telekeçileriň hemmesi hakyna tutma zähmetden peýdalanýardy, bazarda bäsdeşlik edýärdi we kapital ýygnaýardy. Şeýlelikde jemgyýetiň täze gatlagy — **buržuaziýa** peýda boldy.

Baýap giden buržuaziýanyň wekilleri köne baýlar ýaly geýnip, özlerine beýik öýler gurduryp başlady. Olar özleriniň ýaşaýan çäkleri arassa we abat etdi, netijede orta asyrlardaky mergi, epidemiýa ýaly ýokanç keseller aýrylyp, ilat tiz köpeldi. Baý buržuaziýanyň wekilleri köne asylzadalar bilen guda bolup, özlerine ýokary mertebe we emeller satyn aldy. Buržuaziýanyň bu gatlagyna **täze asylzadalar** diýip atlandyryldy. Olar ruhy taýdan telekeçilige ýakynlygy bilen köne asylzadalardan tapawutlanýardy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

XV asyrda döwrebap görnüşli ilkinji bank — Genuýada Keramatly Georgiý banky peýda boldy.

Bazarlarda önümiň köpelmegi netijesinde ony öndürýän we satýanlaryň arasynda bäsdeşlik peýda boldy.

Emma täzeçe durmuşda hemme hem öz ornuny tapyp bilmedi. Maýyplaryň we ýetimleriň ýagdaýy öňküden hem agyrlaşdy. Tiz wagtda müňlerçe işsizler hem olaryň hataryna gelip goşuldy. Olaryň bir bölegi manufakturalara we fermerleriň ýerlerine işe bardylar. Şeýlelikde täze jemgyýetde hakyna tutup işleýän ýene bir gatlak — **işçiler** peýda boldy.

Hojalyk alyp barmagyň täze görnüşi we täzeçe durmuş derejesi dürli gatlak wekillerini biri-birine ýakynlaşdyrdy. Indi olar biri-birinden öňküsi ýaly hukuk we borçlar bilen däl-de, kapitalynyň bar ýa-da ýoklugy, girdeji derejesi bilen tapawutlanýar. Adamlar biri-birinden kapitalynyň barlygy we girdeji derejesine garap tapawutlanýan jemgyýete **synpy jemgyýet** diýip atlandyrylýar.

Ýer-mülkünden, öýi we zähmet gurallaryndan mahrum bolan, öz islegi bilen kapitaliste işe barýan we zähmeti üçin iş haky alýan adamlar **hakyna tutma işçiler** — **proletariat synpyna** birleşdiler.

Şeýlelikde Günbatar Ýewropada jemgyýetiň gatlakly bölünişi ýatyrylyp, täze, synpy bölüniş emele geldi we döwrebap siwilizasiýanyň esasy taraplary emele gelip başlady.

Täze döwürde Ýewropanyň şäherleri. Şäherleriň ösmegi hemişe olaryň geografik ýerleşişine bagly bolupdyr . Ýewropalylar tarapyndan Hindistana we Amerika deňiz ýollarynyň açylmagy möhüm söwda ýollarynyň ugruny üýtgedip, birnäçe şäherleriň tiz ösmegine getirdi. Ilki bilen Portugaliýanyň Lissabon we Ispaniýanyň Sewilýa şäherleri tiz ösdi. Bu şäherlere Hindistandan harytlar, Amerikadan gymmatbaha metallar örän köp getirilýärdi. Täze söwda ýollaryndan çetde galan Italiýanyň şäherleri, tersine, özleriniň öňki ähmiýetini ýitirdi.

- Manufaktura — ...
- XVI asyryň ikinji ýarymyndan ...
- Täze aristokratlar — bu ...

XVI asyryň ikinji ýarymyndan Ýewropanyň söwda serhetleri Demirgazyk deňiz kenarlaryna göçdi. Bu ýerde esasy söwda merkezi Niderlandiýa

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

korollygynyň **Antwerpen** şäheri bolup galdy. Emma Antwerpen hem tiz öz abraýyny ýitirdi. Angliýanyň tiz ykdysady ösüşi onuň paýtagty London şäherini Ýewropanyň esasy söwda merkezine öwürdi. Temza derýasynyň kenarynda ýerleşen **London** örän tiz ösdi, şäherde täze portlar, işçiler üçin köp etažly öýler, söwda merkezleri we dynç alyş mesgenleri peýda boldy.

Orta asyrlarda Ýewropanyň iň iri şäherine öwrülen **Parižhem** ösüşde dowam etdi. Ol Günbatar Ýewropadaky iň uly merkezleşen döwlet — Fransiýanyň paýtagtyna aýlandy. Emma XVI asyrdaky dini uruşlar we mergi epidemiýasynda on müňlerçe parižliler wepat boldy, şäheriň ösmegi haýallaşdy.

Täze döwürde ylym, tehnika we senagatyň ösmegi Günbatar Ýewropa döwletleriniň sosial-ykdysady keşbini üýtgedip goýberdi. Täzeçe ykdysady we kapitalistik gatnaşyklar emele geldi. Täze jemgyýetiň esasy synplary — kapitalist we proletariat peýda boldy. Esasy gymmatlygy ynsan azatlygy we deňligi bolan täze, industrial siwilizasiýa emele gelip başlady.

Kapital — bu mülk, hakyna tutma zähmetden peýdalanyp, goşmaça girdeji almak serişdesi.

Gildiýa — bu öz agzalarynyň peýdalaryny goramak üçin düzülen söwdagärler we hünärmentleriň birleşmesi.

Proletariat — bu önümçilik guralyndan we serişdesinden mahrum bolan hakyna tutma işçi.

1. Birža we banklar Ýewropada söwda-senagatyň ösmeginde nähili möhüm orun eýeleýär?
2. XVI asyryň ikinji ýarymyndan başlap söwda serhetleri Ýewropanyň haýsy çäklerine göçdi we näme üçin?
3. Günbatar Ýewropada kapitalistik gatnaşyklar nähili görnüşde şekillenip başlady?
4. Döwrebap görnüşdäki ilkinji bank haçan we haýsy çäkde emele geldi?

Internet bilen işlemäge degişli ýumuş

Internetden «Täze döwrüň başlarynda Günbatar Ýewropa döwletlerinde jemgyýetiň sosial-ykdysady durmuşy» temasyna degişli suratlary gözläp tapyň we suratly klaster düzüň.

Temanyň tekstinde gara reňk bilen berlen adalgalary goşmaça edebiýatlardan özbaşdak gözläp tapyň we manysyny has-da çuň özleşdirip, depderiňize ýazyň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3-nji tema: ÝEWROPADA REFORMASIÝA

Reformasiýa döwründe Ýewropa jemgyýeti. Orta asyrlarda din Günbatar Ýewropa jemgyýetiniň durmuşynda güýçli täsire eýedi. Emma döwrüň ahyryna gelip, adamlaryň arasynda bar bolan dini tertiplerden närazylyk güýçlendi. Indi buthana tertipleri ençeme ýewropalylary kanagatlandyrmaýan boldy. Buthana däpleri latyn dilinde geçirilip, bu dil ýönekeý adamlar üçin düşnüksizdi. Şeýlelikde, olar hristianlaryň mukaddes kitaby — Injili hem düşünmeýärdi. Güzeran geçirmek agyr bolan Täze döwrüň başlarynda daýhanlar we şäherli garyp pukaralar kynçylyk bilen işläp tapan hem-de maşgalasyny eklemäge zordan ýetýän pullarynyň bir bölegini buthana ruhanylaryna bermegi islemeýärdi. Ruhanylaryň gymmatbaha geýimleri we bezegleri, buthanany bezemekde ulanylýan heýkel hem-de suratlar puluň gadryny bilýän tygşytly telekeçileriň gaharyny getirýärdi. Ruhanylaryň ýygnan örän uly baýlyklarynyň bir bölegini **indulgensiýalar** — günälerini geçirmek barasynda Rim papasynyň ýörite ýarlygyny satmakdan düşýän pullar düzýärdi. Pully adamlar, hat-da entek etmedik günäleri üçin hem indulgensiýalar satyn alýardy. Papa we kardinallar dürli hile we mekirlikler bilen Ýewropa döwletleriniň içki işlerine aralaşýardy, mundan bolsa hökümdarlar hem närazy bolýardy.

Reformasiýanyň başlanmagy. Jemgyýetdäki umumy närazylyk şertinde Günbatar Ýewropada hristianlyk buthanasyny reforma etmek üçin hereket başlanyp, bu hadysa ***Reformasiýa (reforma)*** diýip atlandyryldy. Täze döwrüň başlarynda dagynyk knýazlyklardan ybarat bolan Germaniýanyň içki işlerinde esasy rola katolik buthanasy dawagärlik edýärdi. Germaniýada örän uly ýerler, hat-da bütin bir şäherler hem katolik buthanasyna garaşlydy. Indulgensiýa satýan ruhanylar we buthana salgytlaryny ýygnaýanlar Germaniýanyň hemme ýerinde gezip ýörýärdi.

Orta asyrlarda katolik buthanasy haýsy faktorlar sebäpli özüniň gudratyny gazanandy?

Reformasiýa **1517-nji ýylda** Germaniýanyň Wittenberg uniwersitetiniň teologiýa ylmynyň professory Martin Lýutering **«95 tezisler»** diýip atlandyrylýan indulgensiýalara garşy çagyryşy bilen başlandy. Aslynda diňe ylmy çekişme üçin niýetlenen şu tezisler latynçadan nemes diline terjime edilip, ähli

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

XVI asyrda Ýewropada Reformasiýa

Germaniýany heýjana saldy. M. Lýuteringiň bu etmişi Rim papasynyň gaharyny getirdi. Ol M. Lýuteri Worms şäheriniň suduna çagyrdy. Papa M. Lýuterden öz taglymlaryndan geçmegi talap etdi, emma ol papa boýun egmekden we indulgensiýalaryň satylmagyny makullamakdan boýun towlap, sudda açyk söz sözledi. M. Lýuteriň suddaky sözlän sözi halky tolkunlandyryp goýberdi. Onuň tarapdarlary öz sekta (dini topar)syny we buthanany düzdüler. Olar **lýuteranlar** diýip atlandyryldy.

Martin Lýuter

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýewropada **Reformasiýa** — katolik buthanany reforma etmek hadysasy şeýle başlandy.

Daýhanlar urşy. Ýewropada däbe öwrülen jemgyýetiň krizisi we kapitalistik gatnaşyklaryň ösmegi asylzadalar we knýazlarda öz girdejisini artdyrmak islegini güýçlendirdi. Olar köpçülik ýerleri eýeläp alyp, daýhanlaryň ülşüni gysgartdy, natural we pul ýygymlaryny, daýhanlaryň işläp bermek borçnamalaryny artdyrdy. Amerikadan galla we kümüşiň akyp gelmegi netijesinde bolup geçen nyrh ynkylabyndan hem, ilki bilen, Ýewropa daýhanlary ezýet çekdi. Daýhanlaryň agyr ýagdaýy olary gozgalaň götermäge mejbur etdi.

Daýhanlar gozgalaňy **1524-nji ýylyň** ýazynda Germaniýada başlandy. **Halk Reformasiýasy** diýip atlandyrylan bu gozgalaňa ruhany **Tomas Mýunser** ýolbaşçylyk etdi. Gozgalaň tiz wagtda bütin Germaniýany gurşap aldy we **Beýik daýhanlar urşy** diýen at aldy. Onda on müňlerçe daýhanlar gatnaşdy. Bir ýyldan gowrak dowam eden gozgalaň 1526-njy ýylyň başynda ýeňlişe sezewar boldy. Onuň ençeme gatnaşyjylary berk jezalandy, T. Mýunser öldürildi.

- Lýuteranlar — bu ...
- Reformasiýa — bu ...
- «95 tezisler»iň mazmuny-ähmiýeti — bu ...

Şondan soň reýhstag (parlament)de köpçülik bolan katolikler Reformasiýanyň üstünliklerini inkär etmek başlangyjy bilen çykdy. M. Lýuterniň tarapdarlary bolsa muňa närazylyk bildirdi. Şol wagtdan başlap olar **protestantlar** (*protest* — närazylyk) diýip atlandyrylyp başlandy.

Kalýunizm we Reformasiýanyň Ýewropa dargamagy. Reformasiýa bütin Ýewropa boýunça dargady. Protestantlygyň täze akymlary peýda boldy. Olardan birine Ženewa şäherinde fransuz **Jan Kalwin** esas saldy.

«Doga oka we işle!» diýen şygar J. Kalwiniň taglymynyň esasy boldy. Bu şygar baýlyk artdyrmagy esasy maksat eden täze asylzadalara we buržuaziýa makul boldy. Olar J. Kalwini goldadylar.

Reformasiýa Ýewropada katolik buthanasynyň ýeke hökümdarlygyny çäklendirdi. Reformasiýa garşy göreşiň güýçlenmegine seretmezden, birnäçe Ýewropa döwletleri Rim papasyna boýun egmän goýdy. Protestantlyk döwletlerinde korollyk häkimiýeti güýçlenip, çäksiz garaşsyzlyga eýe boldy. Köpçülik döwletlerde milli buthanalar guruldy. Protestantlygyň Injili özbaşdak okamak, Hudaýyň öňünde şahsy jogapkärçilik duýgusy ýaly özboluşly has

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

taraplary ilatyň arasynda **indiwidualizm**iň ösmegine kömekleşdi. Injili özbaşdak okamak zerurlygy adamlary sowatly bolmaga çagyrdy, protestantlyk döwletlerinde sowatly bolmagyň artmagy üçin möhüm faktor boldy.

Reformasiýa netijesinde peýda bolan protestantlyk bütin Ýewropa dargady we hristianlygyň täze taglymlary hem-de täze buthanalaryň şekillenmegine alyp geldi.

Ignatiý Loýola Rim papasynyň huzurynda

Reformasiýa garşy göreş (kontrreformasiýa). Katolik buthana Galkynyş we Reformasiýada öz keşbini tapan dini närazylyk bilen ylalaşyp bilmeýärdi, ylalaşmagy hem islemeýärdi. Şu sebäpli Reformasiýa garşy göreşmek üçin Rim papasy 1540-njy ýylda **«Isa jemgyýeti»** ýa-da iýezuitler (***«Iýezus»*** — Iisus, Isa) ordenini yglan etdi. Iýezuitleriň öňüne «azaşan alamany buthana gaýtarmak» wezipesi goýuldy. «Isa jemgyýeti»niň esasçysy ispan asylzadasy **Ignatiý Loýola** boldy. Reformasiýa sebäpli birnäçe Ýewropa döwletlerinde hökümdarlygy elden beren Rim papasy bar güýji bilen öz abraýyny diklemäge ymtyldy. Syýasy taýdan dagynyk bolan Italiýa Papanyň ýolbaşçylyk edýän katolik reaksiýasynyň ähli elhençliklerini duýdy. Papa dinden gaýdanlary jezalamagy inkwizisiýa suduna tabşyrdy. Dinden gaýdanlar sud hökmüne göra oda ýakyldy.

1524-nji ýylda Germaniýada daýhanlar gozgalaňy başlandy. Halk Reformasiýasy diýip atlandyrylan bu gozgalaňa ruhany Tomas Mýunser ýolbaşçylyk etdi.

Rim papasy 1540-njy ýylda Reformasiýa garşy göreşmek üçin «Isa jemgyýeti» ýa-da iýezuitler («Iýezus» — Iisus, Isa) ordenini yglan etdi.

Katolik buthanasy öňdebaryjy ylma we filosofiki pikire garşy göreşdi. Ýakyp goýberilmegi zerur bolan, gadagan edilen kitaplaryň spisogy yglan edildi. Katolik buthana tarapyndan protestantlara garşy ulanylan ähli çäreler taryhda **kontrreformasiýa** adyny aldy.

XVI asyrdaky kontrreformasiýa hadysasynda Günbatar Ýewropa katolik we protestant bölümlere bölünip gitdi. Germaniýa, Fransiýa ýaly döwletleriň ilaty biri-birine duşman iki dini sekta bölünip, biri-birine garşy uruşlar alyp bardy. Bu uruşlarda on müňlerçe adamlar heläk boldy. Emma Reformasiýa garşy göreşiň doly ýeňiş gazanmagy mümkin däldi. Ahyr soňunda, bu döwürde Ýewropada

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ylmyň we medeniýetiň ösüşi, kapitalistik gatnaşyklaryň ornaşmagy, adamlaryň erkinlige we garaşsyzlyga tarap ymtylmagy katolik buthanasynyň esaslaryny weýran etdi. **Reformasiýa** — bu katolik buthananyň krizis döwri boldy.

- Protestantlar — bu ...
- Indiwidualizm — bu ...
- Kalwinizm — bu ...
- Kontrreformasiýa — bu ...

Reformasiýa taryhda çuňňur yz galdyrdy, Ýewropa jemgyýetiniň ruhy, syýasy we ykdysady harakterini üýtgedip goýberdi. Reformasiýa netijesinde milli buthanalar peýda boldy, dünýewi häkimiýet pugtalandy, milletleriň şekillenmegi we milli döwletleriň ösmegi üçin şert döredildi. Reformasiýa industrial siwilizasiýanyň ornaşdyrylmagyny tizleşdirdi, şahsyň erkinligine we başyny başlamagyna giň ýol açylyp, demokratik gymmatlyklar emele geldi.

1. Ýewropada Reformasiýanyň başlanmagyna nähili faktorlar sebäp boldy?
2. Germaniýany gurşap alan **Beýik daýhanlar urşunyň** esasy sebäpleri nämelerden ybaratdy?
3. Kalwinizm protestantlyk dini taglymy hökmünde haýsy taraplary bilen köpçüligi özüne çekip bildi?
4. «Isa jemgyýeti» ýa-da iýezuitler ordenineň öz öňunde goýan maksady nämelerden ybaratdy?
5. «Doga oka we işle!» şygary orta asyrlarda Orta Aziýadaky haýsy ynamyň tarapdarlaryna laýyklygyny tapyň. Mysallar getiriň.

Karta bilen işlemäge degişli ýumuş

Kartadan peýdalanyp, Günbatar Ýewropada Reformasiýa bolup geçen çäkleri anyklaň.

Temanyň tekstinde gara reňkde berlen adalgalary goşmaça edebiýatlardan tapyň we mazmunyny düşündirip, depderiňize ýazyň.

4-nji tema: GÜNBATAR ÝEWROPADA TÄZE DÖWÜR MEDENIÝETINIŇ ŞEKILLENMEGI

Galkynyş döwrüniň medeniýeti. Täze döwrüň başlarynda Ýewropanyň ençeme döwletleri görülmedik derejede medeni ösüşi başyndan geçirdi. Ylmyň ösüşindäki üstünlikler adamlaryň älem hakyndaky düşünjelerini üýtgedip goý-

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

berdi, medeni aragatnaşyklary giňeltmäge mümkinçilik berýän täze yşyklar açyldy. Ylym we sungatda uly özgerişler bolup geçdi. Alymlar, döredijiler ideal we nusga gözläp Antik döwrüň medeniýetine ýüz tutdular.

Öňki döwürlerde ylmyň we edebiýatyň dili bolan latyn diliniň ornuna italýan, ispan, fransuz ýaly halk dilleri ösdi. XVI asyrda ýaşap geçen fransuz şahyry bu hadysany öz şygrynda şeýle beýan edýär:

Men geçmişi öwrenip, özlügime ýol tapdym,
Sözüm boldy tertipli, gürrüňim köp manyly.
Men şygyrdan tertip sazdan hem lezzet aldym,
Rimli hem grek ýaly beýik fransuz boldum.

Şeýlelikde, XIV asyra gelip, öňki döwürlerde ýatdan çykarylyp goýberilen antik medeniýet gaýtadan diklenip başlady we bu hadysa **Renessans — Galkynyş** adyny aldy. Galkynyş Täze döwrüň bosagasynda duran jemgyýetiň ruhy täzelenmeginde uly rol oýnady. Ynsanyň bu dünýädäki öz ornuny gaýtadan aňmagy, tagdyryň berenine garaşmazdan, aktiw dörediji bolup ýaşamak duýgusy täze industrial siwilizasiýanyň şekillenmeginde esasy faktorlardan biri boldy.

Gumanizm. Galkynyş döwründe ynsany gatnaşyklarda beýik öwrülişik bolup geçdi. Adamlar durmuşyň şatlykly günlerini gadyrlamagy öwrendi, tebigata, jemgyýete, ynsana täzeçe garaýan boldular. Gurşap duran äleme ylahy däl-de, eýsem dünýewi, ynsany garaýyş tarapdarlary **gumanist** (*humanus* — ynsany) diýip atlandyryldy. Gumanistler ynsan hakyndaky orta asyrçylyk düşünjelerini inkär etdi, olar her bir şahsyň täsinligi we gadryny görkezmäge hereket etdiler. Bilim we erkin pikir özüne ýol açdy. Orta asyrlardaky gadagan etmeler we çäklendirmelerden soň ylym we sungat dini girdapdan çykdy.

Gumanistler ilki bilen buthana tarapyndan yzarlandy, olaryň eserleri ýakyp goýberildi. Emma XVI asyra gelip ençeme ruhanylar we hat-da Rim papalary hem gumanizm taglymlary bilen gyzyklanyp, gumanistlere öz pikirlerini erkin beýan etmäge mümkinçilik berdiler.

Gumanizm XIV asyryň ortalarynda ilki bilen Italiýada peýda boldy. Soňra başga döwletlerde hem italýan gumanistleriniň yzdaşlary we tarapdarlary köpeldi.

Tomas Mor

Angliýada olaryň taglymlary dana syýasatçy we korolyň birinji weziri **Tomas Mora** (1478—1535) güýçli täsir etdi. Ol öz eserinde ideal döwlet nusgasyny

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Uilýam Şekspir

döredip, ony «Utopiýa» diýip atlandyrdy. Utopiýa «bar bolmadyk ýer» diýen manyny aňladýardy. Şondan beýläk hyýaly, hakykatda bolmadyk adalatly jemgyýet hakyndaky eserler we olarda öňe sürlen taglymlary «utopiýa» diýip atlandyrdylar.

Edebiýat we sungat. Galkynyş döwrüniň edebiýaty we sungatynda öz döwrüniň beýik adamlary döredijilik etdiler. Sahy tebigat olaryň her birine köp taraply seýrek ukyp eçilipdi. Beýle seýrek ukyp eýelerinden biri **Uilýam Şekspir** (1564—1616) bolan.

Ol: «Ynsan — tebigatyň ajaýyp täsinligidir», diýip hasaplaýardy. Şekspir teatra mähir goýdy. Hem aktýor, hem dramaturg hökmünde döredijilik edýär. Ol ynsanlary gurşaýan älemi sahna, adamlary bolsa aktýorlar diýip göz öňüne getirýärdi. Şekspir gejekki nesillere «Otello», «Gamlet», «Korol Lir» hem-de «Romeo we Žuletta» ýaly meşhur eserlerini miras galdyrdy.

Migel de Serwantes

Bu döwür edebiýatynyň ýene bir görnükli wekili, ispan ýazyjysy **Migel de Serwantesdir** (1547—1616). Onuň meşhur «Don Kihot» eseriniň gahrymany — jahankeşde Don Kihot adalatsyzlyk älemindäki soňky asylly rysardyr. Töweregindäki adalatsyzlyklar onuň päk kalbyny gazaba doldurdy. Ol hakyky rysar ýaly horlananlary goramaga atlanýar.

«Mona Liza»

Şekillendiriş sungaty. Galkynyş döwri medeniýetiniň ýene bir beýik wekili italiýaly **Leonardo da Winçi** (1452—1519) di. Ol bir wagtyň özünde hem suratkeş, hem şahyr, hem binagär, hem heýkeltaraş, hem sazanda, hem oýlap tapyjy alymdy. Leonardo surat çekmek sungatyny «sungatlaryň melikesi» diýip atlandyrypdyr.

Leonardanyň eserleriniň gahrymanlary hudaýlar we keramatlylar däl-de, eýsem ýönekeý adamlardy. Onuň iň meşhur eserlerinden biri — «Mona Liza» («Jokonda»).

Eserde Mona Liza tomaşaçylara dik bakyp duryar, dodaklarynda duýular-duýulmaz ýylgyryş, «ol şeýle bir ýakymly, hatda suraty görüp ynsanylykdan görä

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

köpräk ylahy azyk alýarsyň...», diýip şol döwrüň taryhçylaryndan biri ýazypdyr. Bu döwrüň beýik suratkeşlerinden ýene biri italiýaly **Rafael Santi** (1483—1520) di. Ol dine 37 ýyl ýaşady. Emma şu gysga döwrüň içinde öz adyny eserlerinde müdimilik galdyrmagy başardy. Onuň döreden eserleriniň içinde «Sikstin madonnasy» iň meşhurydyr. Onda aýakýalaňaç Bibi Meryem göýä bulutlary basmadyk ýaly, ýuwaşjadan olaryň üstünden uçup ýöreýän ýaly öz ykbalyna garşy çykýar. Entek gödek Isanyň garaýşy ulularyňky ýalydy. Ol göýä gelejekdäki azaplaryny we ölümini öňünden duýýan ýalydy. Enaniň garaýyşlarynda hem gaýgy we alada bardy. Ol öňünden näme boljakdygyny bilýärdi. Şoňa seretmezden, oglunyň durmuşynyň öwezine Hak ýollary açylýan adamlara tarap öňe barýar.

«Sikstin madonnasy»

Ýene bir meşhur suratkeş **Rembrandt** (1606—1669) döreden eserleriniň içinde iň meşhury «Azaşan ogulyň dolanyşy» suratydy. Injilde maşgalasyny taşlap gidip, uzak wagtlap entäp gezen, ähli baýlyklary gutarandan soň, yzyna dolanan ogluny atasy bagyşlaýar we öýüne kabul edýär.

«Adaşgan ogulyň dolanyşy»

Rembrandt öz eserinde ata we ogluň duşuşýan wagtyny suratlandyrypdyr. Azaşan ogul öýüň bosagasynda dyz çöküp dur. Ýyrtylan geýim we saçsyz başy geçen ömür külpetlerine şaýatlyk edýär. Garrap kör bolup galan atanyň barmaklary oglunyň egnine degýär. El hereketi bu dünýäden eýýäm umydyny üzen adamyň aýdyň guwanjy we çäksiz söýgüsini añladýardy.

- Uilýam Şekspiriň işi — ...
- Renessans — bu ...
- Leonardo da Winçiniň işi — ...
- Utopiýa — bu ...

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

«Dawid»



Nikolaý Kopernik



Jordano Bruno



Galileo Galileý

Heýkeltaraşlyk. Bu döwrüň heýkeltaraşlary heýkeltaraşlygy sungatlaryň içinde birinjisi, ol ynsany, onuň gözelligini başga ähli sungat görnüşlerinden hormatlanýany diýip hasaplapdyrlar.

Olaryň iň meşhuri italiýaly **Mikelanjelo Buonarroti** (1475—1564) di. Ol özüniň ölmez-ýitmez eserleri bilen taryhda yz galdyrýar.

Senetkäriň döreden «Dawid» heýkeli onuň adyny ebedileşdirýär. Injil rowaýatlaryna görä, ýaş çopan ýigit Dawid äpet döwsypat Goliaf bilen söweşmegi ýüregine düwýär we ony daş bilen urup öldürýär.

Heýkeltaraş Mikelanjelo bolsa söweşmekçi bolup duran Dawidi şekillendirýär. Onuň ýüzi gazapdan doly. Bu heýkel özüniň beýikligi we gözelligi bilen şu wagta çenli döredilen ähli eserlerden ozýar.

Ylym. Ynsanyň daş-töwerege bolan gyzyklanmasy artyp barýar we bu Täze döwrüň esasy häsiýetlerinden biri bolup galdy. Bu döwürde alymlar ylymda meşhur açyşlary amala aşyrdy.

Beýik polýak astronomy **Nikolaý Kopernik** (1473—1543) 30 ýylyň dowamynda asman jisimlerine gözegçilik edýär, Ýeriň Günüň we öz okunyň daşyndan aýlanýandygyny subut edýär. Bu netije şol döwrüň ylmyndaky hakyky öwrülişikdi.

Italiýaly **Jordano Bruno** (1548—1600) älem ebedi bar, ol hiç wagtda ýok bolmaýar, diýen taglymy öňe sürdi, älemiň çäksizligi we ebediligi hakyndaky teoriýany döretdi. Buthana bu pikiri şübheli diýip bahalady we alymy oda ýakmaga höküm etdi.

Başga Italiýaly beýik alym **Galileo Galileý** (1564—1642) Kopernigiň taglymyny dowam etdirip, geliosentrik teoriýa esas saldy. Galileýiň bizi gurşaýan älemi aňlamaga goşan goşandy uly boldy. Ol ýewropaly alymlaryň arasynda birinji bolup asman jisimlerine teleskopyň kömeginde gözegçilik etdi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýewropa ylmynyň ösüşinde beýik iňlis alymy **Isaak Nýuton** (1643—1727)yň hyzmaty uly boldy. Nýuton mehanikanyň we astronomiýanyň nazary esaslaryny döretdi, bütin älem dartylma kanunyny esaslandyrdy, aýnaly teleskopy oýlap tapdy.

Isaak Nýuton

Ýene bir iňlis alymy **Jon Lokk** (1632—1704) bolsa filosofiýanyň ösmegine uly goşant goşdy. J. Lokkyň esasy goşandy bu, ol ynsanyň tebigy hukuklary: ýaşamak, azatlyk we eýeçilik hukuklary hakyndaky taglymy döretdi.

Ol, şeýle hem, «häkimiýeti bölmek» — ýerine ýetiriji häkimiýetini bölmek, ýagny kanun çykaryjy häkimiýetden aýyrmak hakyndaky taglymy hem öňe sürýär.

Jon Lokk

XVI—XVIII asyrlarda Ýewropada Täze döwür medeniýeti emele geldi. Sungat we ylym tiz ösdi. Angliýada buržuaz ynkylaby, Demirgazyk Amerikada garaşsyzlyk üçin göreş, fransuz ynkylaby hadysalarynda peýda bolan adamlaryň azatlygy we deňligi hakyndaky taglymlar köp wagtlar ençeme halklaryň göreşiniň mazmunyna öwrüldi.

?!

1. Uilýam Şekspiriň döredijiliginiň özboluşlylygy nämeden ybarat?
2. Leonardo da Winçi we Rafael Santiniň döredijiliginiň esasyny nähili taglymlar düzýär?
3. XVI—XVIII asyrlarda Ýewropada astronomiýa ylmy nähili üstünlikleri gazandy?
4. Jon Lokkyň taglymlary bu günki günde döwlet dolandyrylyşygynda nähili orun tutýar?

Täze döwür Ýewropa medeniýetiniň wekilleriniň işini dersligiň tekstiniň kömeginde analiz ediň we şu esasda reňkli klaster taýýarlaň.

Internediň kömeginde **Ýewropa Renessans medeniýeti döwrü**ne wirtual ekskursiýa gurnaň. Täsirleriňizi depderiňize tablisa görnüşinde ýazyň.

Italiýanyň Galkynyş döwrüniň wekillerine bagyşlanan «Miras» çeper filmini görüň we netije çykaryň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

II BAP. XVI—XVIII ASYRLARDA ÝEWROPA WE AMERIKA DÖWLETLERI

5-nji tema: ANGLIÝADA KOROL HÄKIMIÝETINIŇ GÜÝÇLENMEGI. XVII ASYRDAKY IŇLIS BURŽUAZ YNKYLABY

Korol häkimiýetiniň güýçlenmegi. Absolýutizm. Söwdanyň we senagatyň ösmegi Angliýada salgytlaryň girdejisini has artdyrdy. Indi döwletden aýlyk alýan emeldarlar we hemişelik armiýa korolyň her bir buýrugyny ýerine ýetirmäge taýýardy. Bu koroly baý asylzadalaryň täsirinden halas etdi. Netijede, korolyň çäklenmedik häkimiýeti barasyndaky taglym emele geldi. Şu taglym esasynda Günbatar Ýewropa döwletlerinde şekillenen häkimiýet **hakyky monarhiýa** ýa-da **absolýutizm** diýip atlandyryldy.

Angliýada «Erkinligiň beýik hartiýasy» diýip at alan resminama haçan kabul edildi?

Absolýutizm XVI asyrda emele geldi. Şu döwürde korol häkimiýeti güýçlenip, **Genrih VIII Týudor** diňe buthanany däl-de, eýsem taýpalaryň wekillerinden

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ybarat parlamenti hem özüne boýun egdirdi, käbir özbaşdak demirgazyk graflyklar we Uels hem korol häkimiýetini boýun aldy.

1558-nji ýylda häkimiýete gelýän **Ýelizaweta I** özüniň 45 ýyllyk hökümdarlygy döwründe Angliýanyň tiz ösmegi, dünýäniň öňdebaryjy döwletine aýlanmagyna uly goşant goşdy. Döwletde Reformasiýa öz ahyryna ýetdi. Döwlet gudratly boldy, hojalygy ösdürmekde we deňiz söwdasynda üstünlikleri gazandy. Angliýa ýuwaş-ýuwaş güýçli deňiz döwleti — «deňizler melikesi»ne öwrüldi.

Ýelizaweta I — Angliýanyň koroly

1603-nji ýylda Ýelizaweta I-iň ölümi bilen týudorlar dinastiýasy gutardy. Şondan soň Angliýanyň tagtyna stýuartlar dinastiýasyndan bolan **Ýakow I** oturdy. Stýuartlar şotlandiýalydy. Onuň döwründe absolýutizmiň krizisi güýçlendi, buržuaz ynkylaby üçin ykdysady, syýasy we taglymy esaslar emele geldi. Bularyň ählisi **1640-njy ýylda** başlanan Angliýa buržuaz ynkylabyna netije boldy.

Iňlis buržuaz ynkylaby döwründe. Täze, kapitalistik gatnaşyklara esaslanan tertipleriň ornaşdyrylmagynda iňlis buržuaz ynkylaby uly ähmiýete eýe boldy. Bu ynkylap diňe Angliýada däl-de, bütin Ýewropada kapitalistik gatnaşyklaryň hökümdar tertibe aýlanmagyny başlap berdi. Bu döwürde aktiw daşky syýasat netijesinde geljekki Britaniýa kolonial imperiýasynyň esaslary döredildi. Amerikadaky birinji koloniýa — Wirjiniýa esas salyndy. Ylymda Frensis Bekon, edebiýatda Uilýam Şekspir ýaly wekilleriniň atlary bütin dünýä meşhur boldy.

Ynkylabyň sebäpleri. Kapitalistik gatnaşyklaryň ösmegi we Reformasiýa netijesinde iňlis jemgyýetinde bölünişik bolup geçdi. Täze asylzadalar kapitalizmiň ösmeginden peýda görýän bolsa, korol we emeldarlar köne tertipleriň saklanyp galmagyny isleýärdi. Şeýle şertde stýuartlaryň täze korollyk dinastiýasy iňlis parlamentine we **puritanly** (kalwinistler Angliýada şeýle atlandyrylan) buthana garşy göreşe başladylar. Emele gelýän gapma-garşylyklar ynkylabyň esasy sebäbine öwrüldi.

- 1603-nji ýylda ...
- 1640-njy ýylda ...

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Iňlis buržuaz rewolýusiýasy

Korol bilen parlamentiň arasyndaky dawa Karl I döwründe has-da ýitileşdi. Korol parlamenti dargadyp goýberdi. Angliýada Karl I-iň şahsy hökümdarlygy ornadylyp, bu döwürde söwdagärler, täze dworýanlar, dindarlar döwlet işlerinden bütinleý çetledildi.

Ynkylabyň başlanmagy. 1640-njy ýylyň başyna gelip, hazyna boşap galdy. Döwletde ençeme açlar gozgalaňy, Londonda bolsa köçe tertipsizlikleri bolup geçdi. Şotlandiýa Angliýa garşy harby hereketlerini başlap goýberdi.

Şeýle şertde 1640-njy ýylda täze parlament işe başlaýar. Bu parlament uzak wagt dargadylmanlygy üçin **«Uzak möhletli parlament»** ady bilen taryha girdi. Bu ynkylabyň başlanmagydy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Uzak möhletli parlament birnäçe möhüm reformalary amala aşyrdy. Parlamentiň absolýutizme garşy gönükdirilen ilkinji kararlaryndan biri korol ministrleriniň suda çekilmegi boldy. Ençeme ýokary wezipeli emeldarlar, ýepiskoplar, sudýalar tussag edildi. Aslynda amala aşyrylan bu özgerişler, öz mazmunyna görä, Angliýa döwletiniň sistemasynda bolup geçen ynkylaby öwrülişikdi.

Korol bilen parlamentiň arasynda raýatlar urşy. Angliýa parlament bilen korol tarapdarlary bolan biri-birine duşman iki lagere bölündi. Parlamenti söwdagärler, telekeçiler we täze dworýanlar goldady. Köne tertipleriň tarapdarlarynyň ählisi — iri ýer eýeleri bolan asylzadalar we olara tabyn bolan daýhanlar, saraý emeldarlary, iňlis buthanasynyň korolynyň baýdagynyň astynda birleşdiler.

1643-nji ýylyň ahyryna gelip, döwletiň çäkleriniň dörtden üç bölegi korol hökümdarlygy astyndady. Parlament bolsa halky söweşe çagyrmaga gorkýardy. Emma tiz arada parlamentiň täze soýuzdaşy bolan Şotlandiýanyň armiýasy Angliýanyň çäklerine girip geldi. Şotlandlar bilen parlamentiň tarapdarlarynyň birleşen goşuny korolyň goşunynyň üstünden ýeňiş gazandy.

Oliwer Kromwel

Bu ýeňişde **Oliwer Kromweliň** ýolbaşçylygy astyndaky atly esgerler esasy rol oýnady. Korol we onuň yzyndan ähli armiýasy gaçyp gitdi. Bu uruşda parlament doly ýeňiş gazanýar.

Parlament reformasy. Korol armiýasynyň derbi-dagyn edilmegi parlamente möhüm özgertmeler etmek mümkinçiligini berdi. Asylzada ýer eýeleri tagtyň peýdasyna tölenýän feodal salgytlardan azat edildi. Ýer olaryň hususy mülküne öwrüldi. Söwdagärler indi söwda işlerinde rugsatnama almaýan boldy. Buthana parlamente boýun egdirildi, korolyň, onuň tarapdarlarynyň we ýepiskoplaryň ýerleri bolsa elinden alyndy.

1640-njy ýylda çagyrylan parlament uzak wagt dargadylmanlygy üçin «Uzak möhletli parlament» ady bilen taryha girdi.

1643-nji ýylyň ahyryna gelip, Angliýanyň çäginiň dörtden üç bölegi korolyň hökümdarlygy astyndady.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ynkylabyň ýatyrylmagy. Angliýanyň konstitusion monarhiýa öwrülmegi. Parlamentiň karary bilen Angliýada korollyk häkimiýeti we lordlar palatasy dargadyldy. **1649-njy ýylyň 19-njy maý** güni Angliýa respublika diýip yglan edildi.

Bu wagta gelip, O. Kromweliň ýolbaşçylygyndaky ynkylaby armiýa Irlandiýany boýun egdirmek üçin bu ýere basyp girdi. Basybalyjylyk hadysasynda Irlandiýanyň ilatynyň köp bölegi heläk boldy. O. Kromweliň ynkylaby armiýasy şeýlelikde basybalyjy armiýa öwrüldi. Bu armiýa Irlandiýadan soň Şotlandiýa hem basyp girdi. Aýgytly söweşlerden soň ýeňilen Şotlandiýanyň özbaşdaklygy ýatyrylýar. Şondan soň öňki parlament dargadyp goýberildi. Döwletde O. Kromweliň protektoraty (***protektor*** — arkadaýanç, goraýjy) ornaşdyryldy. Ýerine ýetiriji häkimiýet doly protektoryň eline geçdi.

1688-nji ýyldaky «Şöhratly ynkylap». Kromweliň ölüminden soň 1660-njy ýylda tagta gelen Karl II hökümdarlyga bolan dawasyndan geçmedi. Onuň mirasdüşeri Ýakow II bolsa katolik dinini gaýtadan dikeltemek üçin hereket edip başlady. Şondan soň 1688-nji ýylda parlament Ýakow II- ni tagtdan mahrum etdi we Angliýanyň tagtyna Gollandiýanyň hökümdary şazada Wilgelm wan Oranýeni teklip etdi. Ol parlamentiň göýan talaplary esasynda tagta oturdy. Şol döwürden başlap, iň möhüm meseleleri korol däl-de eýsem parlament çözýän boldy. Korol häkimiýeti parlament tarapyndan çäklendi. Şeýlelikde Angliýada **çäklenen ýa-da konstitusion monarhiýa** ornaşdyruldy. Bu Angliýanyň taryhynda **«Şöhratly ynkylap»** adyny aldy.

- 1643-nji ýylyň ahyry ...
- 1649-njy ýylyň 19-njy maýy ...
- Jon Lilberniň işi ...
- 1688-nji ýylda ...

Iňlis buržuaz ynkylabynyň netijeleri we taryhy ähmiýeti. Iňlis buržuaz ynkylaby absolýut monarhiýany ýok etdi. Ynkylap feodal eýeçiligine zarba berdi, emma gutarman galdy, çünki daýhanlary ýeriň doly eýelerine öwürmedi we olary feodal baknalykdan azat etmedi.

Şeýle bolsa-da, ynkylap Angliýada kapitalistik gatnaşyklaryň soňky ösüşinde möhüm ähmiýete eýe boldy. Bu ynkylabyň netijesinde oba hojalygynda hem kapitalistik gatnaşyklar tiz ösüp başlady, senagat öwrülişigi başlandy.

Jemgyýetde hem özgeriş boldy — senagat buržuaziýasy we işçiler synpy ösüp başlady.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

XVIII asyrda Angliýa. XVIII asyrda häkimiýet doly iki palata — lordlar palatasyna we jemgyýet palatasyndan ybarat parlamentiň eline geçdi.

1707-nji ýylda parlament Angliýa bilen Şotlandiýanyň arasyndaky uniýa (soýuzy)ny kanunylaşdyrdy. Indi döwlet **Beýik Britaniýa** diýip atlandyryp başlandy.

1714-nji ýylda Angliýanyň tagtynda duran oranýeler dinastiýasynyň ahyrky wekili wepat etdi. 1701-nji ýylda kabul edilen «Tagt mirasdüşerligi barasyndaky bill»e esaslanyp, parlament gannowarly nemes knýazlarynyň dinastiýasyndan, Yakow I-iň nesli Georg I-i Angliýanyň tagtyna teklip edýär. Gannowarlylar protestantlardy we iňlis tagtyny XVIII asyrdan başlap, tä XIX asyryň başlaryna çenli eýeläp durdular. Bütin XVIII asyryň dowamynda Beýik Britaniýa Fransiýa bilen bolan güýçli depginde bolan göreşler hadysasynda Demirgazyk Amerikany, Hindistany, Afrikadaky ençeme çäkleri eýeläp aldy we şeýlelikde Beýik Britaniýanyň kolonial imperiýasyna esas salyndy. Angliýa «deňizler hökümdary»na öwrüldi.

Döwletde hukuky döwlet, raýatlyk jemgyýeti emele gelip başlady. Iňlis buržuaz ynkylaby we onuň taglymlarý başga Ýewropanyň döwletleriniň ösüşine uly täsir etdi. Ynkylabyň yglan eden syýasy ugurlary we ornaşdyrylan ykdysady tertip täze industrial siwilizasiýa esas saldy.

Absolýutizm — bu döwleti dolandyrmak şekili. Onda monarh häkimiýeti düýbünden çäklendirilmedik.

Puritanlar — XVI asyryň ikinji ýarymynda kalwinizm esasynda Angliýada şekillenen hristian dininiň sektalaryndan biri.

Lordlar palatasy — Angliýanyň parlamentiniň ýokary palatasy.

Kromwel protektoraty — (***protektor*** — arkadaýanç, goraýjy) Angliýanyň buržuaz ynkylabynyň jemleýji basgançagy. Bu döwürde Angliýa, Şotlandiýa we Irlandiýa hökümdary — protektory Oliwer Kromwel bolan.

1. Absolýutizm Angliýanyň taryhynda haýsy asyrda emele geldi?
2. Angliýanyň taryhynda týudorlar dinastiýasynyň wekilleri nähili işleri amala aşyrdylar?
3. Angliýanyň buržuaz ynkylabynyň başlanmagynyň esasy sebäpleri nämelerden ybaratdy?
4. Angliýanyň taryhynda O. Kromwel nähili orun tutýar?

Döredijilik iş ýumşy

Temanyň tekstini «Insert» tablisasy esasynda analiz ediň we şu çäge degişli tekstdäki maglumatlary aýdyp beriň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Kartadan peýdalanyp, Iňlis buržuaz ynkylaby bolup geçen çäklerini anyklaň.

Internediň kömeginde Angliýanyň taryhynda týudorlar dinastiýasy döwründe amala aşyrylan sosial-ykdysady we syýasy hadysalary analiz ediň. Taryhy wakalary hronologik yzygiderlikde depderiňize ýazyň.

Tema degişli «Týudorlar» serialyny görüň we netije çykaryň.

6-njy tema: XVI—XVIII ASYRLARDA HALKARA GATNAŞYKLAR

Täze döwre gelip, Ýewropanyň syýasy kartasy häzirki görnüşe eýe bolup başlady. XVII—XVIII asyrlarda Ýewropa döwletleriniň dünýä eýeçilik etmek we çäkler üçin göreşleri soňky döwürler üçin möhüm ähmiýete eýe boldy. Ýewropa siwilizasiýasy dünýä jemgyýetçiliginiň ykdysady, tehnologik we harby-syýasy öňdebaryjysyna öwrüldi. Ýewropa siwilizasiýasynyň gymmatlyklaryny bütin dünýä ýaýratmak üçin uzak dowam eden göreş başlandy. Bu göreşiň dowamynda dünýä bazaryny emele getiren we öz koloniýalary hem-de ýarymkolonial döwletleriň halklaryny bu hadysalara çeken Ýewropa siwilizasiýasy ilkinji umumdünýä siwilizasiýasyna öwrüldi. Edil şu hadysalar XVI—XVIII asyrlardaky halkara gatnaşyklaryň hem mazmunyny düzdi.

Ýewropa halkara gatnaşyklary üçin orta asyrlarda bolup geçen «Ýüz ýyllyk uruş» nähili ähmiýet aňladýar?

XVI—XVIII asyrlardaky halkara dawa we uruşlaryň birnäçe sebäpleri bardy. Birinjiden, Ýewropanyň gelejegi barasynda iki dürli dünýägaraýyş bolup, Awstriýadaky hökümdar gabsburglar dinastiýasy katolik imperatoryň ýolbaşçylygynda ýeke-täk imperiýa bolmaly diýse, Angliýa we Fransiýa Ýewropada özbaşdak milli döwletler bolmagy gerek, diýip hasaplaýardy.

Ikinjiden, XVI asyrda Ýewropa katolik we protestant dini sektalara bölünip gidipdi. Olaryň arasyndaky dawalar Ýewropa çäklerindäki dini uruşlara getirdi.

Üçünjiden, ykdysady gapma-garşylyklar — koloniýalar, bazarlar we deňiz söwda ýollarynda hökümdarlyk etmek üçin göreş hem uruşlara sebäp boldy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

- XVII—XVIII asyrlarda Ýewropa döwletleriniň ...
- XVI—XVIII asyrlardaky halkara gatnaşyklaryň mazmuny — ...
- XVI asyrda ...

Bu döwürde baýlyk üçin hemişe biri-biri bilen çaknyşan döwletler Fransiýa, Ispaniýa we Angliýady. Aýratyn hem, biri-biri bilen serhetdeş bolan Fransiýa we Ispaniýanyň arasynda serhet çäkleri we goňşy döwletleriň, birinji nobatda, Italiýa täsir etmek üçin tiz-tiz çaknyşyklary bolup duryardy. Bu çaknyşyklar ahyr soňunda, Italiýanyň uruşlaryna alyp geldi. Urşuň netijesine görä, Italiýa ispan korolyna boýun egdirildi.

Halkara gatnaşyklaryň ýene bir möhüm faktory Ýewropa hemişelik howp salyp duran Osman imperiýasy boldy. Osman imperiýasy Aziýa we Afrikada örän uly çäkleri eýeläp alypdy. Türkler dogrudan-dogry Gabsburglar imperiýasynyň serhetlerine howp salyp başlady. Fransiýa we Angliýa bolsa Gabsburglaryň güýjüni peseltmek maksadynda Osman imperiýasy bilen gowy aragatnaşyklary ýola goýdy.

Otuz ýyllyk uruş. XVII asyryň başyna gelip, dini esasda başlanan halkara dawa katolikler bilen protestantlaryň arasynda deňagramlygy saklamaga hereket eden ençeme Ýewropa döwletlerini özüne çekdi. Uruş 1618—1648-nji ýyllary bolup geçdi we taryha **Otuz ýyllyk uruş** ady bilen girdi. Uruş nemes katolikleriniň we protestantlarynyň arasyndaky dini dawa görnüşinde başlandy. Uruş hereketleri, esasan, Germaniýanyň çäklerinde alyp baryldy we bütin Ýewropa halklaryna örän uly külpetler alyp geldi.

Otuz ýyllyk uruş 1648-nji ýylda Westfal ylalaşygy bilen gutardy. Westfal ylalaşygy Ýewropa döwletleriniň arasyndaky täze gatnaşyklara esas saldy. Ylalaşyga görä, Gollandiýa Ispaniýadan özbaşdak boldy.

Westfal ylalaşygy katolikler bilen protestantlaryň arasyndaky duşmanlyga çäk goýdy. Katolik we protestant buthanalarynyň deňligi boýun alyndy. Germaniýa dagynyk knýazlardan ybarat bolup galyberdi. Ýewropada Fransiýanyň roly artdy. Otuz ýyllyk uruş dini dawalary harby ýol bilen çözmäge hereket etmegiň netijesizdigini görkezdi. Şol wagtda, uruş halkara gatnaşyklarda möhüm serhet boldy we ilkinji Täze döwürde Ýewropanyň ösüşine özboluşly has nokat goýdy.

Ispaniýanyň tagty üçin göreş. 1700-nji ýylda Ispaniýanyň koroly Karl II aradan çykdy. Onuň wesýetine görä, Ispaniýanyň tagtyna Fransiýanyň korolynyň agtygy **Filipp Anjuý** oturdy. Mundan närazy bolan döwletler uruş başlady. Bu

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

uruş Fransiýany haldan taýdyrdy. 1714-nji ýyldaky parahatçylyk ylalaşygyna görä, Filipp Anjuý Fransiýa tagtyna bolan hukugyndan geçdi. Urşuň netijesinde fransuzlar hem, gabsburglar hem güýçsüzlenip galdy. Bu bolsa Angliýanyň güýçlenmegine getirdi.

XVIII asyrda Ýewropada bolup geçen möhüm dawalardan biri Russiýanyň Şwesiýa garşy alyp baran urşy boldy. **Demirgazyk uruş** (1700—1721) diýip at alan bu uruşda Russiýa ýeňiş gazandy.

Ýewropa döwletleriniň ählisi diýen ýaly gatnaşan **Ýedi ýyllyk uruş** (1756—1763) netijesinde Ýewropadaky serhetler üýtgemedi. Uruşdan iň köp peýdany Angliýa aldy. Hindistandaky we Demirgazyk Amerikadaky fransuz kolonialary Angliýa geçdi. Angliýa dünýäniň öňdebaryjy kolonial imperiýa öwrüldi.

Osman soltany Mustafa III 1768-nji ýylda Russiýa garşy uruş başlady. Uruş 1774-nji ýylda Kuçukkaýnarji şertnamasy bilen gutardy. Uruşda Russiýa imperiýasy ýeňiş gazandy. Şertnama görä, Krym hanlygy Russiýa bakna döwlete we soňra Russiýanyň düzümine goşup alyndy. Russiýa Gara deňizde harby flota eýe bolmak hukugyny hem ele girizdi.

Bu döwürde orta asyrlaryň Hytaý we Osmanlar imperiýasy ýaly gudratly döwletleri heniz harby taýdan güýçli bolsa-da, halkara gatnaşyklarda olaryň roly peselip başlady. Ýewropada kapitalizmiň ösmegi milletleriň şekillenmegine alyp geldi. Emma milli döwletleriň emele gelmek hadysasy aýgytly göreşler astynda amala aşyryldy.

Bu döwürde Ýewropa döwletleriniň arasyndaky deňiz ýollaryny eýelemek, Amerikada, Aziýada we Afrikada koloniýalara eýe bolmak üçin alyp barlan göreşler halkara gatnaşyklaryň esasyny düzdi. Bu göreşleriň netijesinde dünýä kolonial sistemasy emele geldi. Täze döwrüň iň masgaraçylykly hadysasy — gulçulyk söwdasy hem şu döwre mahsusdy.

1. XVI—XVIII asyrlardaky halkara dawa we uruşlaryň sebäpleri nämelerden ybaratdy?
2. Westfal parahatçylyk ylalaşygynyň mazmuny nämeden ybaratdy?
3. Ýewropa döwletleriniň ählisi diýen ýaly gatnaşan Ýedi ýyllyk urşuň mazmuny nämeden ybarat?
4. Kuçukkaýnarji şertnamasynyň mazmuny nämeden ybarat?

Döredijilikli iş ýumşy

Westfal parahatçylyk ylalaşygy we Kuçukkaýnarji şertnamasy hakyndaky maglumatlary tekstden tapyň we tablisanyň iki sütüninde analiz ediň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Internediň kömeginde Karl II we Filipp Anjuý işi bilen tanşyp çykyp, analiz ediň.

Kartadan peýdalanyp, XVII—XVIII asyrlardaky halkara gatnaşyklary analiz ediň.

7-nji tema: FRANSIÝADA ABSOLÝUT MONARHIÝA. BEÝIK FRANSUZ BURŽUAZ YNKYLABY

XVII asyrda Fransiýanyň ykdysady, sosial-syýasy ösüşi dawaly haraktere eýedi. Kapitalistik gatnaşyklaryň girip gelmegi netijesinde bolup geçen ykdysady ösüş, absolýutizmiň pugtalanmagy, salgytlaryň artmagy, halk köpçüliginiň ýagdaýynyň ýamanlaşmagy we hemişelik halk gozgalaňlary bilen goşulyp gitdi. Täze ykdysady gatnaşyklar, aýratyn hem, obada örän kynçylyk bilen özüne ýol açyp bardy.

XVI asyryň ahyry — XVII asyryň başlarynda Fransiýa tiz ykdysady ösüş döwrüni başyndan geçirýär. Muňa korolyň salgytlary kemeltmegi, manufakturalar üçin amatly maliýe şertini döretmegi, önümçilikde höweslendirýän paç salgytlaryny yglan etmegi, tehniki täzelikleri goldamagy arkaly gazanyldy. Korol bilen buržuaziýanyň arasyndaky soýuz pugtalanyp, halkyň närazylygy hem peseldi.

Içki bazaryň giňelmegi ilatyň ösüşine alyp geldi. Ynkylap döwründe Fransiýa ilatynyň sany boýunça Ýewropanyň iň uly döwletidi. Şu döwürde başlanan reformalaryň amala aşyrylman galmagy syýasy we ykdysady reformalaryň absolýutizm bilen ylalaşmandygyny görkezdi. Jemgyýetde sosial dawalar güýçlenip, döwlet ynkylap girdabyna gelip galdy.

Beýik fransuz buržuaz ynkylabynyň başlanmagy. 1789-njy ýylyň 5-nji maý güni korol Lýudowik XVI General ştatlar mejlisini açdy. Ol öz sözünde ilata täze salgytlar yglan etmegi sorady. Korolyň sözi üçünji gatlak wekilleriniň närazylygyna sebäp boldy. Parižiň ilaty hem deputatlardan aýgytly kararlar talap edip, Wersala tarap gelip başlady. Şondan soň üçünji gatlak deputatlary öz ýygnagyny Milli geňeş diýip yglan etdi. Birinji we ikinji gatlak deputatlaryndan reformanyň tarapdarlary bolanlar olara goşuldy. Milli geňeş absolýutizmi gutarmaga karar etdi.

Fransiýada General ştatlar haçan we nähili maksatda çagyrylypdy?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Üçünji gatlagyň garaýyşlarynyň esasçysy **Gabriel de Mirabo boldy**. Ol baý we meşhur maşgaladan çykan, tejribeli hem-de dana syýasat wekilidi. Mirabo üçünji gatlagy bilelikde çagyrdy.

Şu wagtda Milli geňeş özüni **Guraýjy mejlisi** diýip yglan etdi. Pariž gazetleri ynkylap birje damja gan hem dökülmezden gutardy, diýip ýazdylar. Emma Pariž arkaýyn däldi.

- Birinji gatlak — ruhanylar.
- Ikinji gatlak — dworýanlar.
- Üçünji gatlak — söwdagärler, hunärmentler, daýhanlar, buržuaziýa.

Bastiliýanyň alynmagy. Özgerişlerden närazy bolan alaman **1789-njy ýylyň 14-nji iýulynda** Bastiliýa galasyna çozup girdi. Galadaky goşunlar boýun egdi, gala komendanty (başlygy) öldürildi. Şeýlelikde ynkylap alamanyň rehimsiz terrory bilen başlandy. Lýudowik XVI gozgalaňçylara kömek bermäge karar etdi. Korol Guraýjy mejlisi boýun aldy. Paýtagtda häkimiýet şäher geňeşiniň — Pariž Kommunasynyň eline geçdi. Hökümdar gatlagyň bar bolan dawalary öz wagtynda çözüp bilmänlikleri üçin ynkylaba alyp geldi. Absolýut monarhiýa ýykyldy.

Buržuaziýa häkimiýetiň depesinde. Absolýutizmiň ýykylmagy bilen häkimiýet iri buržuaziýanyň eline geçdi, emma döwletde parahatçylyk ornadylmady. Bütin döwleti ynkylap we daýhanlar gozgalaňlary gurşap aldy. Guraýjy mejlis **«Ynsan we raýat hukuklary Deklarasiýasy»**ny kabul etdi. Ol söz we metbugat azatlyklary hem-de hususy mülküň dahylsyzlygy ýaly buržuaz hukuklaryny yglan etdi. Deklarasiýanyň ähmiýeti **«Azatlyk, Deňlik, Gardaşlyk!»** diýen üç sany sözde öz manysyny tapdy.

1791-nji ýylyň sentýabrynda Guraýjy mejlis Fransiýanyň taryhynda ilkinji konstitusiýany kabul etdi. Onda korol häkimiýeti çäklendi. Şeýlelikde Fransiýada iri buržuaziýanyň häkimiýeti ornadyldy we ynkylabyň birinji basgançagy gutardy.

Ynkylap hadysasynda fransuz jemgyýeti dürli syýasy akymlara bölünip gitdi. **Guraýjy mejlisiň deputatlaryndan korolyň tarapdarlary bolanlar saglar ýa-da roýalistler** (***roýal*** — korol) diýip atlandyryldy. Çep deputatlaryň köp-çüligi Jironda welaýatyndan saýlananlygy sebäpli olar **jirondaçylar** diýen at aldylar.

Şol bir wagtda ynkylap entek soňuna ýetmedik, orta we kiçi buržuaziýa häkimiýete gelmedik, daýhanlara ýer berilmedik, diýip hasaplaýanlar hem

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Fransuz buržuaz ynkylaby

köpçülikdi. Bu çep akym **ýakobinçileriň** (olar Keramatly Ýakop monastyrynyň kitaphanasynda ýygnalýanlygy üçin şeýle atlandyrylan) işinde öz beýanyny tapdy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

- 1789-njy ýylyň 5-nji maýy ...
- XVI asyryň ahyry — XVII asyryň başlarynda ...
- Lýudowik XVI işi ...
- Gabriel de Mirabo işi ...

Korolyň tagtdan agdarylmagy we respublikanyň yglan edilmegi. 1791-nji ýylda täze Kanun çykaryjy mejlis öz işini başlady. Ol uruşda ýeňiş gazanmak döwletde watanperwerlik duýgusyny güýçlendirýär we ynkylaby ýagdaýy çözýär, diýen pikir bilen Awstriýa garşy uruş yglan etdi. Fransuzlar Belgiýa goşun girizýär, muňa jogap hökmünde awstriýalylar we pruslar Fransiýa çozup girdi hem-de birnäçe galany eýeläp aldy. Fransiýa garşy urşa Angliýa hem goşuldy.

Şonda Kanun çykaryjy mejlis «Watan howp astynda!» diýen çagyryş bilen halka ýüzlenýär. Welmi obasynyň golaýyndaky söweşde fransuz goşunlary prus armiýasynyňi hüjümlerini gaýtardy. Bu döwleti basybalyjylardan azat etmegiň başlanyşydy. Şol gün, ýagny **1792-nji ýylyň 22-nji sentýabrynda** Konwent monarhiýasyny ýatyrmak we Fransiýada respublika gurluşyny ornatmak barasynda dekret kabul edildi.

Paýtagtda Milli gwardiýa we meýletinler leşgeri korolyň köşgüni gurşap aldy. Korol Lýudowik XVI maşgalasy bilen bile tussag edildi. Şeýlelikde ynkylabyň ikinji basgançagynda monarhiýa agdarylýar. Ençeme monarh gazetleri ýapyldy, öňki wezirler tussag sdildi. 25 ýaşa dolan ähli erkeklere saýlamak hukugy berildi.

1789-njy ýylyň 14-nji iýulynda Bastiliýa galasy eýelendi.

1791-nji ýylyň sentýabrynda Guraýjy mejlis Fransiýanyň taryhynda ilkinji konstitusiýany kabul etdi.

1792-nji ýylyň 22-nji sentýabrynda Fransiýada respublika gurluşyny ornatmak barasynda dekret kabul edildi.

Ýakobinçiler diktaturasynyň ornadylmagy we agdarylmagy. Konwentiň kararyna görä, 1793-nji ýylyň ýanwarynda korol Lýudowik XVI öldürildi. Korolyň öldürilmegi Angliýany we Ispaniýany Fransiýa garşy urşa çagyrdy. Awstriýanyň armiýasy hüjüme geçdi. Fransuz goşunlary ýeňlip başlady. Ýakobinçiler we ýönekeý halk munda jirondaçylary günäledi. Şol wagtda ýakobinçileriň abraýy artyp, Fransiýada häkimiýet ýakobinçilere we olaryň yolbaşçylaryna — Robespýere, Marada we Dantona geçdi. Olar rehimsiz terror hereketini ornatdy. Jirondaçy deputatlar öldürildi. Antiynkylapçylar bolsa

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

türmelerden şäheriň daşyna alyp çykylyp, atyp taşlandy. Ýakobinçileriň rehimsizligi çäksiz, aýawsyz we manysyzdy.

Konwentde Robespýer we onuň tarapdarlaryna garşy pitne taýýarlanýar. 1794-nji ýylyň 27-nji iýulynda Robespýer Konwentde el çarpyşmalar astynda tussag edilýär. Robespýer we onuň tarapdarlaryny kanundan daşary diýip yglan edildi, bu bolsa sud etmezden öldürmek diýlenidi. Jemi ýüze golaý adam öldürildi, olar esasan, Pariž Kommunasynyň agzalarydy. Kommuna ýatyryldy.

- 1793-nji ýylyň ýanwarynda ...
- 1794-nji ýylyň 27-nji iýulynda ...
- Robespýer, Marat, Danton işi — bu ...

Beýik fransuz buržuaz ynkylabynyň ýene bir basgançagy ynha şeýle gutardy. Halk mätäçlik, uruş we terrordan ýadady. Ýakobinçiler diktaturasy ýykyldy.

Ynkylap köne tertipleri ýok edip taşlady: feodal düzgünler we absolýutizm ýatyryldy; daýhanlar ýer aldy; Fransiýa respublika diýip yglan edildi. Hukuky döwlet we raýatlyk jemgyýetiniň şekillenmegi üçin esas salyndy. Buržuaz mülkçiligi ornadyldy we senagat öwrülişigi üçin şert döredildi.

Üçünji gatlak — Fransiýada ornadylan tertibe görä ýeňilliklere eýe bolan ruhanylar we dworýanlardan başga ähli adamlar.

Guraýjy mejlisi — konstitusiýany kabul etmek üçin ýygnalan parlament.

Kommuna — ýerli özüni özi dolandyryş organy.

Absolýutizm — döwleti dolandyrmak usuly. Onda çäklenmedik häkimiýet döwlet başlygy — monarha degişli.

1. Beýik fransuz buržuaz ynkylabynyň başlanmagynyň sebäpleri nämelerden ybarat?
2. Fransiýada «Ynsan we raýat hukuklary Deklarasiýasy»nda haýsy hukuklar kepillenendi?
3. Fransiýada «Watan howp astynda!» çagyryşy nähili maksatda we haýsy gurama tarapyndan taýýarlanypdyr?
4. Fransiýada ýakobinçiler diktaturasy näme sebäpden heläkçilige sezewar boldy?

Karta bilen işlemäge degişli ýumuş

Kartadan peýdalanyp, Fransiýa buržuaz ynkylabynyň bolup geçen çäklerini analiz ediň we iki sütünli tablisanyň birinjisinde çäkleri, ikinjisinde wakalaryny getiriň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Konseptual tablisa esasynda XVIII asyr Fransiýanyň ösüşindäki özboluşlylygy analiz ediň.

8-nji tema: BEÝIK FRANSUZ BURŽUAZ YNKYLABYNYŇ JEMLERI WE TARYHY ÄHMIÝETI

1795-nji ýyldaky halk gozgalaňy. Termidorçylar (fransuz kalendaryndaky termidor aýynyň 9-njy güni häkimiýete gelenler şeýle atlandyryldy) mülk we erkin telekeçiligi goraýan respublika tarapdarlarydy. Olar söwdadaky çäklemeleri inkär etdi. Söwda erkinligi başlandy, nyrhlar birnäçe esse göterilip gitdi, pul ýiti gadyrsyzlandy.

Fransiýa haýsy asyrdan başlap ýeke-täk merkezi häkimiýete boýun egdirildi?

Zähmetkeş halk aç galýan bolsa, «täze baýlar» geçip barýan wagty elden bermezlige we durmuş keýpini sürmäge çalyşýardy. Buržuaz jemgyýetiniň ýokary gatlagynda asylzadalar ahlagy gaýtadan emele gelip başlady.

Ynkylaby özgerişleriň döwri gutardy. Konwent deputatlaryny indi halkyň ýagdaýy gyzyklandyrmaýardy. Parižliler Konwentiň işine täsir görkezmäge hereket etdiler. Parižiň töwereginde närazylyk güýçlenip başlady. Ilatyň arasynda «Halk, oýan! Wagty geldi!», diýen şygarlar dargady.

Şeýlelikde **1795-nji ýylyň aprel** aýynda gozgalaň başlandy. Müňlerge ýaragsyz adamlar Konwente tarap geldiler. Agşamara baryp, Milli gwardiýa Konwenti gurşap alyp, halky kowup goýberdi. Pariž gabaw ýagdaýynda diýip yglan edildi. Maý aýynda bu wakalar ýene gaýtalanyp, gozgalaňçylar Konwenti eýeläp aldy. Adamlaryň akymy ähli binalary dolduryp goýberdi. Iki günüň dowamynda gazap ody güýçlendi. Ikinji günüň ahyryna gelip, gozgalaňçylar derbi-dagyn edildi we ýaragsyzlandyryldy, olaryň ýolbaşçylary — soňky ýakobinçiler gilotinada öldürildi. Köpleri tussag edildi, sürgün edildi. Bu gozgalaň Beýik fransuz ynkylaby döwründe ilatyň soňky köpçülikleýin çykyşydy.

1795-nji ýyldaky Konstitusiýa we Direktoriýa. 1795-nji ýylyň awgustynda Konwent täze Konstitusiýany kabul etdi, ol Fransiýada respublika sistemasyny pugtalandyrdy, emma umumy saýlamak hukugyny ýok etdi. Indi

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

kanunçylyk häkimiýeti iki palatadan — Bäş ýüzler geňeşi we Aksakallar geňeşinden ybarat bolan kanunçylyk palatasyna berildi. Ýerine ýetiriji häkimiýeti Aksakallar geňeşiniň saýlaýan bäş adamdan ybarat Direktoriýa tabşyryldy. Şonuň bilen bilelikde, 1795-nji ýyldaky Konstitusiýa ynkylabyň ähli antifeodal üstünlikleriň kanunylygyny tassyklady.

- 1795-nji ýylyň aprelinde ...
- 1795-nji ýylyň awgustynda ...
- «Halk, oýan! Wagt geldi!» — ...

Täze Konstitusiýa monarhiýanyň tarapdarlaryny güýçlendirip goýberdi. Olar Konwente garşy pitne göterdi. Artilleriýanyň kömeginde pitneçileri derbidagyn eden general Napoleon Bonapart Konwentiň halasgärine öwrüldi.

Napoleon Bonapart

Direktoriýanyň uruşlary. General Bonapart. Häkimiýete gelýän iri buržuaziýa özge ýurtlary basyp almakdan peýda görýärdi we Direktoriýa döwründäki Fransiýanyň uruşlary basybalyjylyk harakterine eýe boldy. Reýniň çep kenary we Belgiýa Fransiýa goşup alyndy, Gollandiýa bolsa tabyn respublika öwrüldi. Basyp alnan ýerlerde fransuzlar feodal tertipleri ýok etdi. Emma basyp alnan ýerler talandy, harby olja görnüşinde azyk önümleri we sungat eserleri ýüklenen kerwenler Pariže gelip duryardy.

Bu uruşlara ýolbaşçylyk eden Napoleon Bonapartyň döwletde abraýy örän belentdi. Aýratyn hem, Italiýa garşy edilen ýöriş we onuň boýun egdirilmegi Napoleony örän meşhur edip goýberdi. Basyp alnan ýerlerde Napoleon feodal tabynlygy ýok etdi, buthanalary we ybadathanalary käbir girdejilerden mahrum etdi, belli bir derejede ynsan hukuklaryny pugtalandyrýan täze kanunlary yglan etdi.

Napoleonyň ýeňişleri jemgyýetde armiýanyň abraýyny artdyrdy. Napoleon Italiýada özüni şeýle bir general däl-de, eýsem halkyň ykbalyna täsir edip bilýän beýik şahs hökmünde duýýardy. Soňra, 1798-nji ýylda Müsüre edilen ýöriş Napoleony syýasy häkimiýeti eýelemäge çagyrdy.

1795-nji ýylyň awgustynda Konwent Fransiýanyň täze Konstitusiýasyny kabul etdi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1798-nji ýylda Müsüre edilen ýöriş Napoleony syýasy häkimiýeti eýelemäge çagyrdy.

1799-njy ýylyň 9-njy noýabryndaky döwlet öwrülişigi. Direktoriýa häkimiýeti halk arasynda abraýa eýe däldi, «täze baýlar» hem Direktoriýany halamaýardy. Gazetler «Güýçli häkimiýet ornatmak!» talabyny baş sahypalarynda wagyz edip başlady. Şeýle şertde häkimiýete garşy pitne gurnaldy. Pitneçiler Müsürden gaýdan Napoleondan esasy güýç hökmünde peýdalanmaga karar etdiler, Bonapart hem muňa razylyk bildirdi. Ýygnak geçirilýän Aksakallar geňeşi we Bäşýüzler geňeşi uly goşun tarapyndan gurşap alyndy. Mundan gorkan Aksakallar geňeşi teklip edilen edara usuly — Konsullygy tassykladylar. Bäşýüzler geňeşi hem bu karary tassyklady. Konsullyk üç adamdan ybarat Ýerine ýetiriji häkimiýet bolup, olardan her biri «Fransuz respublikasynyň konsuly» derejesine eýe boldular. Saýlanan üç konsuldan biri Napoleon Bonapartdy.

Konsullar respublika sadyk bolmak barasynda kasam kabul etdiler.

Fransiýadaky buržuaz ynkylaby ahyryna ýetdi. Bu ynkylap bütin dünýä taryhy üçin hem belli bir derejede öwrülişik nokady boldy. Onuň öňe süren «Azatlyk, Deňlik, Gardaşlyk!» taglymlary bütin dünýä halklarynyň soňky ösüşine öz täsirini görkezdi.

Şonuň ýaly, ynkylabyň taryhy ençeme halklar üçin uly sapak hem boldy. Onuň rehimsiz gyrgynlary, ähli meseleleri çözmegiň serişdesi hökmünde terroryň ulanylmagy, syýasy garşydaşlaryň ýok edilmegi ýalylar hem ynkylabyň getiren howply reallygy boldy.

Termidor — Fransiýada ynkylap ýyllary kabul edilen täze kalendardaky aýyň ady.

Konwent — käbir döwletlerde aýratyn hukuklara eýe bolan wekillik organy.

Direktoriýa — buržuaz ynkylaby döwründe Fransiýada häkimiýeti kollegial dolandyrmagyň görnüşi, Ýerine ýetiriji häkimiýeti.

Konsul — Fransiýada buržuaz ynkylaby ýyllarynda yglan edilen Ýerine ýetiriji häkimiýetiň üç sany başlygyndan biri.

Terror (gorkunç, howply) — garşydaşy ýok etmek ýa-da gorkuzmak, ilatyň arasynda gorky getirip çykarmak.

?!

1. 1795-nji ýyldaky halk gozgalaňy nähili başlandy?
2. 1795-nji ýyldaky Fransiýa Konstitusiýasy nähili esasy düzgünleri yglan etdi?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3. Haýsy faktorlar Napoleon Bonapartyň abraýynyň artmagyny üpjün etdi?
4. Beýik fransuz buržuaz ynkylabynyň taryhy ähmiýeti nämelerden ybaratdy?

Döredijilikli iş ýumşy

«Fransuz buržuaz ynkylabynyň ähmiýeti şundan ybarat, ýagny...» temasynda esse ýazyň.

Internediň kömeginde **fransuz buržuaz ynkylaby** döwrüne wirtual syýahat gurnaň we temada öwrenilen materiallar esasynda taryhy wakalary analiz ediň.

9-njy tema: XVI—XVIII ASYRLARDA GERMANIÝA IMPERIÝASY

Ykdysady ýagdaý. Germaniýa ykdysady ösüşde Angliýa, Gollandiýa we Fransiýa ýaly döwletlerden arkadady. Hatda, XVI asyryň ikinji ýarymyndan ykdysady pese gaçyşlyk hem başlandy. Bu, ilki bilen, Germaniýanyň 300-den gowrak ownuk knýazlyklara (döwletlere) bölünip gitmeginiň netijesidi. Syýasy dagynyklyk bitewi içki bazarynyň emele gelmegine mümkinçilik bermedi.

Orta asyrlarda haýsy söweşden soňra Germaniýa wengerleriň basybalyjylygy gutarýar?

Mundan başga, bu döwürde deňiz söwda ýollarynyň Atlantik okeana göçenligi netijesinde Germaniýa arkaly geçýän söwda ýollary hem öz ähmiýetini ýitirdi. Hakykatda bolsa, XVI asyryň ortalaryna çenli Demirgazyk Italiýa we onuň arada durmagynda bütin Gündogaryň Günbatar Ýewropa bazarlary bilen aragatnaşyklary Germaniýanyň ýerlerinden geçýärdi.

Germaniýanyň halkara möçberindäki ykdysady roly — onuň mis öndürmek boýunça dünýäde birinji orny eýeläp gelýänligi bilen kesgitlenýärdi. Mis söwdada esasy serişde hasaplanýardy. Emma Amerikadan Ýewropa altynyň we kümüşiň köp mukdarda getirilmegi Germaniýanyň misiniň ähmiýetine uly putur ýetirýär. Şeýle hem, nemes senagat önümleri daşary döwletleriň senagat önümleri bilen bäsdeşlik edip bilmeýärdi. Çünki Germaniýada manufaktura önümçiligi diňe şäher bilen çäklenip galýardy. Ol oba ýaýramady, ýagny

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

natural höjalyk gatnaşyklary höküm süren oba hojalyk önümçiligi senagat önümlerine garanda talaby kanagatlandyrmady.

1524—1526-njy ýyllarda bolup geçen daýhanlar urşunyň ýeňlişe duçar bolmagy orta asyr feodal gatnaşyklarynyň ýene uzak saklanyp galmagy we döwletde syýasy dagynyklygyň dowam etmegine sebäp boldy. We ahyrynda, Ýewropa döwletleriniň arasynda gelip çykan otuz ýyllyk uruşda (1618—1648), esasan, nemes knýazlyklarynyň jebirlenmegi hem onuň galaklyk batgagyna batyp

Mukaddes Rim imperiýasynyň okruglary

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

galybermegine uly täsir etdi. Otuz ýyllyk urşuň netijesine göra, Ýewropada syýasy gegemonlyk Fransiýa geçdi.

Germaniýa bolsa ykdysady we syýasy krizise duçar boldy. Syýasy dagynyklyk barha güýçlendi.

- XVI asyryň ikinji ýarymyndan — ...
- Otuz ýyllyk uruş — ...
- 1524—1526-njy ýyllarda — ...
- XVI asyryň ortalaryna çenli — ...

Syýasy düzüm. Germaniýa resmi taýdan ýeke-täk imperiýa hasaplanyp, ony adyna bolsa-da, imperator dolandyrýardy. Aslynda bolsa onuň birligi diňe kagyzdady.

1806-njy ýyla çenli «Mukaddes Rim imperiýasy» diýip atlandyrylan bu imperiýada, hatda ýeke-täk raýatlyk hem ýokdy. Ilat imperiýanyň däl, eýsem knýazlyklaryň raýatlarydy.

Gabsburglar dinastiýasyndan bolan Germaniýa imperatory özüniň Awstriýadaky ýerlerinden başga hiç bir real häkimiýete eýe däldi. Imperiýanyň Reýhstagy bolsa amalda ähli knýazlyklara mejbury bolan jemleýji kararlar kabul edip bilmeýärdi.

Kabul eden ýagdaýda-da, ol amalda ýerine ýetirilmändir. Beýle şertde her bir knýazlyk diňe bir içki işlerde däl, eýsem daşary syýasatda hem garaşsyzlyga ymtylýardy.

Germaniýanyň halkara ýagdaýy. Içki syýasy dagynyklyk XVII asyryň ikinji ýarymynda Germaniýany Ýewropanyň güýçli döwletleriniň elinde oýnatga öwürýär. Fransiýa ahyr soňunda Strasburg şäherini we Reýn deryýasynyň çep kenarynyň ýerlerini eýeläp aldy.

1683-nji ýylda Germaniýanyň knýazlyklary Türkiýe basybalyjylaryna garşy göreşmek üçin taryhda birinji gezek agzybirlikli karar kabul etdiler we milli-azatlyk goşunyny düzdüler. Şol ýylda Wenanyň eteklerinde Osmanlaryň göşunlary derbi-dagyn edildi. Germaniýanyň bu ýeňişi Merkezi Ýewropany Osmanlaryň basybalyjylygyndan saklap galdy.

Prussiýa korollygynyň döredilmegi. Germaniýa knýazlyklarynyň içinde Awstriýa we Brandenburg iň güýçlileridi. XVII asyr şu iki knýazlygyň Germaniýada gegemonlygy üçin göreşi astynda geçdi. Awstriýany gabsburglar dinastiýasy, Brandenburgy bolsa gogensollernler dinastiýasy dolandyrýardy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Biriniň paýtagty Wena şäheri, ikinjisiniňki bolsa Berlin şäheridi. XVII asyryň ahyryna gelip, Brandenburg knýazlygynda Prussiýa gersoglygy öňdebaryjy bolýar.

1683-nji ýylda Germaniýa knýazlyklary Türkiýe basybalyjylaryna garşy göreşmek üçin taryhda birinji gezek agzybirçilikli karar kabul etdiler.

XVII asyr Awstriýa we Brandenburg knýazlyklarynyň Germaniýada gegemonlyk üçin göreşi astynda geçdi.

1701-nji ýylda Brandenburg knýazlygynyň ýerinde Prussiýa korollygy döredilýär. Brandenburg knýazy Fridrih I ady bilen Prussiýanyň koroly diýip yglan edildi. Şu döwürden başlap, amatly halkara şertden we başga nemes knýazlyklarynyň güýçsüzliginden peýdalanan Prussiýa güýçli döwlete öwrülip başlady. Prussiýa güýçli göşun düzmegi hem başardy.

XVIII asyryň ahyrynda Prussiýa meýdany taýdan Ýewropada üçünji, goşunynyň sany taýdan bolsa dördünji orny eýeledi.

Fridrih II hökümdarlygy döwründe (1740—1786) Prussiýa absolýut monarhiýa öwrülýär.

Real — hakykatdan hem bar bolan; amala aşýan; ýerine ýetirilmegi mümkin bolan.

Gegemonlyk — syýasy, ykdysady, harby üstünlik, bir döwletiň başgasynyň üstünden hökümdarlygy.

1. Germaniýa imperiýasynyň ykdysady ösüşde yzda galmagynyň sebäpleri hakynda nämeleri bilip aldyňyz?
2. Germaniýada höküm süren syýasy dagynyklyk nähili netijelere alyp geldi?
3. Germaniýa knýazlyklarynyň 1683-nji ýylda Osman imperiýasynyň goşunynyň üstünden gazanan ýeňşi Ýewropa üçin nähili ähmiýete eýe boldy?
4. Prussiýa korollygy nähili şertde düzüldi?

Döredijilikli iş ýumşy

«Germaniýa imperiýasynyň düzülmegi» temaynda özbaşdak iş ýazyň.

Internediň kömeginde **Germaniýa imperiýasy**na wirtual syýahat gurnaň we temada öwrenilen materiallar esasynda taryhy wakany analiz ediň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

10-njy tema: XVI—XVIII ASYRLARDA RUS IMPERIÝASY

Rus ýerleriniň birleşmegi. Altyn orda tabynlykdan azat bolan Rus ýerleriniň Moskwanyň töwereginde birleşmek hadysasy XVI asyryň başlarynda ahyryna ýetdi. Merkezleşen döwlet düzüldi we ol indi **«Rus»**, **«Russiýa»** diýip atlandyryldy.

Kiýew Rusy döwletine haçan we kim tarapyndan esas salnypdyr?

1547-nji ýylda tagta oturan Iwan IV Russiýanyň taryhynda birinji gezek patyşalyk täjini geýdi we «sar» diýip atlandyryldy. Rusda hökümdarlar öň «Beýik knýaz» diýip atlandyrylýardy. Iwan IV-e patyşalyk derejesiniň berilmegi ony Günbatar Ýewropanyň korollary bilen deňleşdirdi. Iwan IV içki syýasatynyň esasy maksady dworýanlar gatlagyny güýçlendirmek arkaly baýarlaryň abraýyny gowşatmaga garadylypdy. Şeýle maksatda 1549-njy ýylda ol birinji gezek erkin ilatyň dürli taýpalarynyň wekilleriniň ýygnagyny — **Zemstwo sobor**yny çagyrdy.

Iwan IV Zemstwo soborynda baýarlar häkimiýetini ýiti garalady. Sobor täze kanunlar toplumyny — **Sudebnik** düzmek hakynda karar kabul etdi. Oňa görä, mundan beýläk dworýanlary jenaýatlary we ýerliksiz etmişleri üçin baýarlaryň suduna bermegi gadagan edýär. Dworýanlardan müňe golaýyna Moskwa uýezdinden ýer-mülk bönünip berildi. Döwlet wezipelerine diňe asylzada neslinden bolan adamlary saýlamak tertibine hem çäk goýuldy.

Baýarlar üçin ilatdan ýygylýan salgytlar ýatyryldy. Ýerlerde ýerli özüni-özi dolandyrmak organlary — **zemstwo**lar düzüldi. Sudebnik krepostnoý daýhanlaryň bir ýer eýesinden başgasyna geçmegini ýylyna bir güni — 26-njy noýabr güni bilen çäklendirip goýýar.

Opriçnina. Baýarlar häkimiýetine zarba bermek maksadynda 1565-nji ýylda Iwan IV döwlet ýerlerinden hem uly bölegini bölüp alýar. Bu ýerlere opriçnina (bölüp alnan) diýip atlandyryldy. Opriçnina öz goşunyna eýe boldy. Ol patyşanyň öz bäsdeşlerini jezalandyrýan guralyna öwrüldi. Döwletde rehimsiz terror, gyrgyn we sürgün döwri başlandy. Şonuň üçin Iwan IV **«Groznyý»** (gazaply, gorkuly) lakamy bilen atlandyrylyp başlanýar.

Opriçnina Russiýada feodal dagynyklyk galyndylaryna garşy güýçli zarba berdi. Emma ol döwlet hojalygyna uly zyýan ýetirýär. Diňe bir baýarlar däl, eýsem on müňlerçe ýönekeý adamlar hem gurban boldy. Bu bolsa jemgyýetiň dürli

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gatlaklarynda opriçninadan närazylygy güýçlendirdi. Netijede, Iwan IV 1572-nji ýylda opriçninany ýatyrmaga mejbur boldy.

Bu döwürde Russiýanyň çäklerinde basybalyjylyk uruşlary alyp barmagyň hasabyna gündogara we günorta tarap giňeldi. Ýagny, XVI asyryň ikinji ýarymynda Kazan, Aştarhan (Astrahan) we Sibir hanlyklary basyp alyndy. XVI asyryň ahyryna gelip, Russiýanyň çäkleri iki essä çenli giňeldi.

- 1547-nji ýylda — ...
- 1549-njy ýylda — ...
- 1565—1572-nji ýyllarda — ...
- XVI asyryň ikinji ýarymynda — ...

«Gozgalaňlar döwri». Iwan IV Groznyý wepat edenden soň tagta onuň ogly Fýodor Iwanowiç geldi. 1598-nji ýylda Fýodor hem wepat etdi. Ol perzentsizdi we tagta mirasdüşer galdyrmady. Şeýlelikde Russiýany 700 ýyl dolandyran rýurikler dinastiýasynyň hökümdarlygy tamamlanýar. Şeýle ýagdaýda Zemstwo sobory Boris Godunowy patyşa edip saýlady.

Boris Godunow wepat edenden soň, Russiýanyň taryhynda howsalaly, gozgalaňlar döwri başlandy. Gysga wagtyň içinde birnäçe patyşa çalyşdy, Baýarlaryň täsiri ýene-de güýçlendi. Şonuň ýaly, daşary ýurtlar — Polşa we Şwesiýa Russiýanyň içerki işlerine zor berip aralaşyp başlaýar. Polşa, hatda Moskwany eýeläp aldy. Şeýle agyr şertde Russiýany watanperwer güýçleriň oba aksakaly Kuzma Minin we serkerde Dmitriý Požarskiýleriň öňdebaryjylygynda halk leşgerini topladylar. Olar 1612-nji ýylda Moskwa üçin bolan söweşlerde Polşanyň goşunyny ýeňlişe sezewar etdi we Moskwany daşary ýurt basybalyjylaryndan azat etdi. Russiýa içki we daşky ýagdaýynyň agyrlygyna seretmezden, öz özbaşdaklygyny saklap galdy. Indi Russiýanyň täze patyşasyny saýlamak meselesini çözmek gerekdi.

1613-nji ýylda Moskwada çagyrylan Zemstwo sobory Iwan IV Groznynyň aýalynyň garyndaşy Mihail Fýodorowiç Romanowy Russiýanyň patyşasy edip saýlady.

Şeýlelikde Russiýada täze taýpa — romanowlar dinastiýasy tagta gelip, olar döwleti 1917-nji ýylyň fewralyna çenli dolandyrdy.

Ykdysady ösüş. XVII asyrdan Russiýanyň ykdysadyýetinde täze alamatlar peýda boldy. Bu, ilki bilen, haryt, ýagny bazarda satmak üçin niýetlenen önüm öndürmegiň ösmeginde we manufakturalar emele gelmeginde ýüze çykdy. Bu

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hadysadan oba hojalygy hem çetde galmady. Esasy azyk önümi — galla hemme ýerde haryda öwrülýär.

Russiýada XVII asyrdan başlap şäherler hem ösdi. Olar döwletiň söwda-senagat merkezlerine öwrüldi.

Hunärmentçiligiň ösüşi döwletiň ösüşine, welaýatlaryň arasynda hojalyk aragatnaşyklarynyň giňelmegine, bütin Russiýada ýeke-täk içki bazaryň düzülmegine getirdi. Şeýlelikde Russiýanyň ykdysadyýetinde hem örän haýallyk bilen bolsa-da, täze — kapitalistik gatnaşyklar şekillenip başlady.

Absolýut monarhiýanyň emele gelmegi. Russiýada absolýut monarhiýanyň doly emele gelmegi Pýotr I ady bilen bagly. Ol 1689-njy ýylda tagta oturdy. Pýotr I-iň daşary syýasatynyň esasy maksatlaryndan biri Russiýany güýçli harby-deňiz flotuna eýe bolan döwlete öwürmekdi. Ol bu wezipäni üstünlikli amala aşyrdy.

1700-nji ýylda Russiýa Baltika deňzine çykmak üçin Şwesiýa garşy uruş başlady. Bu uruş taryha «Demirgazyk urşy» ady bilen girdi. Uruş 1721-nji ýylda Russiýanyň ýeňşi bilen gutardy. Şu ýylda Finlandiýanyň Nıştadt şäherinde Russiýa — Şwesiýa parahatçylyk şertnamasyna gol çekildi. Oňa görä, Russiýa Baltika deňzine çykmak hukugyna eýe boldy. Şol bir wagtda Russiýa Ýewropanyň güýçli döwletlerinden birine öwrülýär. 1721-nji ýylda Pýotr I imperator diýip yglan edildi. Russiýa imperiýa öwrüldi we döwletde absolýut monarhiýa doly karar tapdy.

Rus milletiniň şekillenmegi. Medeniýet. Rus ýerleriniň birleşdirilmegi netijesinde medeni aragatnaşyklar pugtalandy we rus medeniýetiniň ösüşi başlandy. Medeniýetiň ösüşi, ykdysady ösüş bilen bilelikde, rus milletiniň şekillenmegine alyp geldi. Ýuwaş-ýuwaş ýerli şiweler ýatyrylyp, rus milletiniň dil birligi emele geldi, ýeke-täk medeniýet emele geldi. Rusuň medeni birligi halk döredijiligi, binagärçilik, şekillendiriş sungaty we edebiýatda öz beýanyny tapdy. Emma, medeniýetiň ösüşine seretmezden, ilatyň esasy bölegi sowatsyzlyk we nadanlyk batgagynda galýardy. Şol sebäpli XVIII asyrdan başlap, döwletde birnäçe mekdepleriň açylmagy uly ähmiýete eýe boldy. Moskwadaky matematika we nawigasiýa (gämiçilik) ylymlarynyň mekdebi, artilleriýa, medisina mekdepleri şolara degişlidi. Moskwadan başga çäklerde hem birnäçe mekdepler we bilim ýurtlary açyldy.

Şu döwürde Peterburgda Russiýa Ylymlar akademiýasy, soňra akademiýanyň ýanynda gimnaziýa we uniwersitet açyldy. 1755-nji ýylda beýik rus

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

XVIII asyryň ikinji ýarymynda Rus imperiýasy

alymy M.W. Lomonosowyň başlangyjy bilen Moskwa uniwersiteti açyldy. Bu döwürdäki Russiýa ylmynyň üstünlikleri Moskwa uniwersiteti we M.W. Lomonosowyň işi bilen bagly.

Şu ýyllarda rus geografiýa ylmy uly üstünlikleri gazandy. Aziýa bilen Amerikanyň arasyndaky Bering bogazy açyş edildi. Laptewler ekspedisiýasy Demirgazyk Buzly okeany Murmanskden tä Çukotka çenli öwrenip çykdy. S.I. Çelýuskin Aziýanyň iň demirgazyk burçuny açyş etdi. Häzir bu ýer Çelýuskin burny diýip atlandyrylýar.

Şu döwürde tehnikanyň ösüşinde hem uly üstünlikler gazanyldy. I.I. Polzunow, I.P. Kulibin ýaly alymlar ençeme tehniki açyşlary amala aşyrdy. Russiýaly alymlar we açyjylar tarapyndan döredilen maşynlar dünýä ylmyny we tehnikasyny üstünlikleriň birinji hataryna alyp çykdy. Emma yzagalak, krepostnoý Russiýada bu maşynlara talap ýok, olar ulanylmaýar diýen ýalydy.

Opriçnina — patyşa häkimiýetiniň duşmanlaryny zorluk we terror ýoly bilen basyp ýatyrmak syýasatydy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1612-nji ýylda Moskwa üçin bolan söweşlerde Polşanyň goşunlary ýeňlişe sezewar boldy.

1755-nji ýylda beýik rus alymy M.W. Lomonosowyň başlangyjy bilen Moskwa uniwersiteti açyldy.

XVI—XVIII asyrlarda rus edebiýaty hem uly ösüş ýoluny geçdi. Bu döwürde döredijilik eden **G.D. Deržawin**, **D.I. Fonwizin** ýaly şahyr we ýazyjylar döwrebap rus edebiýatynyň şekillenmegine uly goşant goşdular. Meşhur basnýaçy **I.A. Krylowyň** döredijiliginiň başlanmagy hem şu döwre dogry gelýär.

Pýotr I döwründen başlap, Peterburgda we Moskwada örän uly gurluşyk işleri alyp baryldy. Şol ýyllary rus binagärçiliginde Ýewropa we rus milli däp-dessurlaryny uýgunlaşdyran ugur emele geldi.

Şu döwürde rus milli teatry hem emele geldi. Onuň esasçysy söwdagär **F.G. Wolko** rus aktýorlarynyň bütin bir neslini terbiýelemekde örän uly hyzmat görkezdi.

XVI—XVIII asyrlar Russiýanyň taryhynda möhüm döwür boldy. Bu döwürde Russiýa imperiýa hökmünde emele geldi, onuň çäkleri iki esseden köpräk giňelip, Ýewropanyň iň uly we harby taýdan gudratly döwletine öwrüldi. Emma galak sosial gatnaşyklar sebäpli Russiýa ykdysady we medeni ösüşde Ýewropadan yzda galdy.

Baýarlar dumasy — Rus döwletinde ilki bilen knýazlar, soň patyşanyň ýanyndaky Ýokary döwlet geňeşi.

Sudebnik — kanunlar toplumy.

1. Rusy merkezleşen döwlete öwürmek haçan gutardy we onuň taryhy ähmiýeti nämelerden ybarat boldy?
2. Russiýada nähili dolandyryş sistemasy berkarar boldy?
3. Iwan IV Groznynyň yglan eden opriçninasy näme we ondan nähili maksat gözlenipdi?
4. Russiýada romanowlaryň dinastiýasynyň hökümdarlygy nähili ornadyldy?

Angliýa, Fransiýa korollary we Russiýa patyşalary öz syýasatlarynda amala aşyran iň möhüm işleriniň sanawyny depderiňize ýazyň.

Internediň kömeginde **XVI—XVIII asyr Rus imperiýasyna** wirtual syýahat gurnaň we temada öwrenilen materiallar esasynda taryhy wakany hronologiýa görnüşine getiriň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

11-nji tema: XVIII ASYRDA DEMIRGAZYK AMERIKA. AMERIKANYŇ BIRLEŞEN ŞTATLARYNYŇ DÖREDILMEGI

Demirgazyk Amerikadaky iňlis koloniýalary. Beýik geografik açyşlardan soň Merkezi we Günorta Amerikada Ispaniýa we Portugaliýa koloniýalary düzülen bolsa, Demirgazyk Amerika, esasan, Angliýa we Fransiýa tarapyndan eýeläp alyndy.

1607-nji ýylda Angliýanyň Wiržiniýadaky ilkinji menzili — Jeýmstaun düzüldi. Iňlis koloniýaçylarynyň akymy ýyldan-ýyla artyp barýardy. Bu ýere puritanlar jemgyýetleri, ýerlerinden aýrylan daýhanlar, müňlerçe ýaşlar göçüp geldi. Şonuň ýaly, zähmete ýaramly jenaýatçylar hem hökümet tarapyndan koloniýalara sürgün edildi.

Orta asyrlarda Amerikanyň haýsy halklary öz döwletlerini gurup bilipdi?

Kolonizatorlar bilen indeýesleriň arasyndaky özara gatnaşyklar örän agyrdy. Indeýesler täze tehnologiýa we söwda-satykdan peýda görmegine seretmezden, iňlisleriň getiren keselleri we açgözlik olaryň öňden şekillenen durmuş derejesine güýçli zyýan ýetirdi.

Koloniýalarda kiçi fermer hojalyklary giň ýaýrady. Ýuwaş-ýuwaş oba hojalygy bilen bagly bolan senagat ösüp başlady, XVII asyryň ikinji ýarymynda birinji manufakturalar peýda boldy.

Döwletde kapitalistik sistema ösýän bir şertde amerikaça plantasiýa gulçulygy hem saklanyp galdy. XVII asyrdan başlap, Afrikadan ençeme gara tenli gullar getirildi.

Döwrebap milletiň şekillenmegi. Angliýa buržuaz ynkylabyndan soňra Amerikadaky koloniýalarda hem buržuazça dolandyryş usullary we durmuş derejesi şekillenip bardy. XVIII asyryň ortalaryna gelip, koloniýalarda ýeke-täk içki bazar emele gelip başlady, söwda aragatnaşyklary ösdi.

- XVII asyryň ikinji ýarymyndan ...
- XVII asyrdan başlap, ...

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Amerikada bile ýaşamagyň taryhy tejribesi esasynda göçüp gelýänleriň bitewi taryhy ykbalyda ýüze çykýar. Iňlis dili olar üçin umumy dil bolup galdy. Däp-dessurlar we durmuş derejesi goşulyşyp gitdi. XVIII asyryň ortalaryna gelip, Amerikanyň köpçülik ilaty özlerini amerikaly diýip atlandyryp başlady. Şol wagtda özboluşly milli medeniýet hem emele gelip başlady. Şeýlelikde häzirki **amerika** milleti emele geldi.

Garaşsyzlyk üçin bolan urşuň sebäpleri. Beýik Britaniýanyň koroly, asylzadalar we telekeçiler koloniýalardan alynýan peýdany gitdigiçe köpeltmäge hereket edýärdi. Olar koloniýalardan gymmatbaha çig maly, derini we pagtany alyp gidýärdi, koloniýalara bolsa taýýar önümleri alyp gelýärdi, salgyt we tölegleri ýygnap alýardy. Beýik Britaniýanyň parlamenti Amerikanyň telekeçileri üçin dürli gadagan we çäklendirmeler ornadypdy. Amerikalylaryň närazyçylyk hereketkerine ilki bilen şu çäklendirmeler we salgytlaryň artdyrylmagy sebäp boldy.

Urşuň başlanmagy. 1774-nji ýylyň sentýabrynda Filadelfiýada Birinji Materik Kongresi geçirildi. Onda Jorjiýadan başga ähli koloniýalardan wekiller gatnaşdy.

Kongres entek Beýik Britaniýadan bölünip çykmak meselesini götermäge aýgyt edip bilmedi, emma Britaniýanyň syýasatyny garalady. Kongres ykdysadyýeti dolandyrmak üçin «Kontinental kongres» guramasyny düzdi. Garaşsyzlygyň tarapdarlary dolandyran bu gurama köpçüligiň arasynda ynkylaby joşguny öjükdirip goýberdi. Iňlis goşunlary bilen ilkinji ýaragly çaknyşyklar bolup geçdi. Garaşsyzlyk üçin göreşijiler Amerikada respublika düzmek taglymy bilen çykdylar. 1775-nji ýylyň maý aýynda başlanan Ikinji Materik Kongresi garaşsyzlyk üçin uruş başlamaga karar etdi. Wiržiniýaly polkownik **Jorj Waşington** Amerikanyň ýaragly güýçleriniň baş serkerdebaşysy edip bellenýär. Respublikaçylyk joşguny ilatyň dürli gatlaklaryny gurşap aldy.

Garaşsyzlyk Deklarasiýasy. 1776-nji ýylyň maýynda Beýik Britaniýadan bölünip çykmaga çagyrýan karar kabul edildi. Bu karary resmi taýdan yglan edýän beýannama taýýarlamak üçin wiržiniýaly Tomas Jeffersonyň ýolbaşçylygynda komissiýa düzüldi.

1776-njy ýylyň 4-nji iýulynda kabul edilen we esasan, T. Jeffersonyň ugurtapyjylygynyň önümi bolan Garaşsyzlyk Deklarasiýasy täze döwletiň karar tapanlygyny we bütin dünýäde hereket güýjüne öwrülen ynsan azatlygy hakyndaky dünýägaraýşy yglan etdi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ABŞ garaşsyzlygyny yglan edýär

Angliýanyň Demirgazyk Amerikadaky ilkinji koloniýasy 1607-nji ýylda Jeýmstonda düzüldi.

1774-nji ýylyň sentýabrynda Filadelfiýada Birinji Materik Kongresi çagyryldy.

1776-njy ýylyň 4-nji iýulynda ABŞ-da Garaşsyzlyk Deklarasiýasy kabul edildi.

«Biz Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň wekilleriniň, halkyň adyndan we onuň wekilçiligi bilen yglan edýäris, bu birleşen koloniýalar aslynda hem, hak-hukuga görä hem azat hem-de özbaşdak ştatlar bolmalydyr. Şu günden başlap, olar Britaniýanyň tagtyna her dürli degişlilikden azat edilýärler», — diýilýärdi Garaşsyzlyk Deklarasiýasynda.

Garaşsyzlyk Deklarasiýasynda döwlet gurluşynyň esasy hökmünde halk suwereniteti prinsipi yglan edildi, halkyň zalymlara garşy pitne etmäge, ýaşamaga, azat bolmaga, deňlige bolan hukugy aňladylýar. **4-nji iýul** her ýyl ABŞ-da **Garaşsyzlyk güni** hökmünde bellenýär.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Amerika ynkylabynyň harakteri we aýratynlyklary. Demirgazyk Amerikada garaşsyzlyk üçin alyp barlan uruş şol wagtda buržuaz ynkylaby bolup, ol iki sany: milli garaşsyzlygy gazanmak we Amerikada kapitalistik gatnaşyklary ornatmak meselelerini çözmelidi.

Ynkylabyň esasy aýratynlygy şeýledi, ol milli-azat edijilik urşy görnüşinde geçdi. Uruş döwründe bir näçe demokratik özgerişler amala aşyryldy.

Uruş hereketleriniň barşy. Beýik Britaniýa Amerikanyň özbaşdaklygyny ilkibaşda ykrar etmedi, garaşsyzlygyň tarapdarlaryna garşy berk göreş alyp bardy. Harby hereketler, esasan, döwletiň demirgazygynda bolup geçdi. Ynkylap döwründe respublikaçylaryň armiýasy uly kynçylyklary başyndan geçirdi. Esgerler harby işe öwredilmedik diýen ýalydy, ýarag-enjam, ok-däri, azyk ýetişmeýärdi.

Şeýle şertde Fransiýa Amerika gural-ýarag bilen kömek berip başlady. Amerikanyň we Fransiýanyň arasynda «Dostluk we Täjirçilik Şertnamasy»na gol çekildi. Fransiýa — Amerika soýuzy gowy netijelere alyp geldi. **1782-nji ýylda** iňlis goşunlarynyň esasy bölegi ýeňildi. Şondan soň Beýik Britaniýanyň hökümeti Parižde parahatçylykly gepleşikleri geçirmäge karar etdi. Gepleşiklerde Amerika tarapyndan Benjamin Franklin, Jon Adams we Jon Jeý gatnaşdy.

1783-nji ýylda Britaniýa we onuň Amerikadaky öňki koloniýalarynyň arasynda **Pariž ylalaşygyna** gol çekildi. Ylalaşyga görä, Beýik Britaniýa Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň düzülenligini, onuň özbaşdaklygyny, azatlygyny we suwerenitetini ykrar etdi.

Uruş gutardy. Öňünde bolsa döwleti jebisleşdirmek, onuň ykdysady ýagdaýyny gowulandyrmak wezipesi duryardy.

1787-nji ýyldaky Konstitusiýa. Ynkylabyň üstünlikli gutarmagy amerikalylara Garaşsyzlyk Deklarasiýasynda beýan edilen arzuw -umytlaryny we taglymlaryny Konstitusiýada beýan etmek mümkinçiligini berdi. Ähli ştatlar diýen ýaly öz Konstitusiýalaryna eýe boldy.

Emma döwletde ştatlary ýeke-täk kanun esasynda birleşdirmek, olary dolandyrmak, ýeke-täk ykdysady sistemany şekillendirmek ýaly problemalar bardy. Olary çözmek üçin 1787-nji ýylyň maýynda Filadelfiýada iş başlan Federal Konwentiň ýygnagyna ştatlardan saýlanan wekiller hökmünde göze görnen döwlet işgärleri toplandy. Olaryň arasynda Jorj Waşington, Jeýms Uilson, Benjamin Franklin, Jeýms Medison, Aleksandr Gamilton ýaly meşhur adamlar — «Amerikanyň atalary» bardy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



XIX asyryň 70-nji ýyllarynda ABŞ

- 1783-nji ýylda ...
- 1787-nji ýylyň maýynda ...
- B. Franklin, J. Adams we J. Jeýleriň işi — ...

Pikirler we çekişmeler uzak dowam etdi. Çekişmeler, esasan, Kongress, federal hökümet we Ýokary suduň derejesi hem-de ştatlar bilen merkezi häkimiýetiň arasyndaky gatnaşyklar hakynda bardy. Netijede, **1787-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda ABŞ Konstitusiýasy** kabul edildi.

Konstitusiýa ABŞ-da respublika sistemasyny ornatdy. Ýerine ýetiriji häkimiýetini dolandyrmak üçin 4 ýyl möhlete saýlanýan we uly hukuklara eýe bolan ABŞ prezidenti wezipesi yglan edildi. **1789-njy ýylda** bolup geçen saýlawlarda **Jorj Waşington** ABŞ-yň birinji prezidenti edip saýlandy.

Ynkylabyň netijesinde ABŞ özbaşdak döwlete aýlandy, respublika gurluşy ornadyldy, söwda we senagaty ösdürmek ugrundaky ähli

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

garşylyklar alyp taşlandy, erkin bäsdeşlige, şahsy başlangyja we aktiwlige, işewürlige giň ýol açyldy. Emma günorta ştatlarda plantasiýaly gulluk režimi saklanyp galdy.

Garaşsyzlyk Deklarasiýasy we ABŞ Konstitusiýasy Ýewropanyň öňdebaryjy pikirlerine uly täsir etdi, olarda öňe sürlen taglymlar umumynsany haraktere eýe bolup, ençeme halklaryň göreşiniň mazmunyna öwrüldi.

Deklarasiýa — möhüm düzgünler yglan edilen resminama.

Federal hökümet — federatiw döwletde merkezi dolandyryş organy.

Federal Konwent — Kontinental kongres, materik kongresi, materik möçberindäki gurama.

Federal — federasiýa (soýuz) düzümine giren ähli subýektler (respublika, ştat) üçin umumy düşünje. Meselem, federal hökümet ýa-da Federal Konwent.

1. Angliýanyň Demirgazyk Amerikada koloniýaçylyk syýasaty nähili amala aşyryldy?
2. Amerika milletiniň şekillenmegine alyp gelýän faktorlar nämelerden ybarat?
3. Pariž ylalaşygyna haçan gol çekildi we onuň mazmuny nämelerden ybarat?
4. ABŞ-nyň Konstitusiýasynyň özboluşly has taraplary nämelerden ybarat?

Döredijilikli iş ýumşy

Tomas Jefferson, Jorj Waşington hakyndaky maglumatlary tapyň we taryhy şahslaryň işine baha beriň.

Kartadan peýdalanyp, ABŞ administratiw-çäkleriniň gurluşyny depderiňize ýazyň.

12-nji tema: MAGARYF ASYRY

Sosial-syýasy taglymlar. XVIII asyr Ýewropanyň taryhyna «Magaryf asyry» ady bilen girdi. Öňler diňe dar çäkdäki alymlaryň mülki bolan ylym-bilim uniwersitet çäklerinden çykyp, giň jemgyýetçilige ýaýrap başlady.

Iň öňdebaryjy duýguly, bilimli ýazyjylar, suratkeşler, filosoflar ynsany ezýän, onuň ukybyny çäklendirýän we gadyr-gymmatyny aýak asty edýän ähli

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Wolter



Şarl Monteskýo

ýagdaýlary güýçli tankyt edip çykyş etdiler. Olar buthana taglymyny we umuman, diniň özüni tankyt etdiler, absolýutizme we ähli feodal tertiplere garşy çykdylar, feodal durmuş derejesiniň ömrüni geçirip bolan ähli galyndylaryna garşy göreş alyp bardylar.

XVIII asyryň magaryfperwerlerini ynsanyň mizemez güýç we mümkinçiliklerine beýik ynam, köpçüligi giň gerimde bilimli etmek zerurçylygyny düşünmek duýgusy tapawutlandyryp duryardy. Şu sebäpli magaryfperwerlik öz döwrüniň beýik taglymy hereketidi.

Bu hereketiň gatnaşyjylary taryhda **«magaryf-perwerler»** adyny aldylar. Olardan iň meşhurlary fransuz akyldarlary **Wolter, Şarl Monteskýo, Jan Jak Russo, Deni Didro** we iňlis magaryfperweri **Adam Smitdi.**

Ynsan aňynyň ýaradyjylyk gudratyna çäksiz ynanan magaryfperwerler, feodal tertipler bilen göreşiň ynkylaby usullaryna ýaman gatnaşykda boldular. Olar magaryfyň ösmegi öz-özünden öňki tertipleriň üýtgemegine alyp gelmegi mümkin, diýip hasaplaýardylar.

Öňki teoriýalar we taglymlara gapma-garşy görnüşde magaryfperwerler öňdebaryjy we öz döwri üçin ynkylaby bolan täze taglymlary öňe sürdüler.

Ynsan üçin mynasyp ýaşamak we zähmet şertini döredýän ylmyň mümkinçiliklerine çäksiz ynam magaryf asyrynyň esasy taglymy boldy. Şu sebäpli «ylym we ösüş» diýen sözler magaryfperwerleriň şygaryna öwrüldi. Ynsanyň ýaradyjylyk gudratyna uly ynam magaryfperwerleri hemişe ylhamlandyrýardy.

Magaryf asyrynyň çeper edebiýaty. Magaryf asyry — bu Ýewropa medeniýetiniň taryhyndaky esasy basgançaklardan biri bolup, ylym, filosofiýa we sosial pikiriň ösüşi bilen bagly. Magaryf asyrynyň esasyny erkin pikirlilik düzýär. Çagalykdan köpçüligiň söýgüli gahrymany bolan Robinzon Kruzo Magaryf asyrynda dünýä indi. Iňlis ýazyjysy **Daniýel Defo** (1660—1731) öz gahrymanyny

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

işewür, zähmetsöýer, öz güýjüne ynanýan edip döretdi. Robinzon hiç kim ýok adada jan edip we hötjetlik bilen öý gurýar, hojalyk enjamlary we mebel ýasaýar, haýwanlary eldekileşdiryär. «Robinzon Kruzonyň durmuşy we başyndan geçirenleri» romany zähmet, hakyky ynsan pikiri, jan çekmegiň we mertligiň mazmuny bolup galdy.

Oba ruhanysy, soňra bolsa Irlandiýadaky Dublin ybadathanasynyň başlygy **Jonatan Swift** (1667—1745) magaryfperwerleriň asylly taglymlary adamlary özgermeýänligi, buržuaz jemgyýetiniň hem feodal jemgyýet ýaly kämillikden örän uzak ekenligini özüniň «Gulliweriň syýahaty» romanynda açyp berdi.

Swiftiň gahrymany Gulliwer bilen Robinzon — zamandaşlardyr, Magaryf asyrynyň adamlary, emma Gulliweriň garaýyşlary çuňňurrak. Belki şonuň üçin hem onuň uzak döwletlere eden syýahatlary haýyrly bolmady.

Emma Swiftiň maksady ynsan tebigatyny biperwaý gözegçilik etmek däl-de, eýsem adamlara çyn ýürekden janypkeşlik, olara adamkärçiligi saklap galmakda kömek bermek, ýabany bolup gitmezlik üçin duýduryş bermekdi. «Ynsan siziň oýlanyňyzdan görä gadyrlyrak», diýip ýazan Swiftiň akyl uçguny we ukyp güýji Magaryf asyryny sönmejek ýalkym bilen şöhlelendirip duryar.

Onuň agyr ýagdaýda hem adamkärçiligi saklap galmaga eden çagyryşy bu gün hem öz ähmiýetini ýitirmeýär.

Beýik nemes şahyry **Iogann Wolfgang Gýote** (1749—1832) bolsa öz asyryny — aň we ýagtylyk asyryny beýan edýän gahryman gözläp, doktor Faust hakyndaky gadymy nemes rowaýatyny gaýtadan ýazdy. Döredilmegine 60 ýyl sarplanan filosofiki drama ynsanyň öz taglymlary üçin göreşi beýik göreş ekenligini



J.J. Russo

D. Defo

J. Swift

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

I.W. Gýote

«Biperwaý»

I.S. Bah

nygtamak bilen Magaryf asyrynyň ahmiýetini açyp berýär. Garrap galan Faust ebedi hakykaty aňlaýar:

Uzak durmuş ýolun geçdim-de basyp,
Älem hakykatyn jemin jemledim:
Diňe şu mynasyp durmuş we erke,
Kim her gün olara girse göreşe!

Şekillendiriş sungaty. XVIII asyryň birinji ýarymynda Ýewropanyň şekillendiriş sungatynda entek hem saraý halkynyň ince sungaty gülläp ösýärdi. Bu döwürde «korolyň birinji suratçysy», meşhur sahnalaryň ajaýyp ussasy **Fransua Buşe** (1703—1770) boldy. Onuň real durmuşdan çäksiz uzakda bolan suratlary aristokratlaryň saraýlaryna ajaýyp bezeg bolup bilýärdi.

Başga bir suratkeş Antuan Wattonyň suratlary bolsa örän mazmunlydy. Onuň çyzan suratlary iň näzik duýgulary, gahrymanlaryň göze ilmeýän taraplaryny beýan edýärdi. Wattonyň çyzan «Kyn teklip», «Biperwaý» ýaly eserleri örän meşhurdy.

Saz. Nemis kompozitory **Iogann Sebastýan Bah** (1685—1750) ýaşap ýören wagtynda meşhur däldi. Onuň eserleri adamlara örän möhüm duýulýardy, buthana bolsa Hudaýdan gorkuzmak heňiniň ýeterli däldigi üçin onuň sazlaryny halamaýardy. Hatda, Bahyň ogullary hem atasynyň döredijiligini umytsyz, könelip galan diýip hasaplaýardy. Olara miras bolup galan Bahyň golýazmalarynyň örän köp bölegini ýitirip goýberýärler.

Bahyň hor, solistler we orkestr üçin ýazylan örän uly eserinde — «Mattonyň joşgunly duýgulary» Mattonyň gürrüň edip beren Isanyň jepaly, duýgulary wasp edilýär.

Injildäki rowaýat esasynda Bah adamlary halas etmek üçin özüni gurban eden gahryman hakyndaky halk dramasyny beýan edýär.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

W.A. Mosart

Magaryf asyrynyň saz sungatyna uly goşant goşan ýene bir şahs **Wolfgang Amadeý Mosart** (1756—1791) boldy.

Ol Awstriýanyň gadymy gözel şäheri Zalsburgda dünýä indi.

Zamandaşlary Mosarty öz döwrüniň hakyky täsinligi diýipdir. Onuň durmuşy gysga, garyplyk, horluk we ýekelikde geçen bolsa hem, onda şatlyk we beýik söýgi, bagt we döredijilige ymtylmak üstünlik edýärdi.

Ol 3 ýaşyndan başlap sazy öwrenip başlady, 4 ýaşynda özüniň birinji konsertini ýazdy, 12 ýaşynda ýazan operasy birinji gezek Milan teatrynda goýuldy, 14 ýaşynda Mosart Italiýadaky iň abraýly saz akademiýasynyň akademigi boldy.

Durmuşynyň soňky on ýylyny Mosart Wenada geçirdi. Kompozitoryň «Figaronyň öýlenişi» operasy ony örän meşhur etdi. Operanyň aýdymlary hemme ýerde: köçelerde, meýdanlarda, aşhanalarda ýaňlanýar, ony, hatda köçe sazandalary hem ýerine ýetirýärdiler.

Kompozitoryň soňky eseri — «Rekwiýem» (*rekuem* — matam aýdymy, rahatlyk) buthanalarda merhumlaryň hatyrasyna bagyşlap ýerine ýetirilýärdi. Bu durmuş we ölüm hakyndaky, ynsanyň bu dünýädäki ykbaly hakyndaky eserdir. Mosarta onuň birinji ýerine ýetirilmegine çenli ýaşamak nesip etmedi.

L.W. Bethowen

Özüni beýik kompozitor Mosartyň mirasdüşeri diýip hasaplaýan adam **Lýudwig wan Bethowen (1770—1827)** dir. Ol 22 ýaşyndan başlap Wenada ýaşady. Agyr kesellik netijesinde gynalan we bütinleý eşitmän galan Bethowen boýun egmedi. Ol kesellige garşy göreşen ýyllarynda täsiriniň gudraty we gözelligi bilen adamlary haýran galdyran eserleri döretdi.

«Fantaziýa ýolunda sonata» («Aýdyň») — kompozitoryň bagtsyz söýgüsi hakyndaky eserdir. «Gahryman» simfoniýasy bolsa XVIII asyryň ahyrynda Fransiýada bolup geçen ynkylaby wakalaryň ruhy bilen ýugrulandyr.

Simfoniýa ilki başda Bonaparta bagyşlanypdy. Ol özüni imperator diýip yglan edenden soň kompozitor eserine «Gahrymannama» diýip täze at berdi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Simfoniýanyň merkezinde — boýun egmeýän pitneçiniň obrazy, ykbalyň her bir zarbalaryna çydam edip bilýän mert, gaýduwsyz ynsanyň keşbi ýüze çykdy.

Bethowen ömrüniň soňky günlerine çenli aňy, aýdyň güýçleriň dabarasy we ýeňişini wasp edýän eserler döretmek arzuwy bilen ýaşaýar.

XVIII asyr taryha Ýewropadaky gatlakly jemgyýetiň esaslaryna, monarhlaryň absolýut häkimiýetine garşy ruhy çagyryş bolup çykan Magaryf asyry hökmünde girdi. Magaryfçylyk taglymlary adamlaryň aňyny eýeläp, Ýewropa siwilizasiýasynyň keşbini üýtgedip goýberen maddy güýje öwrüldi.

Magaryfperwerlik taglymlary Demirgazyk Amerikada garaşsyzlyk üçin uruş ýyllary, Beýik fransuz ynkylaby döwründe köpçülikleýin haraktere eýe boldy. Magaryf döwrüniň ençeme taglymlary XIX asyrda, aýratyn hem, XX asyrda demokratik döwletleriň syýasy praktikasynyň, hukuky normalarynyň esasyna öwrülip, jemgyýetiň giň gatlaklarynyň arasynda boýun alyndy.

Magaryf asyrynda şekillenen ynsanyň azatlygy we deňligi ýaly taglymlar soňky asyrlarda Aziýa we Afrika halklarynyň arasynda ýaýrap, bu halklaryň hem göreşiniň mazmunyny düzdi.

1. Magaryf asyrynyň sosial we syýasy taglymlary haýsy akyldarlaryň atlary bilen baglanyşykly?
2. Magaryf asyrynyň çeper edebiýatynyň nähili öňdebaryjylaryny we olaryň esasy taglymlaryny bilýärsiňiz?
3. Magaryfperwerlik döwrüniň şekillendiriş sungatynyň wekillerinden kimleri bilýärsiňiz we olaryň eserleri nämesi bilen tapawutlanyp duryar?
4. Magaryf asyrynda saz sungaty dünýä haýsy meşhur kompozitorlary berdi?

J. Swiftiň «Gulliweriň syýahaty» romanyny kitaphanadan alyp okaň we täsirleriňizi depderiňize ýazyň.

Internediň kömeginde Mosartyň «Rekwiýem» we Bethoweniň «Gahrymannama» simfoniýasyny diňläň hem-de olar esasynda «Jadyly saz» atly esse ýazyň.

«Mosart» filmini görüň we netije çykaryň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

III BAP. XVI—XVIII ASYRLARDA AZIÝA WE AFRIKA DÖWLETLERI

13-nji tema: XVI—XVIII ASYRLARDA AZIÝA DÖWLETLERINIŇ ÖSÜŞINIŇ ESASY AÝRATYNLYKLARY

Ýewropa taryh ylmynda gündogara mahsus ösüş şekilini «däbe öwrülen siwilizasiýa», «däbe öwrülen jemgyýet» diýip atlandyrdy. Muňa köpçülik ýönekeý durmuş derejesi, dini çydamlylyk, ýer eýeçiliginiň özboluşly şekili, adamlaryň durmuşynyň döwlet tarapyndan tertibe salynmagy ýalylary esasy belgiler hökmünde girizýärler.

Gadymky siwilizasiýalar haýsy çäklerde peýda bolupdy?

Ösüşiň esasy ugurlary. Aziýa döwletlerinde Täze döwür olaryň koloniýalara öwrülmegi bilen bagly. Orta asyrlarda Gündogar döwletleri tebigatynyň beýlekilere görä sahylygy sebäpli özleriniň geografik we taryhy üstünliklerini

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

görkezip bildi. Ösen sosial zähmet bölünişigine, medeni ösüşiň örän ýokary derejesine, jemgyýetiň ruhy ösüşiniň örän ýokary basgançagyny aňladýan dini we ahlaky sistemany şekillendirmegine ýetdi. Gündogaryň Günbatardan üstünligi, aýratyn hem, asyrlaryň dowamynda toplanan ruhy mümkinçilikler, tejribe we bilimlere esaslanan intellektual güýçlerde aýdyň ýüze çykdy. Bu döwürde tehnik, tehnologik, guramaçylyk we medeni innowasiýalar giň ýaýran bolup, olaryň köpçüligi 300—500 we hatda 1000 ýyl geçenden soň Ýewropada peýda boldy, bir bölegi Gündogardan özleşdirildi. Ilatyň ösüş depgini hem ykdysady mümkinçilikleriň ýokarylygyndan delalat berýär.

Emma Täze döwrüň başlaryna gelip, Gündogar döwletleriň ösüşinde Ýewropa görä duýularly derejede yza galyp başlady. Munuň esasy sebäpleri hökmünde aşakdakylary görkezmek mümkin:

— Gündogar döwletlerinde harby harajatlaryň möçberi Günbatar döwletleriňkiden örän ýokarydy;

— XVI—XVII asyrlardan başlap, Gündogar döwletlerinde transport serişdeleri (gämiler, portlar, ýollar, kanallaryň gurluşy) we kommunikasiýa sistemasynyň (kitap çap etmek, sowatlylyk derejesi) ösüş depginleri Günbatar döwletlerine görä peseldi;

— Orta asyrlaryň ahyrlaryndan başlap, Gündogar döwletleri ýekelenmek ýa-da «ýapyk gapylar» prinsipine esaslanyp, aktiw daşary syýasat alyp barmady;

— Ýewropaly koloniýaçylaryň girip gelmegi bilen Gündogaryň ençeme döwletlerinde taryhy döredilen maddy, sosial we ruhy baýlyklary ösdürmegiň ýerine, tebigy resurslardan uzak wagt ekstensiw peýdalanmak netijesinde gelip çykan sosial-ykdysady krizis göze görünýärdi.

Ýewropa ekspansiýasy we koloniýaçylyk Aziýa döwletleriniň sosial-ykdysady gurluşyna örän ters täsir etdi. Siwilizasiýalaryň arasyndaky «mylakat» adamlaryň arasyndaky örän uly ýitgilere alyp geldi. Köpçülik ýagdaýlarda koloniýaçylyk giň gerimdäki talaňçylykdan ybarat bolup galdy.

Emma XVII asyryň ortalaryna çenli Günbataryň Gündogardan üstünligi diňe daşky görnüş bolup, bu döwürde Gündogar harby işde, maddy nygmatlary öndürmekde Ýewropadan örän öňdedi. Emma Gündogar hem bir meňzeş däldi. Gündogarda bir näçe dürli siwilizasiýalary tapawutlandyryp görkezmek mümkin.

Hytaý-konfutsiýlik siwilizasiýasy XVI asyrda dünýäniň iň ilaty köp we baý bölegi bolup galýardy. Adamlaryň ýönekeý durmuş derejesi, dini

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

çydamlylygy, ýer eýeçiliginiň özboluşly şekili, durmuş derejesiniň döwlet tarapyndan tertibe salynmagy ýalylar bu siwilizasiýanyň esasy belgileri hasaplanýar.

Ýaponiýanyň siwilizasiýasy düýbünden başgaça haraktere eýe. Ol Hytaýdan köp täzelikleri: ýazuw sistemasyny, maddy medeniýetiň örän köp bölegini kabul etdi. Şonuň üçin Ýaponiýanyň siwilizasiýasyny Hytaý siwilizasiýasynyň bir pudagy hem diýilýär. Emma Hytaýdan tapawutlylykda, ýapon jemgyýetinde şahs we onuň öz durmuş ýoluny erkin saýlamak hukugy gadagan edilmeýär. Ýaponiýanyň ilatynyň düzüminde Ýewropa dworýanlaryna degişli ýokary mertebeli rysarlar (samuraýlar) we knýazlar bolan Gündogardaky ýeke-täk döwletdi. Ösmegiň ýokary derejesi bu siwilizasiýanyň täsin alamatlaryndan



Günorta we gündogar Aziýa sebitleri

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

delalat berýär. Diňe Hytaýa mahsus tertipleri yglan eden Tokugawa režiminiň ornadylmagy ýapon jemgyýetiniň ösmegini togtadyp, ony wagtlaýynça aktiw halkara aragatnaşyklardan bölüp goýdy.

Hind siwilizasiýasy Hindistan we Günorta-gündogar Aziýa döwletlerine ýaýrady. Bu siwilizasiýanyň özboluşly tarapy hind jemgyýetinde adamlaryň sosial ýagdaýy onuň dogulyş faktory, ýagny ata-enesiniň jemgyýetdäki orny bilen belgilenýär.

Bu ýerde adamlar kasta (gatlak)lara bölünen bolup, ynsanyň jemgyýetdäki orny onuň haýsy kasta degişliligi bilen bagly.

Yslam siwilizasiýasynyň özboluşly taraplary onuň esasyny düzýän yslam dini musulmanlaryň diňe dünýägaraýşyny däl-de eýsem, durmuş derejesini hem belgiläp berýär. Yslam dini ähli musulmanlaryň deňligine esaslananlygy üçin ençeme halklaryň arasynda giňden ýaýrady.

XVI—XVII asyrlardan başlap, Gündogar döwletlerinde transport serişdeleri we kommunikasiýa sistemasynyň ösüş depginleri Günbatar döwletlerine görä peseldi.

Gündogarda orta asyr sistemasynyň krizisi, ilki bilen, ýere döwlet mülkçiliginiň bozulmagynda, merkezi häkimiýet we salgyt sistemasynyň gowşamagynda ýüze çykdy. Gündogar döwletlerinde köp asyrlaryň dowamynda ösüp gelýän feodal sistema birnäçe möhüm taraplara eýedi. Beýle taraplara jemgyýetde döwlet rolunyň ýokarylygyny, tire-taýpaçylyk we gulçulyk gatnaşyklarynyň galyndylarynyň saklanyp galmagy, jemgyýetiň ykdysady durmuşynda şäherleriň rolunyň pesligi ýalylary görkezmek mümkin.

XVII—XVIII asyrlarda Ýewropa we Aziýa halklarynyň özara gatnaşyklarynda düýpli özgerişler bolup geçdi. Öň olarda harby tehnika, hünärmençilik we söwdanyň ösüş derejesi biri-birine ýakyndy. Emma soňky döwür ýewropalylar üçin örän amatly geldi. Aziýanyň halklary bolsa dürli imperiýalaryň zulumyndan azat bolanynda, her gezek däp-dessurlaryny dikeltmek, basybalyjylykdan öňki sosial we syýasy durmuş tertiplerini gaýtadan ornatmaga hereket etdiler. Bu tertipler ýerli asylzadalara hem, giň halk köpçüligine hem basybalyjylaryň ornadan tertiplerinden gowrak, adalatlyrak duýulýardy. Öňki durmuşa gaýtmak pikirine Hytaýda hem, Hindistanda hem, köpçülik yslam döwletlerinde hem pugta amal edilýärdi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

- Hytaý-konfutsiýlik siwilizasiýasy — bu ...
- Ýaponiýa siwilizasiýasy — bu ...
- Hind siwilizasiýasy — bu ...
- Yslam siwilizasiýasy — bu ...

Täze döwürde hem şekillenen, hemme uýgunlaşyp galan, däbe öwrülen tertipleri ideallaşdyrmak Gündogar siwilizasiýasynyň möhüm tarapy bolup galdy. Hut şu tarap birinjiden, ençeme daşary basybalyjylyklar şertinde siwilizasiýanyň esaslaryny saklap galmaga mümkinçilik beýän bolsa, başga tarapdan, onuň ösüş depginlerini peseltdi, ylym we tehnika pudagyndaky täzelikleri ýaýratmaga, sosial durmuşy we önümçiligi düzmegiň täze usullaryny yglan etmäge päsgel berdi.

Ekstensiw – ösüşde hil özgerişlerine däl, diňe san taýdan köpelmäge we tiz netijelere gönükdirilen ösüş.

1. Hytaý-konfusiýlik siwilizasiýasynyň özboluşly taraplary nämelerden ybaratdy?
2. Ýaponiýa siwilizasiýasynyň özboluşly taraplary nämelerden ybaratdy?
3. Hind siwilizasiýasynyň başgalardan tapawutly taraplary nämelerden ybaratdy?
4. Yslam siwilizasiýasynyň başgalardan tapawutly taraplary nämelerden ybaratdy?

Döredijilikli iş ýumşy

T-tehnologiýasy esasynda Hytaý-konfusiýlik, Ýaponiýa, hindi, yslam siwilizasiýalarynyň umumy we tapawutly taraplaryny depderiňize ýazyň.

Kartadan peýdalanyp, Hytaý-konfusiýlik, Ýaponiýa, hindi, yslam siwilizasiýalarynyň ýerleşen ornuny tapyň.

14-nji tema: XVI—XVIII ASYRLARDA HYTAÝ

Syýasy durmuş. XVI asyryň ahyry — XVII asyryň başlarynda Hytaýda min dinastiýasynyň syýasatyndan närazylyk güýçlendi. Döwletde reformalaryň tarapdarlary bolan güýçler emele geldi. Döwlet dolandyryşyny reforma etmek, döwleti dolandyrmakda dogrudan-dogry imperatoryň roluny artdyrmak, şonuň

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýaly, ykdysady özgerişleriň üstünligini we öndürilýän önümleriň hilini gowulandyrmak üçin döwlet manufakturalary we ussahanalaryny hususylaşdyrmak, daýhanlaryň ýerlerini elinden almagy togtatmak, salgyda çekmek sistemasyny tertibe salmak ýalylar möhüm orun tutýardy.

Hytaýda ýer eýeçiligi gatnaşyklary haçan şekillenip başlady?

XVII asyryň başlarynda reformaçylar Pekinde häkimiýeti eýelediler we amalda öz maksatnamalaryndaky talaplary durmuşa geçirdiler. Emma köşk asylzadalarynyň garşylygy sebäpli reformaçylar häkimiýetden çetledilip, atylyp, köpçüligi sürgün edildi. Döwletiň hazynasyny ogurlamak, daýhanlaryň ýerlerini elinden almak, salgytlar we şahsy borçlaryny artdyrmak dowam ediberdi. Hytaýyň halkara ýagdaýy hem gitdigiçe beter bolup başlady.

Emma minler häkimiýeti üçin hökümdar sistema garşy gitdigiçe giň gerimdäki urşa öwrülip barýan daýhanlar gozgalaňlary, aýratyn hem, howpludy.

Çin (sin) dinastiýasynyň hökümdarlygy. XVI asyryň ahyrynda Amur derýasyndan günortada manjur taýpalarynyň soýuzy peýda boldy. Manjurlar öz döwletini düzüp, goňşy Mongoliýany boýun egdirdi. 1636-njy ýylda manjurlaryň serdary Abahaý özüni han, täze döwlete bolsa Çin (ýagny»sap», «arassa») diýip atlandyrdy.

Çinler Hytaýy eýelemek üçin uzak göreş alyp bardy. Şol döwürde Hytaýda halk gozgalaňlaryň öjükmegi we bir topar gozgalaňçylaryň Pekini eýelemegi hem çinlere kömek berdi. 1644-nji ýylda Pekine girip gelen manjurlar hökümdary Şunçji Hytaý imperatory diýip yglan edildi. Çinler Hytaýdaky daýhanlar gozgalaňyny basyp ýatyrdy. Ýerli watanperwerleriň Nankin şäherinde çinlere garşy ýeke-täk front düzmek üçin hereket etmegi hem üstünlik gazanmady. Soňky birnäçe ýylyň dowamynda çinlere garşy bolup geçen gozgalaňlar hem goşunlar tarapyndan rehimsiz basyp ýatyryldy.

Çinleriň bütin Hytaý çäklerini eýelemegi aňsat geçmedi. Her bir şäher aýgytly söweşler bilen alyndy. Uzak dowam eden uruşlardan soň Taýwan hem eýeläp alyndy we Hytaýyň çäkleri doly boýun egdirildi. Manjurlaryň çin dinastiýasy Hytaýda 1911-nji ýyla çenli hökümdarlyk etdi. Çinler XVII—XVIII asyrlarda özleriniň basybalyjylykly syýasatyny dowam etdirdi. Koreýa, Günbatar we Demirgazyk Mongoliýa, Wýetnam, Kaşgar boýun egdirildi, Birma hem çinlere wassallygy boýun aldy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ykdysady durmuş. XVI asyryň başlaryna gelip, Hytaýda agrar pudak ösüşiň örän ýokary derejesini gazanyp, ol döwletiň ykdysadyýetinde möhüm orun tutýardy. Iş gurallary ýönekeý bolsa-da, daýhanlar ilatyň esasy azyk bolan şalydan ýokary hasyl alýardy. Olar täze tehnologiýalar, meselem, şaly ekmegiň täze usulyny, ýokary hilli tohum taýýarlamak ýalylary yglan edipdi. Hytaýyň daýhanlary şalydan başga, pagta ýetişdirmekde hem uly üstünlikleri gazandylar.

Hytaýda ýere eýeçilik etmegiň iki sany esasy görnüşi — döwlet we hususy ýer eýeçiligi bardy. Emma hususy ýerler XVI asyryň dowamynda kemeldi. Daýhanlaryň ýerleri ýuwaş-ýuwaş uly ýer eýeleri, süýthorlar we emeldarlaryň ellerine geçdi. Ýerleriň köp bölegi imperatoryň mülküne öwrüldi.

Daýhanlar ýerleri kärendesine alyp, ekin ekýärdi. Kärende haky hasylyň 50 göterimini düzýärdi we bu daýhanlary haldan taýdyryp, olaryň närazyçylygyna sebäp boldy. Bu döwürde salgytlar hem yzygider artdy. Olar natural halda şaly bilen alynýardy we diňe XVI asyrdan salgytlar kümüş teňňe bilen tölenip başlandy. Bu kynçylyklar birnäçe daýhanlar gozgalaňlaryna alyp gelip, olar bütin imperiýanyň çäklerini gurşap aldy.

Şäherlerde ilatyň sany oba görä örän kemdi. Şäherliler, esasan, hünärmentçilik we söwda bilen meşgullanýardy. Mata dokamakda öz döwri üçin örän kämil enjamlar, şol sanda, suw bilen aýlandyrylýan gurluşlar hem ulanylýardy.

Binalaryň gurluşygynda göterme kranlara meňzeş gurluşlardan peýdalanylýardy. Şol döwürlerden saklanyp galan binalar bu günki günde hem özüniň pugtalygy we haýbaty bilen adamy haýran galdyrýar. Uly we berk gämiler gurup bilýän Hytaýly gämiçiler hem tehniki üstünlikleri gazanypdy.

Hytaý tehnik ösüşde Günbatardan gitdigiçe yza galyp gelýan bolsa-da, XVIII asyryň ahyryna çenli ol ykdysady taýdan dünýäniň iň gudratly döwletlerinden biri bolup galdy.

Ýewropalylaryň Hytaýa girip gelmegi. Hytaý rowaýata öwrülen baý döwlet hökmünde ýewropalylarda hemişelik gyzyklanma döredip gelipdir. Ýewropalylar Hytaýyň tehniki üstünliklerini özleşdirip almaga hereket edipdirler. Beýik geografik açyşlardan soň güýçlenen bu hadysa XVII asyrda hem dowam etdi. Ispaniýa Filippini eýeläp alandan soň, töwerekdäki adalarda söwda bilen meşgullanýan müňlerçe Hytaý raýatlaryny ýok edip goýberdi. Edil şeýle wagşylyk soňra hem gaýtalandy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

XVII asyrda Hytaýyň kenarlarynda golland gämileri peýda boldy. Olar Taýwan adalarynyň bir bölegini eýeläp aldy. Şeýle hem, Angliýa hem bu çäklere gyzyklanma bildirip başlady. Iňlisler Guançjou çäklerine ýerleşip, bu ýerde söwda alyp barmak üçin Hytaý hökümetinden razylyk aldy. Ýewropalylar Hytaýdan ýüpek we farfor alyp gidip, bu ýere temmäki we okatar gurallar alyp gelýärdi.

XVIII asyryň 70-nji ýyllarynda Russiýa Hytaý bilen özara aragatnaşyklar ornatmaga hereket etdi. Emma iki döwletiň arasynda Uzak Gündogarda we Merkezi Aziýada täsir üçin göreş muňa ýol bermedi. Soňra iki tarapyň arasynda ýaragly çaknyşyklar bolup geçdi.

Ýewropalylar Hytaýdan ýüpek we farfor alyp gidip, temmäki we okatar gurallary bu ýere alyp gelýärdi.
XVIII asyryň 70-nji ýyllarynda Russiýa Hytaý bilen özara aragatnaşyklar ornatmaga hereket etdi.

XVI—XVIII asyrlarda Hytaý medeniýeti. Minler döwründe Hytaý medeniýeti gülläp ösdi. Öňki döwürleriň iň gowy üstünliklerini özüne siňdirip alan jemgyýet ösüşiň täze basgançagyna göterilip başlady.

Bu döwürde gadymy din we dünýägaraýyşa esaslanan medeniýeti Täze döwür talaplaryna laýyklaşdyrmak başlandy. Minler döwrüniň iň meşhur alymlaryndan biri Wan Ýanmin Hytaýlylar dünýägaraýyşyň esasy bolan konfusiýlikden geçmezden, bu taglymy özgeren taryhy ýagdaýa laýyklykda, täzeçe düşündirip başlady.

- 1636-njy ýylda — ...
- 1644-nji ýylda — ...
- XVI asyr — ...
- XVIII asyryň ahyryna çenli — ...

Çinler döwrüne gelip, edebiýatda hem uly üstünlikler gazanyldy. Gadymky halk rowaýatlary esasynda «Günbatara syýahat» romany döredilip, onda Hytaýly ruhanynyň täsinlik gözläp Hindistana eden syýahaty suratlandyrylýar. Bu roman kitapsöýüjileriň ençeme nesillerinde uly täsir galdyrdy.

XVI—XVII asyrlarda teatr sungatynyň iň meşhur görnüşi, umummilli teatra öwrülen, kunsýuý boldy. Onda aktýorlar nykap geýip rol oýnapdyr. Kunsýuý esasynda şekillenen Pekin operasy bütin dünýä meşhur boldy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şekillendiriş sungatynda geçmiş däp-dessurlary dowam etdirildi. Minler döwründe Şekillendiriş sungat akademiýasy gaýtadan diklendi. Çeper eserlere şekillendiriş bezeg bermek sungaty ösdi, peýzaž sungaty hem gülläp ösdi. Hytaýly ussalar, diňe öz ýurtlarynda däl-de, eýsem Günbatar Ýewropa döwletlerinde hem örän gadyrlanýan farfor, mata, laklanan miniatýuralar döretmekde uly üstünlikler gazandylar.

Şeýlelikde, çin dinastiýasy döwründe Hytaý öz gudratynyň has ýokary derejesine ýetdi. XVIII asyryň ahyryna gelip, Günbatar döwletleriň Hytaýa sokulyp gelmegi we ony koloniýa aýlandyrmak rejesini amala aşyryp başlan bolsalar-da, Hytaý Aziýanyň iň uly we gudratly döwleti bolup galýardy. Emma ykdysady we syýasy yza galaklyk netijesinde Hytaý Günbatar döwletleriniň ýarym koloniýasyna öwrüldi.

Peýzaž sungaty — şekillendiriş sungatynda tebigaty aňladýan žanry.

1. Manjurlaryň serdary Abahaýyň işi hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
2. Hytaýyň XVII—XVIII asyrlardaky basybalyjylyk syýasaty hakynda nämeleri öwrendiňiz?
3. XVIII asyryň 70-nji ýyllarynda Russiýa — Hytaý gatnaşyklarynyň özboluşly taraplary nämelerden ybaratdy?
4. XVI—XVIII asyrlarda Hytaý medeniýetiniň ösmeginiň özboluşly taraplary nämelerden ybaratdy?

Döredijilikli iş ýumşy

Konseptual tablisa esasynda XVI—XVIII asyrlarda Hytaýyň ösmeginiň özboluşly taraplaryny analiz ediň.

Kartadan peýdalanyp, **XVI—XVIII asyrlardaky Hytaý serhetlerine** anyklyk giriziň.

15-nji tema: XVI—XVIII ASYRLARDA HINDISTAN

Baburylar imperiýasynyň esaslandyrylmagy. XVI asyrda Hindistan syýasy dagynyklyk ýagdaýynda bolup, özara içki dawalar we uruşlar döwleti haldan taýdyrypdy. Hindistandaky içki syýasy ýagdaýa gözegçilik edip duran Kabul hökümdary Zahiriddin Muhammet Babur ýagdaýdan peýdalanmaga karar

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

etdi we Hindistany eýelemek üçin harby ýöriş başlady. Bu döwürde Demirgazyk Hindistandaky Deli soltanlygynda owganlaryň lodylar dinastiýasyndan bolanYbraýym Lody hökümdarlyk edýärdi.

Ol 1526-njy ýylyň 21-nji aprelinde Baburyň goşunyna garşy bolan Panipat söweşinde ýeňlip, heläk boldy.

Orta asyrlarda Hindistanda haýsy dinastiýalar höküm sürýärdi?

Deli soltanlygynda Babur tagta çykdy we Baburylar dinastiýasyna esas saldy. Babur 1530-njy ýyla çenli, wepat edýänçä Hindistanda hökümdarlyk etdi. Baburyň wesýetine görä, tagta onuň uly ogly Humoýun oturdy. Emma Humoýuna garşy birleşen ýerli asylzadalar 1540-njy ýylda ony tagtdan agdardylar. Söweşde ýeňlen Humoýun Eýranyň şasy Tahmasp I -iň saraýyndan pena tapdy. Hindistanda tagty owganlaryň sur taýpasyyň serdary Şerhan eýeläp aldy. Humoýun uzak söweşlerden soň 1555-nji ýylda Delini gaýtadan aldy, emma köp geçmän wepat etdi. Tagta Humoýunyň ogly Akbar geldi. Ol Baburyň nesilleriniň arasynda iň meşhury, beýik reformaçy hökmünde at gazandy. Bu şa Hindistanyň taryhynda «Beýik Akbar» ady bilen atlandyrylýar. Akbar 1556-1605-nji ýyllarda Hindistany dolandyrdy. Ol hem harby, hem diplomatik usullaryň kömeginde ähli musulman beklerini we hindi rajalaryny özüne boýun egdirdi.

Akbarşanyň reformalary. Akbarşanyň hökümdarlyk eden ýyllary imperiýanyň altyn döwri boldy. Akbarşa merkezleşen döwlet we güýçli häkimiýeti gurmak maksadynda imperiýany welaýatlara bölüp, olara öz wekillerini saýlady. Salgyt sistemasy hem reforma edilip, imperiýa çäklerinde ýeke-täk söwda salgydy yglan edildi, halysa we jogirdarlaryň ýerlerinden deň mukdarda salgyt öndürilýän boldy. Bütin imperiýa üçin bir meňzeş uzynlyk we agyrlyk ölçeg birlikleri hem-de Mürze Ulugbek sistemasyna esaslanan ýeke-täk kalendar yglan edildi. Döwletde saraýlar, arhitektura binalary we baglar guruldy. Ylym, sungat we daýhançylyk ösdi. Ýollary abatlamak, kerwensaraýlar gurmak hem-de deňiz ýollary arkaly Ýewropa döwletleri bilen söwda-satyk işlerini alyp barmaga uly üns berildi.

Reformalaryň arasynda Akbara iň uly şöhrat getireni bu dini reforma boldy. Adamlar yslam, hinduizm we başga birnäçe dinlere uýýan köp dinli Hindistanda Akbarşa dini ylalaşdyryjy syýasatyny alyp bardy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ol döwleti dolandyrmaga musulmanlar bilen birlikde hindleri hem çekdi, musulman bolmadyklardan alynýan jan salgydy — jizýany ýatyrdy, hindileriň zyýarat menzillerinden alynýan salgydy hem ýatyrdy. Akbarşa öz döwletinde dini ylalaşyk syýasatyny alyp baryp, hindileriň arasynda yslam dininiň ýaýramagynyň tarapdary boldy we şol bir wagtda, hindileriň her taraplaýyn kemsidilmegini inkär etdi.

Beýik Akbar

Akbarşa filosofiýa, din, edebiýat we taryh ylmyny gowy eýelän bilimli hökümdardy. Ol hindiler bilen musulmanlaryň agzybirlikde ýaşamaklaryny gazandy. Akbarşanyň alyp baran adalatly syýasaty Baburylar döwletiniň uly imperiýa öwrülmeginde, onuň ýerli ilat we emeldarlar tarapyndan goldanmagynda uly rol oýnady. Bu bolsa, öz gezeginde, imperiýanyň kuwwatynyň we şan-şöhratynyň ýene-de artmagyna hyzmat etdi.

Akbarşa Hindistanda alyp baran adalatly syýasaty sebäpli «Milli patyşa», «Halk hökümdary» atlaryna hem sezewar bolupdyr. Ol 1605-nji ýylda aradan çykypdyr.

- 1526-njy ýylyň 21-nji aprelinde...
- 1530-njy ýyl ...
- 1556—1605-nji ýyllarda ...
- Akbarşa — ...

Akbarşanyň reformalary musulman asylzadalary we dini fanatikleriň närazylygyna sebäp boldy. Närazylaryň arasynda Akbarşanyň ogly, mirasdüşer Jahangir Mürze hem bardy. Ol tagta gelmegi bilen, atasynyň ençeme reformalaryny ýatyrdy.

Imperiýada krizisiň başlanmagy. Akbarşanyň mirasdüşerleriniň syýasaty imperiýanyň ykdysady ýagdaýyny agyrlaşdyrdy. Döwletiň hazynasynda girdejiler kemelip gitdi. Beýle ýagdaýda imperiýadan bölünip çykmak, bölünmeklik duýgusyny güýçlendirdi. Netijede, Baburylar imperiýasy krizise ýüz tutup başlady. Beýle ýagdaý, aýratyn hem, Şah Jahanyň ogly Awrangzeb Alamgir hökümdarlyk eden ýyllarynda (1658—1707) has-da öjükdi. Özara ganly çaknyşyklar netijesinde tagta gelen Awrangzeb bölünip barýan imperiýany saklap galmagyň ýoly

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hökmünde yslam dininiň düzgünlerini berk yglan etmäge girişdi. Musulman bolmadyklardan alynýan jizýa salgydy gaýtadan dikeldildi, hindiler üçin galan ähli salgytlary iki esse artdyrdy, olara öz baýramlaryny belläp geçmegi gadagan etdi, hindi ybadathanalaryny bozup taşlamagy buýurdy. Netijede, döwletiň ähli künjeginde halk gozgalaňlary başlanyp gitdi.

XVIII asyryň başlaryna gelip, imperiýa parçalanyp başlady. Armiýa özüniň öňki kuwwatyny ýitirdi, ýerli hökümdarlaryiň özbaşdaklygy artdy. Şeýle ýagdaýda Hindistana ilki eýranlylar, soňra owganlar çozup girip, döwleti talady. Babury hökümdarlarynyň häkimiýeti gitdigiçe gowşady. Döwlet feodal dagynyklyga gaýdyp, Ýewropalylaryň girip gelmegi üçin amatly şert döredildi.

♦ 1658—1707-nji ýyllarda ...

Ýewropalylaryň Hindistana girip gelmegi. Ýewropa döwletleriniň maksady Hindistanyň uly baýlyklaryna, hasyldar ýerlerine eýe bolmakdy. Baburiýler imperiýasynyň krizisi sebäpli Ýewropa hökümdarlary öz maksatlaryny amala aşyrmaga başlady. Meselem, 1757-nji ýylda Beýik Britaniýa Bengaliýany basyp aldy. Bu baý çäk Beýik Britaniýanyň gelejekdäki basybalyjylyk rejelerini amala aşyrmakda esasy wezipesini ödedi. Şeýlelikde Beýik Britaniýanyň Hindistany ýuwaş-ýuwaşdan öz koloniýasyna aýlandyrmak döwri başlandy. Bu hadysada Beýik Britaniýanyň Ost-Indiýa kompaniýasy örän uly rol oýnady. XVIII asyryň ahyrlaryna gelip, özüniň ähli duşmanlaryny ýeňen Ost-Indiýa kompaniýasy dagynyk we gowşak Hindistany boýun egdirmekde öňdebaryjylyk etdi.

Medeniýet we sungat. Baburiýler döwründe Hindistan ylmy, medeniýeti we sungaty ösmegiň täze basgyçlaryny zabt etdi. Hindistanda matematika, medisina ýaly ylymlar şol döwürdäki Ýewropa ylmyndan örän öňdedi. Edebiýatda hem ösüş döwri başlandy. Akbarşanyň saraýynda hind edebiýatynyň «Mahabharat», «Ramaýana» ýaly meşhur eserleri terjime edildi. Gündogar halklarynyň beýik şahyry, akyldar alymy Mürze Abdulkadyr Bedil hem şu döwürde Hindistanda döredijilik etdi.

Bu döwür döredijileriniň arasynda iki beýik hind şahyry — Tulsidas we Surdas tapawutlanyp duryardy. Tulsidas «Ramaýana» sýužetleriniň esasynda «Ramanyň mertlikleri» atly örän uly poema döretdi. Rowaýat etmeklerine görä,

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

XVIII asyrda Hindistan

dogma kör bolan Surdas Krişnanyň durmuşy hakyndaky aýdyň poemalaryň awtorydy.

Baburiýler döwrüniň arhitekturasy özüniň saldamy, bezegleriniň baýlygy, musulman binagärçiligi we hind saraý arhitekturasynyň däp-dessurlarynyň

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Täjmahal

uýgunlaşmagy bilen tapawutlanyp duryar. Bu döwürde döredilen arhitektura ýadygärliklerineň iň meşhury, dünýä binagärçilik sungatynyň täsin dürdänelerinden biri bolan Täjmahaldyr. Ony Şah Jahan özüniň söýgüli aýaly Mumtaz Mahala bagyşlap gurdurypdyr.

Şeýlelikde, Baburylar döwründe öz ösüşiniň täze basgançagyny başdan geçiren Hindistan XVIII asyrdan başlap, iňlisleriň koloniýasyna öwrülip başlady.

Döwletdäki ykdysady pese gaçma, syýasy dagynyklyk we özara uruşlar iňlisleriň Hindistany basyp almagy üçin mümkinçilik döretdi.

1. Hindistanda Baburylar imperiýasy nähili ornadyldy?
2. Akbarşa we Awrangzebiň imperiýada alyp baran syýasatyny deňeşdiriň, olaryň meňzeş we tapawutly taraplaryny tapyň.
3. Baburylar imperiýasynyň gowşap başlamagyna sebäp bolan faktorlary belläň.
4. Nähili faktorlar ýewropalylaryň Hindistana girip gelmegi üçin mümkinçilik döretdi?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Döredijilikli iş ýumşy

«Baburnama» we «Humoýunnama» eserlerinden peýdalanyp, «Baburylar dinastiýasynyň dünýä siwilizasiýasyna goşan goşandy şundan ybarat, ...» temasynda esse ýazyň.

Internediň kömeginde **Hindistanda Baburylar döwrüne** wirtual syýahat gurnaň we temada öwrenilen materiallar esasynda taryhy wakalary analiz ediň.

16-njy tema: XVI—XVIII ASYRLARDA ÝAPONIÝA WE KOREÝA

Ýaponiýa Uzak Gündogarda, Ýuwaş okeanyň adalarynda ýerleşip, ony «Günçykar döwlet» diýip atlandyrypdyrlar.

Ýaponiýada ýer eýeçiligi gatnaşyklary haçan üzül-kesil şekillendi?

Orta asyrlaryň dowamynda Hytaý Ýaponiýanyň ösüşine örän uly täsir görkezdi. Bu täsir, aýratyn hem, min dinastiýasynyň hökümdarlygy döwründe Hytaýyň medeniýetinde, suratkeşçiliginde, edebiýatynda, binagärçilik sungatynda, filosofiýa we harby pudagynda has-da ösdi.

Syýasy sistema. XVI—XVIII asyrlarda Ýaponiýanyň ilaty taýpalara bölünip, welaýatlary feodallar — daýmeler dolandyrýardy, olaryň elinde dworýan — samuraýlar hyzmat edýärdi. Döwletiň depesinde resmi imperator otursa hem, syýasy häkimiýet amalda harby hökümdar — sýogunyň elindedi.

Tokugawa Ieýasu

Bu döwürdäki iň möhüm syýasy waka bütin Ýaponiýanyň merkezleşen ýeke-täk döwlete birleşmegi boldy.

Döwleti birleşdirmekde üç meşhur taryhy şahs: Oda Nobunaga, Toýotomi Hideýosi we Tokugawa Ieýasonuň hyzmatlary uly boldy. Olar bilelikde söweşjeň armiýa düzüp, döwletiň raýatlaryny uruş girdabyndan alyp çykmaga miýesser boldular Olardan Tokugawa Ieýasu 1603-nji ýylda sýogun derejesini

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

kabul etdi we Edo (häzirki Tokio) şäherini paýtagt edip, üçünji sýogunlyga esas saldy. Bu döwlete Tokugawa sýogunlygy diýip atlandyryldy. Tokugawalar Ýaponiýany birleşdirmek işini gutarandan soň, ony 1867-nji ýyla çenli dolandyrdy. Döwletde tokugawa dinastiýasynyň absolýut häkimiýeti ornadyldy. Emma bu taýpa adyna bolsa-da, imperator häkimiýetiniň dahylsyzlygyny saklap galdy. Çünki ýapon halky üçin imperator Hudaýyň nesli hasaplanýardy.

Özüni-özi bölüp goýmak. Beýik geografik açyşlardan soňra Ýaponiýada Ýewropalylar peýda bolup, hristian dini hem ýaýrap başlady. Ýewropaly missionerler ony ýaponlaryň arasynda zor berip ýaýratdylar. Emma köpçülik missionerler din nykaby astynda ýapon halkyny kyn ýagdaýda galdyrmagy, Ýaponiýanyň özbaşdaklygyny ýok edip, ony basyp almagy maksat edip goýupdylar. Ýaponiýada XVI asyryň ahyrynda kabul edilen kanuna görä, ähli hristian missionerleri döwletden kowup goýberildi.

1614-nji ýylda sýogun hristian dinini gadagan edýän kanun çykardy. Kanun hristian dinini döwlet duşmany diýip yglan etdi. Budda dinini hormat etmeýän ähli şahslaryň Ýaponiýadan çykyp gitmegi talap edildi. Şeýlelikde Ýewropa koloniýaçylary Ýaponiýadan kowup goýberildi. Bu ýagdaý Ýaponiýanyň Ýewropa bilen gatnaşyklaryna öz täsirini görkezmän galmady.

Netijede, Ýaponiýa daşary dünýäden özüni-özi bölüp goýdy. Sýogun özüni-özi bölüp goýmak syýasaty arkaly Ýaponiýanyň koloniýa öwrülip galmak howpunyň öňüni almak maksadyny hem göz öňünde tutupdy.

- 1603-nji ýylda ...
- 1867-nji ýylda ...
- XVI asyryň ortalaryndan ...
- 1614-nji ýylda ...

1603-nji ýylda Ýaponiýada üçünji sýogun dinastiýasy — Tokugawa maşgalasynyň hökümdarlygy başlandy.

Ýosimune reformalary. Ýosimune tokugawa dinastiýasynyň iň meşhur döwlet işgäri hökmünde tanaldy. Ol tokugawa dinastiýasyndan çykan sekizinji sýogun bolup, 1716—1745-nji ýyllarda hökümdarlyk etdi.Ýosimune tarp ýerleri özleşdirmegiň hasabyna daýhançylyk edýänleri höweslendirmek syýasatyny alyp bardy. Suwaryş binalarynyň sistemasyny kämilleşdirdi. Ýeri satmak, satyn almak ýa-da kärendesine bermegi gadagan edýän kanun çykardy. Döwlet we jemgyýet

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

durmuşyny tertibe salmakda onuň yglan eden «100 maddaly Perman» diýip atlandyrylýan kanunlar toplumy uly ähmiýete eýe boldy.

XVI—XVIII asyrlarda Koreýa

Ýaponiýanyň hüjümi. XVI asyrda Koreýada merkezleşen döwletiň ýuwaş-ýuwaşdan gowşap barmagy goňşularyň hüjümine sebäp boldy. Aýratyn hem, günortada Ýaponiýa tarapyndan howp güýçlendi.

Nähili faktorlar gadymky Çosonyň üç korollyga bölünip gitmegine alyp geldi?

1592-nji ýylda Ýaponiýanyň goşuny Koreýanyň çäklerine çozup girdi we koreýs goşunlarynyň garşylygyny ýeňip, Seuly, Phenýany eýeledi. Döwletiň köp bölegi ýapon goşunlary tarapyndan basyp alyndy. Olar asuda ilata rehimsiz gatnaşykda boldular.

Döwletde ýapon basybalyjylaryna garşy halk urşy başlandy. Basyp alnan çäklerde «Hak iş üçin» halk partizan toparlary düzüldi. Halk goşunlarynyň hereketlerine Li Sun Siniň komandirligi astyndaky koreýs flotunyň ýeňişleri goltgy boldy. Li Sun Siniň floty ýapon flotuny derbi-dagyn etdi.

Elli müňe golaý Hytaý goşunynyň kömege gelmegi koreýsleriň ýaponlara garşy göreşini ýeňilleşdirdi. 1593-nji ýylda Hytaý we Koreýanyň birleşen goşunlary Phenýan we Seuly azat etdiler.

1592-nji ýylda Ýaponiýanyň goşuny Koreýanyň çäklerine basdyryp girdi.
1593-nji ýylda Hytaý we Koreýanyň birleşen goşunlary Phenýan we Seuly azat etdiler.

Ýaponlaryň basybalyjylygy döwletde uly ruhy we maddy ýitgilere alyp geldi. Sürülýän ýer meýdanlary gysgalyp gitdi. Emeldarlaryň arasynda parahorluk we jenaýatçylyk, halkyň arasynda bolsa açlyk we mergi keselligi köpeldi. Döwlet indi aýaga galan wagtynda, oňa manjurlaryň hüjümi başlandy.

Koreýa manjurlaryň basyp girmegi. Hytaýda öz hökümdarlygyny ornatmaga hereket edýän manjurlar 1627-nji ýylda Koreýa basyp girdiler. Olar koreýs goşunynyň garşylygyny ýeňip, ençeme şäherleri eýeläp aldylar we taladylar. Koreýs hökümeti basybalyjylar bilen gepleşikler alyp bardy. Iki tarapyň

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

arasynda gol çekilen parahatçylyk şertnamasyna görä, Koreýa Hytaýyň kömeginden we onuň bilen soýuzdaşlyk gatnaşyklaryndan geçmelidi.

Manjur goşunlary Koreýa täzeden hüjüm başlady. Manjurlar Seuly eýelediler. Alaçsyz galan Koreýa ýeňildi. 1637-nji ýyldaky täze şertnama görä, Koreýanyň koroly özüni manjurlaryň wassaly diýip boýun aldy. Koreýs hökümeti minler dinastiýasy bilen bolan gatnaşyklaryny togtatmak we manjurlara Hytaýa garşy uruşda kömek bermek, her ýylda ýer salgydyny töläp durmak borçnamasyny aldy. Manjurlara tölenýän uly möçberdäki ýer salgydy tozan ilata agyr ýük boldy we Koreýanyň ýagdaýyny ýene-de agyrlaşdyrdy.

Sosial ösüş. Agyr ykdysady we syýasy krizis Koreýanyň hökümdarlaryny döwletde reformalar geçirmäge mejbur etdi. Ilatyň öňdebaryjy gatlagy hem hökümeti şoňa çagyrýardy. Feodal gatnaşyklaryň garşy bolmagyna seretmezden, döwletde ýerli bazarlar emele geldi, ýarmarka we iri söwda merkezleri peýda boldy, Hytaý we Ýaponiýa bilen söwda aragatnaşyklary giňeldi.

Korol Ýongjo (1725—1776) döwründe döwleti ösdürmek maksadynda reforma geçirildi. Böwetler, suw ammarlary guruldy, açlyk ýagdaýy üçin ýörite galla ammarlary guruldy. Şonuň ýaly, bürünçden spirtli içgiler taýýarlamak gadagan edildi we käbir döwlet salgytlary ýatyryldy ýa-da kemeldildi. Sorag edilýän wagtynda jezanyň iň agyr görnüşleri (aýaklaryny döwmek) gadagan edildi.

Kabuki teatrynyň aktýorlary

Korol Ýongjo döwründe daýhanlaryň uly ýer eýelerine şahsy tabynlygyny ýatyrmak we gul aýalyň agtygynyň azat ynsan bolmagy hakynda deklarasiýa yglan edildi. Gowşan feodal gurluşy pugtalandyrmaga bolan bu hereketler 1785-nji ýylda düzülen «Kanunlaryiň beýik toplumy» diýip atlandyrylan resminamada öz beýanyny tapdy. Emma uly ýer eýeleri we emeldarlaryň hökümdarlygyny pugtalandyrmak maksadynda edilen munuň ýaly käbir eglişikler, döwletdäki bütin feodal gurluşyň çuň krizisini saklap bilmedi. Döwlet güýçli döwletleriň koloniýa çäklerine öwrülýärdi.

Medeniýet we sungat. Ýaponlaryň durmuşynda sungat aýratyn rol oýnaýar. Älemiň bitewiligini duýmaga ymtylmak, daş-töweregimizdäki gözelligi görüp bilmek ukyby ýaponlaryň harakteriniň özboluşly taraplarydyr.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

XVI—XVIII asyrlarda ortada ýerleşen galanyň töwereginde ýapon bagyny döretmek sungaty ösdi. Köp etažly jaýyň depesi gaýtarylan binalar uçup barýan uly guşa meňzeýärdi.

XVII asyrda däp bolan ýapon teatry — **kabuki** (aýdym, tans, talant) peýda boldy. Bu teatryň aktýorlary diňe erkekler bolup, olaryň ýüzleri çylşyrymly usulda grim edilýärdi.

Täze döwürde ýapon poeziýasy hem ösdi. Poeziýanyň iň giň ýaýran žanry kapiýalaşmadyk bäş setirli lirik şygyrlar bolup, olar «Damja suwda deňiz görünýär» diýen çeper ugur esasynda ýazylan. Muňa hokku žanrý diýip at berip, onuň iň görnükli wekillerinden biri Masuo Basýody.

Täze döwürde Koreýada hem bizdäki bagşylyk sungatyna meňzeş aýdymçylyk giň ýaýrapdyr. Munuň bilen halk döredijiligi edebiýat adyny aldy we ýazma edebiýat hökmünde hem dowam etdirildi. Şekillendiriş sungatynda hem halk döredijiligi, koreýs halkynyň durmuşyndan parçalary görkezmek däp-dessurlary güýçlendi. Hytaýyň peýzaž usuly girip geldi. Bu «dag we suwy şekillendirmek» žanry bolup, bu žanrda döredijilik eden suratkeşlerden Çon Son, Li Mýonuk, Kim Hondonyň çyzan suratlary örän meşhurdy.

Şeýlelikde, XVI—XVIII asyrlaryň dowamynda Ýaponiýa birleşip, ýeketäk merkezleşen döwlete öwrüldi, umumýapon milli bazary emele geldi. Içki reformalar hem-de akylly-başly daşary syýasat alyp barylmagy sebäpli, köpçülik Aziýa döwletlerinden tapawutlylykda öz özbaşdaklygyny saklap galmaga miýesser boldy.

Koreýada bolsa amala aşyrylan reformalar bar bolan sistemanyň krizisini saklap galyp bilmedi. Döwlet Hytaý, Ýaponiýa, Russiýa we Ýewropa döwletleriniň kolonial obýektine öwrüldi.

Sýogun (***sýo*** — general, gun — goşun) — XVII—XIX asyrlarda Ýaponiýada häkimiýeti dolandyran asylzadalar topary.

Kabuki (agmak, özüni alyp gaçmak) — Ýaponiýada XVII asyryň ahyrynda giňden ýaýran klassyky teatr görnüşi. Onda drama, tans we saz elementleri jemlenen, aýallaryň rollaryny hem erkekler ýerine ýetirýär.

Samuraý (***saburau*** — hyzmat etmek) — feodal Ýaponiýadaky harby-feodal gatlak.

1. Oda Nobunaganyň Ýaponiýanyň taryhyndaky hyzmatyna baha beriň.
2. Toýotomi Hideýosi we Tokugawa Ieýasolaryň Ýaponiýa üçin eden hyzmatlaryny deňeşdiriň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3. Nähili faktorlar Täze döwürde Koreýanyň güýçsizlenmegine alyp geldi?
4. Ýaponiýa we manjurlar basybalyjylygy Koreýanyň ykdysady üçin nähili netijeleri alyp geldi?

Döredijilikli iş ýumşy

Tekstden peýdalanyp, Ýaponiýa we Koreýa döwletleriniň Täze döwürde gazanan üstünlikleri we kemçiliklerini SWOT çyzgysy esasynda analiz ediň we depderiňize ýazyň.

Tema degişli «Soňky samuraý» çeper filmini görüň we netije çykaryň.

17-nji tema: XVI—XVIII ASYRLARDA OSMANLAR IMPERIÝASY

Imperiýanyň ösüşi. XVI asyryň başlarynda bütin imperiýa welaýatlara, welaýatlar bolsa sanjak (tümen)lara bölünipdi. Welaýatlary wali, sanjaklary bolsa sanjakbeý dolandyrýardy. Imperiýanyň esasy daýanjy onuň goşunydy.

Osmanlar dinastiýasynyň esasçysy Osman döwründe amala aşyrylan reformalary bilýärsiňizmi?

Imperiýa basyp alan çäklerindäki daýhançylyk ýerlerini döwlet mülki diýip yglan etdi. Soltan bu ýerleri özüniň sypahlaryna (atly esgerlerine) harby borçnamasynyň öwezine bölüp berdi. Olaryň mukdary her dürlüdi. Sypahlar şeýlelikde öz hojalyklaryna eýe boldular. Olar öz ýerlerini daýhanlara kärendesine berýärdi. Şol sanda harby hereketlerde gatnaşmak sypahlaryň gerdenine, zerurlyk peýda bolanda soltanyň permanyny ýerine ýetirmek bolsa sanjakbeýlere berkidilipdi. Şonuň ýaly, olar öz ýerinden alýan girdejiniň mukdaryna laýyk görnüşde ýaragly esgerler hem alyp gelmegi şertdi. Sypahy hojalygynyň girdejisini kärendeçi daýhandan alynýan salgyt düzýärdi. Mundan başga, imperiýanyň hemişelik pyýada goşuny — **ýaniçarlar** (täze goşun), şeýle hem, güýçli harby deňiz floty hem bardy. Bu faktorlar XVI asyrda hem Osmanlar imperiýasyna giň gerimde basybalyjylyk uruşlary alyp barmak mümkinçiligini berdi. Bu döwürde Eýran imperiýanyň Aziýadaky iň iri duşmanyna öwrülipdi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

XVII asyrda Osmanlar imperiýasy

Soltan Salim I 1514-nji ýylda Eýran şasy Ysmaýyl Sefewiýiň goşunyny der-bi-dagyn etdi. Bu ýeňiş soltanyň Eýran şasynyň soýuzdaşy bolan Müsür soltanlygyna garşy ýörüşiň başlanmagyna ýol açdy. Soltan Selim I ilki bilen Siriýany we Palestinany basyp aldy. **1517-nji ýylda** bolsa Müsüriň paýtagty Kair şäheri eýelendi.

Imperiýa diňe Aziýa we Ýewropada däl, eýsem Afrikada hem koloniýalara eýe boldy. Imperiýanyň çäkleriniň giňelmegi iri söwda ýollarynyň hem Türkiýäniň gözegçiligi astyna geçmegine alyp geldi. Bu faktorlar imperiýanyň merkezi häkimiýetiniň hem-de harby kuwwatynyň ýene-de güýçlenmegini üpjün etdi. Netijede, Türkiýäniň söwda ugrundaky halkara abraýy Ýewropa, Aziýa we Afrika döwletleriniň arasynda ýene-de artdy.

Soltan Selim I

Içki ýagdaý. Imperiýanyň gudraty diňe soltan-laryň akylly başly syýasaty sebäpli amala aşmazdan,

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

eýsem zähmetkeşleri ekspluatasiýa etmegi güýçlendirmegiň, kolonial ülkelerden alyp gelnen köp mukdardaky baýlyklaryň hasabyna hem artypdy. Ekspluatasiýanyň barha güýçlenmeginden ýaňa tozan daýhanlar şäherlere, daglara gaçyp gidip başladylar. Soltan munuň öňüni almak maksadynda ýer eýelerine gaçyp giden daýhanlary mejbury görnüşde alyp gelmek hukugyny berýän ýörite perman çykardy.

Daýhanlaryň tozmagy we köpçüliginiň gaçyp gitmegi XVI asyryň ortalaryndan başlap oba hojalygynyň pese gaçmagyna alyp geldi.

Şeýlelikde Türkiýäniň harby kuwwatynyň pese gaçmak döwri başlandy. Günbatar Ýewropada merkezleşen döwletler, güýçli merkezi häkimiýet emele gelen bir şertde Türkiýe güýçden gaçyp başlaýar.

1684-nji ýylda Ýewropa döwletleri Türkiýä garşy **«Mukaddes liga»** düzdüler.

XVI asyryň ahyry — XVII asyryň başlarynda Türkiýe öňküsi ýaly hüjüm ediji güýje eýe däldi.

- **Wali** — bu ...
- **Sanjakbeý** — bu ...
- **XVI asyryň ortalaryndan başlap** ...
- **1684-nji ýylda** ...

Ýewropa döwletlerine tabynlygyň başlanmagy. Gitdigiçe Türkiýede ykdysady krizis döwri başlandy. Beýle şertde Türkiýe Ýewropa döwletleriniň kömegine daýanmaly boldy. Ýewropa döwletleriniň söwdagärlerine örän uly ýeňillikler berlip başlandy. Meselem, Fransiýanyň söwdagärleri üçin bary ýogy üç göterim mukdarynda gümrükhana pajy yglan etildi. Netijede, Türkiýäniň bazarlary Ýewropanyň harytlaryna doldurylýar. Bu bolsa ýerli hünärmentçilige dikeldip bolmaýan putur ýetirýär. Daşary syýasatda bolsa Türkiýe, birinji nobatda, Angliýa we Fransiýa bilen ýakynlaşyp başlady. Soltanlaryň öňünde olar Russiýa garşy göreşde imperiýanyň soýuzdaşy bolmalydy. Angliýanyň we Fransiýanyň hökümetleri hem bu ýagdaýdan öz bähbitleri ugrunda peýdalanyp galmaga hereket etdiler. Olaryň kömeginden umydygär bolan Türkiýe **XVIII asyrda** Russiýa bilen birnäçe gezek uruşlar alyp barýar, emma ýeňilýär. Şowsuzlyk Türkiýede höküm sürýän orta asyr gatnaşyklarynyň krizisine sebäp boldy.

Keramatly Çalabiý

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ylym, medeniýet we sungat. XVII asyrdan Ýewropanyň öňdebaryjy taglymlarynyň täsiri astynda iri şäherler, esasan, paýtagt Stambulda dünýewi ylymlary ösdürmäge hereket başlanýar. Bu döwürde beýik türk alymy **Koşib Çalabiý**, matematika we astronomiýa pudagynda **Hizr Halpa Tabariý**, **Keramatly Mehmet Çalabiý**, **Mustafa Koşipzoda** ýaly alymlar saldamly iş alyp barypdyr.

Şu döwürde türk edebiýatynda hem özboluşly öňe gidişlik göze göründi, iri eserler döredildi. Şolardan **Keramatly Çalabiýiň «Syýahatnama»** eseri taryhy-etnografik çeşme hökmünde aýratyn ähmiýete eýe.

Binagärçilikde hem XVII asyryň ahyry — XVIII asyryň başlarynda düşnüksiz, millilikden örän uzak bolan gatyşyk stiller döredildi. Hakykatda bolsa, XV—XVII asyrlarda türk arhitektorlary beýik taryhy ýadygärlikleri döredipdi. Aýratyn hem, XVI asyryň beýik arhitektory Sinan özüniň gaýtalanmajak binalary bilen türk binagärçiliginiň ösüşine uly goşant goşdy.

XVII asyr türk binagärçiliginiň ajaýyp nusgalary hökmünde soltanyň Topkopy saraýyndaky Bagdat we Rawon köşklerini hem aýdyp geçmek bolar. Bu döwürde nakgaşlyk we miniatýura sungaty hem gowy ösdi. Nakgaşlykda bezeg serişdesi hökmünde, esasan, miniatýura suratlaryndan we ýazgylaryndan peýdalanylýardy.

Ýewropanyň medeniýetiniň täsirine seretmezden, Täze döwürde türk medeniýeti, esasan, milliligi we özboluşlygy saklap galdy. Emma imperiýada başlanan syýasy we ykdysady krizis medeniýetiň ösüşine hem öz täsirini ýetirmän galmady.

Gepiň gysgasy, orta asyrlaryň gudratly imperiýasy bolan Osmanlar döwleti Täze döwre gelip, giň gerimli krizisi başyndan geçirdi. Birnäçe reformalary amala aşyrmak üçin bolan hereketlerine seretmezden, döwlet Günbatar döwletleriniň ýarymkoloniýasyna öwrüldi.

Liga — soýuz, birleşme.

Imperiýa — dili, dini, medeni däp-dessurlary biri-birinden tapawutlanýan dürli halklary güýç bilen birleşdiren döwlet.

1. Osmanlar imperiýasynyň taryhynda XVI asyr nähili orun tutdy?
2. Türkiýäniň Ýewropa döwletlerine tabynlygy nähili bolup geçdi?
3. Türkiýedäki Fransiýa söwdagärlerine nähili ýeňillikler berildi we näme üçin şeýle edildi?
4. XVIII asyrda Türkiýe — Russiýa gatnaşyklary hakynda nämeleri öwrendiňiz?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Internediň kömeginde **XVI—XVIII asyrlarda Türkiýe döwletine** wirtual syýahat gurnaň. Täsirleriňizi depderiňize ýazyň.

18-nji tema: XVI—XVIII ASYRLARDA EÝRAN

Sefewiýler dinastiýasynyň hökümdarlygynyň ornaşdyrylmagy. XV asyryň ahyrynda Eýran merkezi häkimiýete boýun egmeýän birnäçe özbaşdak çäklere bölünip gidipdi. Munuň netijesinde özara içki uruşlar gitdigiçe öjükdi. Bu bolsa döwletiň ösüşine örän ýaman täsir edip başlady. Netijede, döwlet güýçden gaçdy. Eýranyň pese gaçmagy Türkiýäniň çozuş howpuny gitdigiçe güýçlendirýär.

Eýranda düzülen haýsy özbaşdak döwlet Altyn orda bilen Kawkaz aňyrsyna eýelik etmek meselesinde bäsdeşlik edip başlapdyr?

Netijede, Eýrany ýeke-täk döwlete birleşdirmek durmuşy zerurlyga aýlanyp galdy. Bu taryhy wezipe serkerde, Eýranda uly syýasy abraýa eýe bolan Ardebil şäheriniň häkimi Ysmaýyl Sefewiý tarapyndan amala aşyryldy.

Ysmaýyl I Sefewiýiň alyp baran uruşlary netijesinde uly-uly çäkleri eýeledi, 1502-nji ýylda bolsa Töwriz şäherini eýeländen soň, ol özüni şahanşa diýip yglan edýär. Şeýlelikde taryha «Sefewiýler döwleti» ady bilen giren döwlet emele geldi. Döwletiň düzümi Eýrandan daşary çäkleriň hasabyna giňelipdir. Paýtagt edip Töwriz şäheri belgilendi. Ysmaýyl I Sefewiý merkezleşen döwlet düzüp galmazdan, ony öz döwrüniň gudratly döwletlerinden birine hem aýlandyryp bildi.

Ysmaýyl I Sefewiý merkezi häkimiýeti pugtalandyrmak maksadynda ýer eýeçiliginiň **suýurgal** şeklini bütinleý diýen ýaly ýatyrylýar. Onuň ýerine **tiýuly** girizilýär.

Emma bu çäre iri ýer eýeleriniň merkeze boýun egmezlige ymtylmalaryny togtadyp bilmändir.

Sefewiý hökümdarlary dyngysyz basybalyjylyk uruşlaryny alyp barypdyrlar. Sefewiýler döwletiniň düzümine girizilen tabyn döwletleriň halklarynyň azatlyk göreşi rehimsizlik bilen basyp ýatyryldy.

Şa Apbas I-iň hökümdarlyk döwri. Apbas I-iň döwründe (1587—1629) iň iri ýer eýeçiliginiň özbaşdaklygy ýatyrylyp, Sefewiýler döwleti öz gudratynyň

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýokary derejesine ýetýär. Bu ýer eýeleri bir wagtlar Sefewiýlere uly kömek beripdir, şonuň ýerine soňky şalar döwründe örän uly-uly çäklere özbaşdak eýeçilik edip gelýärdiler. Olar amalda bu özbaşdak çäkleriň hanlarydylar.

Şa Apbas I

Apbas I döwletiň paýtagtyny Töwriz şäherinden **Yspyha**na göçürýär. Döwletiň salgyt ulgamynda tertip ornatdy we salgytlaryň mukdary kemeldildi. Söwda-satyk we hünärmentçiligi ösdürmäge aýratyn üns berýär. Täze-täze kerwensaraýlar we söwda ýollary guruldy. Söwda kerwenleri garakçylara garşy rehimsiz göreşdi. Daşky syýasatda giň gerimli söwda-satyk ýola goýuldy. Bu bolsa Eýranyň içki we daşary söwdasynyň ösüşine alyp geldi. Täze-täze suwaryş desgalary hem guruldy. Mundan başga, Apbas I hemişelik goşun hem döredýär.

Ykdysady pese gaçyşlygyň başlanmagy. XVIII asyrdan başlap Sefewiýler döwletinde ykdysady krizis başlandy. Munda ýer eýeçiliginiň tiýul şekliniň mukdarynyň barha köpelmegi netijesinde döwlete garaşly ýer mukdarynyň we döwlet hazynasyna düşýän girdejiniň kemelmegi sebäp boldy.

Munuň öňüni almak üçin soňky hökümdarlar daýhanlaryň töleýän salgyt mukdaryny artdyrypdyrlar. Netijede, daýhan hojalyklary tozupdyr, söwdagär we hünärmentleriň ýagdaýy erbetleşipdir, jan salgydynyň (jizýa) mukdary hem artypdyr.

Netijede, daýhanlar üçin ýeri kärendesine alyp güzeran geçirmekden peýda galmady. Daýhanlaryň güzeran görmek üçin başga ýerlere gitmekden özge çäreleri ýokdy. Emma şa Soltan Hüseýin muňa ýol goýmazlyk üçin 1710-njy ýylda daýhanlaryň ýeri taşlap gitmegini gadagan edýär.

Daýhan hojalygynyň tozmagy içki söwdanyň ýiti kemelmegine alyp geldi.

- XV asyryň ahyrynda Eýran ...
- 1710-njy ýylda ...
- 1502-nji ýylda ...
- Apbas I döwri ...

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Owganlaryň basyp alyşlary. Ykdysady krizis, öz nobatynda, ilatyň dürli gatlaklarynyň arasynda närazyçylyklary getirip çykardy. Şol bir wagtda iri ýer eýeleriniň merkezi häkimiýete boýun egmezligi we basyp alnan ülke halklarynyň azatlyk üçin göreşi güýjeýär.

Meselem, 1722-nji ýylda Owganlar öz öňdebaryjysy Mir Mahmudyň ýolbaşçylygynda dargap barýan Eýrana hüjüm etdi. Eýran şasy Soltan Hüseýin häkimiýeti Mir Mahmuda tabşyrmaga mejbur boldy. Şeýlelikde Eýranyň taryhynda Owganlara tabynlyk döwri başlandy.

Nedirşanyň häkimiýet başyna gelmegi. Bu döwürde Sefewiýler dinastiýasynyň hökümdarlygy adyna bolsa-da, heniz dowam edýärdi. Soňky hökümdar Tahmasp II amalda hiç hili häkimiýete eýe däldi. Munuň üstesine, onda halky türk we Owgan basybalyjylaryna garşy göreşe galkyndyrýan ukyp hem bolmandyr. Şeýle şertde Eýranda gujurly, uly leşkerbaşyçylyk ukybyna eýe bolan Nedir Guly göreş meýdanyna çykdy. Ol Owgan goşunyny bütinleý derbi-dagyn etip, Eýrany Owganyň tabynlygyndan azat etdi. Nedir Guly Sefewiýler döwletiniň düzümine girýän ähli çäklerde öz häkimiýetini ornadyp, 1736-njy ýylda ähli taýpalarynyň asylzadalarynyň gurultaýynda özüni Eýran şasy **Nedirşa** diýip yglan etmegi gazandy. Şeýlelikde Sefewiýler dinastiýasynyň hökümdarlygy bütinleý ýatyryldy.

Nedirşa uly basybalyjylyk uruşlary netijesinde uly imperiýa düzdi. Emma ol 1747-nji ýylda özara içki dawalar netijesinde öldürildi.

Kojarlar dinastiýasynyň hökümdarlygynyň ornaşdyrylmagy. Nedirşa aradan çykandan soňra imperiýa birnäçe böleklere bölünip gitdi. Eýranda dürli taýpalaryň arasynda tagt üçin göreş öjükdi. Bu göreşde esasy roly zend we kojar taýpalary oýnady. Olaryň arasyndaky göreş **1758-nji ýylda** zend taýpasynyň ýeňişi bilen gutardy. Bu taýpanyň wekilleri **1796-njy ýyla** çenli hökümdarlyk etdiler. **1796-njy ýylda** bolsa häkimiýeti kojarlar eýeläp aldy.

1722-nji ýylda Owganlar öz öňdebaryjysy Mir Mahmudyň ýolbaşçylygynda pese gaçyp galan Eýrana hüjüm etdi.

Apbas I döwründe Sefewiýler döwleti öz gudratynyň ýokary derejesine ýetdi.

Nedir Guly 1747-nji ýylda özara içki dawalar netijesinde öldürildi.

Şeýlelikde Eýranda täze nesil — gajarlar dinastiýasynyň hökümdarlygy ornadyldy. Döwletiň paýtagty Tähran şäherine göçürildi. Gajarlaryň baştutany Aga

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Muhammet özüni şahanşa diýip yglan etdi. Täze dinastiýa Eýranda **1925-nji ýyla** çenli hökümdarlyk etdi.

Hatoiý

Edebiýat, sungat we binagärçilik. XVI—XVII asyrlarda hem Eýranyň gadymy medeni däp-dessurlary dowam etdirildi. Aýratyn hem, şäher gurluşygy, amaly sungat we poeziýada däp-dessurlaryň dowamylygy saklanyp galdy. Bu döwürde şahyrlar **Hatoiý** (Ysmaýyl I Sefewiý), **Sadykbeg Afşar**, Soib Tabriziý, kürt klassyk edebiýatynyň görnükli wekili **Ahmet Hasaniý**, kürt şahyry **Mürze Şafik** we başgalar döredijilikli işlediler.

Şekillendiriş sungaty we binagärçilik ýokary derejä göterildi. Ajaýyp saraýlar, medrese we metjitler guruldy. Bularyň hatarynda Yspyhanda gurlan Şah metjidi, Şyh Lutfulla metjidi, Aly Kapa we Çehel Sotun saraý ansambllary özüniň nepisligi we haşamaty bilen tapawutlanyp duryar.

Bu döwür Eýran miniatýurasy dünýä klassyk çeper sungatynyň iň ýokary nusgalaryndan hasaplanýar. Yspyhan bu sungat görnüşiniň merkezine öwrüldi. Miniatýura sungatynyň ösmegine **Hyratdaky Begzat** mekdebi uly täsir etdi.

XVIII asyrda hem medeni däp-dessurlar dowam etdirildi. Emma döwletdäki ykdysady yza galaklyk we syýasy pese gaçmaklyk edebiýat we sungata hem öz täsirini görkezdi. Mundan başga, ýewropalylaryň girip gelip başlamagy hem azaly däp-dessurlara täsir görkezmän galmady. Bazar talabyndan gelip çykyp, haly we başga amaly sungat enjamlaryny öndürmäge üns güýçlendi. Bu bolsa Eýran medeniýetiniň soňky asyrlardaky ösüş ugruny kesgitläp berdi.

Netijede, dyngysyz özara uruşlaryň, gozgalaňlaryň netijesinde XVIII asyra gelip, Eýran hem ykdysady, hem syýasy krizise ýüz tutdy. Bu bolsa döwlete Ýewropa koloniýaçylarynyň girip gelmegi üçin mümkinçilik döretdi. Güýçsizlenip galan Eýran Ýewropa döwletleriniň, birinji orunda Angliýa we Fransiýa hem-de patyşa Russiýasynyň koloniýaçylyk obýektine öwrüldi. Netijede, Eýran ýokardaky döwletler bilen birnäçe deň bolmadyk şertnamalaryna gol çekip, olaryň ykdysady we syýasy ekspansiýasyna giň ýol açyp berdi.

Tiýul — emeldarlara hyzmat wezipesini ýerine ýetirmek möhletine, şanyň öňündäki aýratyn hyzmaty üçin wagtlaýyn ýa-da ömürlik möhlete berilýän ýer. Emma beýle ýerleri miras galdyrmak mümkin bolmandyr.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1. Eýranda Sefewiýler dinastiýasy nähili ornadyldy?
2. Sefewiýler merkezi häkimiýeti pugtalandyrmak maksadynda nähili çäreleri amala aşyrypdyrlarž
3. Nedirşa nähili şertde häkimiýet depesine geldi we name üçin onuň häkimiýeti uzaga barmady?
4. Eýranda kojarlar dinastiýasynyň häkimiýet depesine gelmegi nähili bolup geçenligi hakynda nämeleri öwrendiňiz?

Döredijilikli iş ýumşy

Tekstden peýdalanyp, depderiňize **XVI—XVIII asyrlarda Eýranyň taryhyna** degişli taryhy hronologiýanyň döwürleýin yzygiderligini düzüň.

19-njy tema. XVI—XVIII ASYRLARDA AFRIKA DÖWLETLERI

Afrika taryhyny siwilizasion göz garaýyş bilen iki bölege — Sahara çölünden demirgazyga we günorta bölüp öwrenmek dogry bolýar.

Demirgazyk Afrika. Materigiň Sahara çölünden demirgazyk böleginde Müsür, Sudan, Liwiýa, Alžir, Tunis, Marokko we Mawritaniýa ýaly arap döwletleri ýerleşen bolup, olar VII asyrdan başlap yslam dini we medeniýetiniň täsirinde ösdi. XVI asyrda köpçülik arap döwletleri Osmanlar tarapyndan basyp alyndy. Mamluklar hökümdarlygy astynda bolan **Müsür** hem birinjilerden bolup öz özbaşdaklygyny ýitirdi. **1517-nji ýylyň** başynda Selim I-iň armiýasy Müsüriň paýtagty Kairi eýeläp, ony talady we weýran etdi.

Türkleriň basybalyjylygy döwletdäki bar bolan sosial-ykdysady gatnaşyklara uly özgertmeler girizmedi. Diňe mamluklaryň syýasy häkimiýeti agdarylyp, ähli feodallar öz mülkleri we ýeňilliklerini saklap galdylar. Müsür aýratyn patyşalyk adyny aldy we amalda ýarym özbaşdak döwletdi. Ýerli dolandyryş häkimiýeti doly mamluk emirleriniň elinde saklanyp galdy. Türkler mamluklaryň dolandyryş tejribesinden, ýerli şertinden, ilatyň däp-dessurlaryny gowy bilmekden öz bähbitleri ugrunda peýdalanýardylar.

Müsürde önümçilik tehnikasy entek örän ýönekeý bolsa-da, manufakturalardaky içki zähmet bölünişigi önümleriň köpelmegine alyp geldi. Netijede, içeri we daşary söwda tiz ösdi. Müsür Ýewropa we goňşy Aziýa döwletleri bilen gyzgyn söwda gatnaşyklaryny alyp bardy. XVIII asyryň ahyryna gelip, diňe Kair

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

şäheriniň özüni hasaba alanda daşary ýurtlar bilen söwda alyp barýan 5 müň söwdagär iş alyp barýardy.

XVIII asyryň 60-njy ýyllarynda başlanan mamluk asylzadalarynyň özara uruşlary Müsüriň ykdysady ýagdaýyna ýaman täsir etdi. Olaryň özbaşdaklygy, daýhanlaryň we hünärmentleriň üstünden eden zalymlyklary döwletde närazylygy güýçlendirip goýberdi. Türk hökümdarlygynyň we mamluklaryň zulumyna garşy başlanan halk hereketine Kairdäki al-Azhar metjidiniň görnükli şyhlary ýolbaşçylyk etdiler. Olaryň çagyryşy bilen **1795-nji ýylyň** ýazynda Kairli hünärment we söwdagärler öz dükanlaryny ýapdylar. Mamluk hökümdarlary şyhlar bilen gepleşikler alyp barmaga mejbur boldy hem-de zorluk we kanunsyzlyklary togtatmaga söz berdi.

1798-nji ýylda Napoleonyň ýolbaşçylygyndaky fransuz goşunlary Müsüre çozup girdi we Kair şäherini zabt etdi. Al-Azhar metjidi şu döwürde başlanan fransuz basybalyjylygyna garşy halk hereketiniň hem merkezine aýlandy. 1800-nji ýylda fransuzlar Müsüri terk etmäge mejbur boldular.

XVI asyryň başlarynda ispanlar **Alžire** basdyryp girip, onuň kenar boýy çäklerini eýeläp aldylar. Ispanlara garşy halk hereketine ýolbaşçylyk eden serkerde Haýriddin kömek sorap Türkiýä ýüz tutdy. Osmanlaryň soltany Salim I Demirgazyk Afrikada ýerleşip almak üçin pursatdan peýdalanmaga hereket etdi we Haýriddine beklerbegi (beýlerbeýi) wezipesini berdi, Alžire uly ýaniçarlar korpusyny, harby gämileri, artilleriýa we maliýe kömegini goýberdi. Türkleriň kömegine esaslanan Haýriddin ýuwaş-ýuwaş Alžir şäherini ispanlardan azat etdi. Alžir resmi taýdan Stambula boýun egse-de, döwletiň patyşasy özbaşdak diýen ýaly syýasat alyp bardy.

XVI asyrdan **Liwiýa** hem ýewropalylaryň girip gelmegi başlanýar. 1510-njy ýylda Tripoli ispanlar tarapyndan zabt edildi. Liwiýalylar hem kömek sorap soltan Salim I-e ýüz tutdy. Musulmanlary azat etmek şygary astynda hereket eden türkler **1551-nji ýylda** bütin Liwiýany imperiýa goşup aldy. XVIII asyrdan başlap, Liwiýa diňe adyna Stambula boýun egip, özbaşdak içeri we daşary syýasaty alyp bardy.

XVI asyrdan başlap, ispanlar we türkler **Tunise** hem gyzyklanma bildirdi. Netijede, **1574-nji ýylda** Tunis kenarlaryna gelip düşen 40 müň adamly türk goşunlary bu ýerde hem ispanlaryň hökümdarlygyny ýatyrdy.

Sudan we Marokko öz özbaşdaklygyny saklap galdy. Marokko Osmanlar imperiýasy we Ýewropa döwletleri bilen söwda şertnamalaryny düzüp, mundan uly peýda aldy. Döwlet gowy ösdi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Günbatar Afrika. Ýewropalylar, esasan hem, portugallaryň we ispanlaryň Günbatar Afrika çäklerine girip gelmegi XV asyrda başlandy. **1434-nji ýyldan 1482-nji ýyla** çenli portugallar we ispanlar Ýaşyl burundan Kongo derýasyna çenli bolan kenarlaryň çäklerini öwrenip çykmakdy. Portugaliýalylar ilki bilen bu ýerden altyn alyp gitdiler. Çünki bu wagtda Ýewropa bazarlarynda gullara onça zerurlyk ýokdy.

Ynsanyýet taryhynda gulçulyk haçan peýda bolupdy?

Amerika materigini hemişelik koloniýa öwürmegiň başlanmagy we bu ýerdäki ýerli hindularyň dürli sebäpler bilen gyrlyp gitmegi netijesinde işçi güýje mätäçlik peýda boldy. Bu mätäçlik, aýratyn hem, plantasiýaly hojalyk peýda bolan çäklerde örän güýçlidi. Beýle işçi güýjüniň çeşmesi, esasan, Günbatar Afrikanyň ýerli ilaty bolup, soňky birnäçe ýüz ýylyň dowamynda bu ýerler örän uly gul bazaryna öwrüldi.

XVI asyryň ahyryna çenli gul söwdasy bilen diňe portugallar meşgullanýardy. Olar Günbatar Afrikanyň kenarlarynda ýerleşip, ýuwaş-ýuwaş Senegal we Gambiýa derýalarynyň kenarlaryndan materigiň içine girip bardy. Emma bu giň çäklerde güýçli döwletler bolup, portugaliýalylar özlerini basybalyjylar ýaly tutup bilmeýärdiler. Şol sebäpli olar esasy ünsi Aşaky Gwineýa, Atlantik okeanyň kenar ýakalarynyň ýerlerine gönükdirdi.

Baatu halklarynyň ýeri işläp bejermek prosesi

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Portugaliýalylar kenary dört sany çäge bölüp, bu çäkleri olardan alnýan esasy harydyň ady bilen atlandyrdylar. Häzirki Demirgazyk Liberiýanyň kenarlary Burç kenary, Pil Süňki kenary, Altyn kenar, Wolta we Niger deryalarynyň aralygy bolsa Gul kenary diýip atlandyrylýar.

XVI asyryň ahyryna gelip, Amerikanyň Ispaniýa, Angliýa we Fransiýa koloniýalaryna öwrülen ähli çäklerinde plantasiýa hojalygy giň ösdi. Netijede, gullaryň zähmetine mätäçlik hem artyp barýardy. Afrikadaky işçi güýji bazaryny eýelemek üçin Ýewropa döwletleriniň arasynda güýçli göreş başlandy. Bu göreşiň netijesinde Afrika ilaty örän uly zyýan gördi.

XVII asyrdan gul söwdasynda öňdebaryjylyk etmegi gollandlar öz eline aldy we Amerikadaky ispan koloniýalaryna afrikaly gullary ýetirip berdiler. Emma gullar bazarynda Gollandiýanyň hökümdarlygy hem uzaga barmady. XVII asyryň ikinji ýarymyndan koloniýa bazarlaryny eýelemek üçin göreşe Angliýa we Fransiýa goşuldy. Iňlis we fransuz plantatorlarynyň öz hojalyklaryny giňeltmegi sebäpli gullaryň zähmet bazaryny özleri eýelemäge, öz harytlaryna altyndyr-kümüş bilen hak alýan portugal hem-de golland söwdagärleriniň hyzmatyndan ýüz öwürmäge hereket etdiler. Gul söwdasyna, şonuň ýaly, Şwesiýa, Daniýa, Brandenburg ýaly döwletler hem goşuldy. Ýewropanyň güýçli döwletleriniň arasyndaky bäsdeşlik göreşi XVII asyryň ikinji ýarymy we bütin XVIII asyrda dowam etdi. Bu göreş meýdany Afrika materigi, aýratyn hem, Günbatar we Merkezi Afrika boldy.

Gul söwdasy onuň bilen meşgullanýanlara we söwdagärlere örän uly peýda getirdi. Ýewropadaky we Amerikadaky Bristol, Liwerpul, Mançester, London, Nant, Ruan, Amsterdam, Nýu-Ýork, Täze Orlean, Rio-de-Janeýro ýaly ençeme şäherleriň tiz ösmegi we güllemegi gul söwdasyndan gelýän peýda bilen baglydy.

XVI—XVIII asyrlarda Ýewropaly gulpuruşlar Amerika **15—16 million** gul alyp geldi. Araplar hem musulman döwletlerine takmynan şonça gul ýetirip berdi. Gullaryň köpçüligi olary tutulýan we alyp gidilýän wagtynda heläk bolýardy. Diňe bir Atlantik okean arkaly amala aşyrylan gul söwdasy wagtynda **60—70 million** afrikaly heläk boldy.

Gul söwdasy Afrikanyň ilatynyň tebigy ösüşini togtadyp galman, eýsem afrikalylaryň jemgyýetini adatdan daşary ösüş ýoluna hem burup goýberdi. Gul söwdasy afrikalylaryň jemgyýetinde mülki we sosial deňsizligi güýçlendirdi, taýpa sistemasynyň bozulmagyna, taýpa Aksakallarynyň arasyndan gulpuruşlar gatlagynyň şekillenmegine alyp geldi. Gul söwdasy Afrika halklarynyň güýçsizlenmegine, biri-birine bolan ynamynyň gaçmagyna we ýigrenç duýgusyna

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

sebäp boldy. Gul söwdasy Afrikanyň haldan taýmagynyň öwezine Ýewropa we Amerika döwletleriniň ykdysady taýdan gülläp ösmegi üçin hyzmat etdi.

- 1517-nji ýylda ...
- 1551-nji ýylda ...
- 1795-nji ýylda ...
- 15—16 million ...

Gul söwdasynyň Afrika üçin iň agyr netijelerinden biri psihologik ýagdaý boldy: ynsanyň durmuşy gadyrsyzlandy, gul eýeleriniň we gullaryň pese gaçmagyna alyp geldi. Gulçulygyň iň gaýryynsany görnüşi — jynsparazlyk aňyýeti emele geldi. Ýewropalylar Afrikany zabt etmek we koloniýalara bölüp almakdaky özleriniň gaýryynsany we ahlaksyz hereketlerini aklamak üçin bu aňyýetden örän ussatlyk bilen peýdalandylar.

1798-nji ýylda Napoleonyň ýolbaşçylygyndaky fransuz goşunlary Müsüre basyp girdi.

Atlantik okean arkaly amala aşyrylan gul söwdasy wagtynda **60—70 million** afrikaly heläk boldy.

XVI—XVIII asyrlarda Demirgazyk Afrika döwletleri Osmanlar imperiýasynyň düzümine goşup alyndy. Bu ýagdaý şu çäge ýewropalylaryň täsirini kemeldip, ýerli arap halklarynyň yslam siwilizasiýasy çäklerinde özboluşly özbaşdak ösmegi üçin mümkinçilik döretdi.

Günbatar Afrika ýewropalylaryň girip gelmegi materigiň tebigy baýlyklarynyň tiz özleşdirilmegine, gulçulyk we gul söwdasynyň ösmegine alyp geldi. Gul söwdasy afrikalylaryň taryhynda örän pajygaly yz galdyrdy.

Mamluk — orta asyrlarda Müsürde bar bolan harbylar gatlagy. Olar, esasan, kawkazly we türki halklaryň wekillerinden ybarat ýetginjek gullardan düzülendir.

Jynsparazlyk — ähli jynslaryň deň dälligi, halklaryň taryhy we medeniýetine jynsy tapawutlaryň aýgytly täsir etmegi barasyndaky aňyýetli düşünjeleriň jemi.

1. Müsüriň Osmanlar tarapyndan zabt edilmegi bu ýerdäki sosial-ykdysady gatnaşyklarda nähili özgerişlere alyp geldi?
2. Günbatar Afrika ýewropalylaryň girip gelmegi haçan başlandy?
3. Ýewropalylarda gul söwdasyna zerurlyk haçan peýda boldy?
4. Gul söwdasy afrikalylar üçin nähili netijeler alyp geldi?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

IV BAP. 1800—1870-NJI ÝYLLARDA ÝEWROPA WE AMERIKA DÖWLETLERI

20-nji tema: 1800—1870-NJI ÝYLLARDA BEÝIK BRITANIÝA

Senagatyň ösmegi. Bu döwürde Beýik Britaniýada senagat gülläp ösdi. Dokmaçylyk, metallurgiýa, maşyn gurluşygy, kän senagaty öňdebaryjy orun eýeledi.

Angliýanyň taryhynda «Gyzyl we ak güller» urşy haçan bolup geçipdir?

Maşynlaşan önümçilik netijesinde 1816-njy ýylda Beýik Britaniýada maşynlar 150 mln adamyň el zähmetine deň işi ýerine ýetirýärdi. Hakykatda bolsa, bu döwürde Beýik Britaniýanyň ilaty 12 mln adamdan ybaratdy.

XIX asyrda maşyn gurluşygynda dürli görnüşdäki stanoklaryň döredilmegi önümçilikde ynkylaba deň açyş boldy. Stanokgurluşygyň ösmegi metaly gaýtadan işlemäge mümkinçilik berdi. Indi bir maşynyň kömeginde başga ýene bir maşyn döredilýän boldy.

Senagatyň ösüşi transportyň täze görnüşiniň peýda bolmagyny aňladýardy. Muňa görä, **1825-nji ýylda** Beýik Britaniýada **dünýäde ilkinji demirýol** guruldy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Angliýa senagat öwrülişigi döwründe

Bu hadysa döwletiň dürli regionlaryny biri-biri bilen birleşdirdi hem-de ýük daşamagyň arzanlaşmagyna alyp geldi. Şol bir wagtda içki bazar hem giňeldi.

Netijede, zawod we fabrik eýeleri köpräk önüm öndürip başladylar. Demiryol gurluşygynyň başlanmagy, öz nobatynda, çoýuna, demire we polada bolan mätäçligi artdyrdy. Senagatyň täze pudagy — parowoz gurluşygy peýda boldy. Bu bolsa gudratly söwda we harby deňiz flotuny düzmäge mümkinçilik döretdi.

XIX asyr ynsanyýetiň taryhyna bug maşynlarynyň ulanylyş asyry bolup girdi. Döwlet durmuşyndaky bu özgerişleriň Beýik Britaniýanyň «deňizler hökümdary» abraýyny has-da pugtalandyrdy. Şu döwürde oba hojalygynda hem maşynlar we mineral dökünlerden peýdalanmak başlandy. Uly-uly senagat kärhanalaryny gurmak dowam etdi. Demiryollar we iri senagat kärhanalarynyň gurluşy örän köp serişde talap edýärdi. Bu bolsa täjirçilik banklarynyň gudratyny has-da artdyrdy. Olar indi halkara gerimde hem iş görkezip başladylar.

Döwletde senagat önümçiliginiň konsentrasiýalaşmagy bolup geçdi. Dünýä taryhynda birinji gezek döwlet ykdysadyýetinde öňdebaryjylyk oba hojalygyndan senagata geçdi. Beýik Britaniýa dünýäniň birinji senagatlaşan döwletine öwrüldi.

Senagat öwrülişiginiň ýatyrylmagy. XIX asyryň 40-njy ýyllaryna gelip, senagatyň gülläp ösmegi we ylmyň ösüşi täze bir hadysa — senagat öwrülişiginiň ýatyrylmagyna alyp geldi.

Senagat öwrülişiginiň ýatyrylmagy diýlende, bir maşynyň kömeginde başga maşynyň döredilmeginiň başlanmagyna düşünilýär. Beýik Britaniýada bu hadysa XIX asyryň 40-njy ýyllarynda bolup geçdi. Senagatda bug maşyny esasy güýje öwrüldi. Daşkömür ýangyjyň iň möhüm görnüşine öwrüldi.

Parlament reformasy. 1825-nji ýylda Beýik Britaniýa parlamenti iş taşlamagy gadagan edýän kanun kabul etdi. Bu kanun işçileriň arasynda ýiti närazyçylyk getirip çykardy. Netijede, parlament reforma geçirmek meselesi zerur boldy. Ahyrynda, 1832-nji ýylda parlament reforma geçirip, saýlaw tertibi üýtgedildi.

- XIX asyryň 40-njy ýyllary ...
- Senagat öwrülişiginiň gutarmagy ...
- 1816-njy ýylda ...
- 1825-nji ýylda ...

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Angliçada çagalar zähmeti (1815—1848-nji ýyllar)

Oňa görä, iri senagat merkezlerine parlamentden 144 orun bölünip berildi. Şeýlelikde senagat buržuaziýasy indi syýasy tarapdan hem öz hökümdarlygyny pugtalandyrdy. Reformanyň netijesinde parlamentiň aşaky palatasynyň döwletiň syýasy durmuşyndaky roly artdy. Ol döwlet býudjetine gözegçilik etmek hukugyny özünde saklap galdy. Beýik Britaniýanyň hökümetiniň diňe aşaky palatanyň öňünde jogapkärçiligi belgiläp goýuldy. Aşaky palata hökümete ynamsyzlyk bildiren ýagdaýda, hökümetiň otstawka çykmagy mejbury edip goýuldy.

Reformadan soň saýlanan täze parlament 13 ýaşa çenli bolan çagalar üçin 8 sagatlyk iş wagtyny belgiledi. 9 ýaşa çenli bolan çagalaryň zähmet çekmegi gadagan edildi.

Parlament reformasy döwletde saýlaw hukugy üçin göreşi düýbünden togtadyp bilmedi.

1836-njy ýylda London şäherinde işçileriň «Umumy saýlaw hukugyna göreş üçin işçi assosiasiýasy» düzüldi. Ol saýlaw hukugyny giňeltmek meselesinde 12 ýylyň dowamynda parlamente üç gezek **hartiýa (çartiýa)** — ýarlyk tabşyrdy. Ähli erkeklere umumy saýlaw hukugynyň berilmegi üçin başlanan hereket taryha **«çartistler hereketi»** ady bilen girdi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bu hereket ýeňilen bolsa-da, soňky parlament reformalaryna öz täsirini görkezmän galmady.

1867-nji ýylda ikinji parlament reformasy geçirildi. Oňa görä, şäherlerde öz öýüne eýe bolan hem-de aýratyn hojalykda ýaşaýan ähli erkeklere saýlaw hukugy berildi.

Daşary syýasat. XIX asyryň 50-nji ýyllarynda Beýik Britaniýa senagatyň ösüş derejesi, söwdanyň möçberi we deňizdäki gudraty taýdan dünýäniň iň gudratly döwletine öwrüldi.

1825-nji ýylda Beýik Britaniýada dünýädäki ilkinji demiryol guruldy.

XIX asyryň 40-njy ýyllarynda Beýik Britaniýada senagat öwrülişigi gutardy.

1836-njy ýylda London şäherinde işçileriň «Umumy saýlaw hukugyna göreş üçin işçi assosiasiýasy» düzüldi.

Bu gudrat oňa koloniýalarynyň üstünden hökümdarlygy has-da pugtalandyrmaga we olary giňeltmäge mümkinçilik berdi. Iňlis hökümeti dünýäniň strategik taýdan möhüm regionlarynda gudratly harby-deňiz bazalaryny gurmaga we daýanç çäklerini ele almaga aýratyn üns berdi.

Beýik Britaniýa XVIII asyr we XIX asyryň birinji ýarymynda deňiz hem-de okeanlar arkaly geçýän dünýä ýollarynda birnäçe daýanç punktlaryny basyp aldy. Ynha şu harby bazalara we özüniň harby flotynyň örän uly üstünligine esaslanyp, Beýik Britaniýa XIX asyryň ortalarynda iň iri koloniýaçy döwlete öwrüldi. Beýik Britaniýanyň koloniýalarynyň içinde iň irisi bolan Hindistanda 300 mln ilat bolup, Beýik Britaniýa garanda takmynan 10 esse köpdi.

«Ak koloniýalar». Beýik Britaniýa öz kolonial syýasatynda «ak koloniýalar»a uly üns berdi. Amerika, Afrika we Awstraliýa Beýik Britaniýa we Ýewropanyň başga döwletlerinden göçüp baran adamlaryň özleşdiren çäkleri «Ak koloniýalar» diýip atlandyrylýardy. Kanada, Awstraliýa, Täze Zelandiýa ynha şeýle koloniýalardy. Şol wagtda bu koloniýalar özüni-özi dolandyrmak üçin göreş alyp bardylar. Bu göreş, aýratyn hem, Kanadada aýgytly görnüşe geçdi. Netijede, Beýik Britaniýa 1867-nji ýylda Kanada dominion adyny bermäge mejbur boldy.

XIX asyr köp taraplama Beýik Britaniýa asyry boldy. Bu ýerde birinji bolup hukuky döwlet we raýatlyk jemgyýetiniň esaslary döredildi. Ylym we

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

tehnikanyň ösüşi senagat öwrülişigine alyp geldi we Angliýa «dünýä ussahanasyna» öwrüldi. Dyngysyz uruşlar alyp baran iňlisler Ýer ýüzüniň ilatynyň çärýek bölegini birleşdiren uly imperiýany döretdiler.

Otstawka (wezipesinden aýrylmak) — eýeläp duran wezipesinden gitmek.

Konsentrasiýa (bile, merkez) — bir zadyň belli bir ýerde jemlenmegi.

Dominion — özüni-özi dolandyrýan tabyn ýer, ülke.

1. Beýik Britaniýada senagatyň ösmegi we onuň netijeleri hakynda nämeleri bilib aldyňyz?
2. «Senagat öwrülişigi ýatyryldy» diýen sözüň mazmunyny düşündirip beriň.
3. Beýik Britaniýada parlament reformasy üçin alyp barlan göreş nähili gutardy?
4. Beýik Britaniýanyň iň iri kolonial döwlet bolanlygyna mysallar getiriň.

Döredijilikli iş ýumşy

Tema tekstini «Insert» tablisasy esasynda analiz ediň we iki bölümli gündelik düzüň.

Internediň kömeginde ***XIX asyrda Beýik Britaniýa döwletine*** wirtual syýahat gurnaň. Täsirleriňizi depderiňize ýazyň.

21-nji tema: 1800—1870-NJI ÝYLLARDA FRANSIÝA

Fransiýada Birinji imperiýa (1804—1814). 1799-njy ýyldaky döwlet öwrülişiginden soň Napoleon Birinji konsul wezipesini eýeledi. Soňra ömürlik konsullyga saýlandy. 1804-nji ýylda Senat ony «Fransuzlar imperatory Napoleon I» diýip yglan etdi. Şeýlelikde, Fransiýada monarhiýa gaýtadan diklendi. Emma bu monarhiýa asylzadalara däl-de, eýsem buržuaziýa hyzmat edýärdi.

Fransiýada haçan taýpaly monarhiýa, ýagny taýpa wekilleriniň ýygnagyna daýanan, merkezleşen döwlet şekillenip başlady?

Birinji imperiýa döwründe Napoleonyň uruşlarynyň netijesinde imperiýa çäkleri giňeldi. **1805-nji ýylda Austerlis söweşinde** Napoleon, esasan,

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Austerlis söweşi

Russiýa we Awstriýanyň goşunyndan ybarat birleşen armiýanyň üstünden ýeňiş gazandy. Söweşde Napoleona garşy Russiýanyň we Awstriýanyň imperatorlary Aleksandr I hem-de Frans II gatnaşdy.

Öz ýeňişlerinden ruhlanan Napoleon indi Beýik Britaniýa görä «materik gabawyny» yglan etdi. Oňa görä, Napoleona tabyn bolan ähli döwletleriň Beýik Britaniýa bilen söwda gatnaşyklaryny etmegi gadagan edildi. Napoleonyň maksady şeýle ýol bilen Beýik Britaniýany boýun egdirmekdi.

Russiýa hem 1807-nji ýylda Napoleon bilen parahatçylyk hem-de soýuz düzmek barasynda Tilzit şertnamasyna gol çekip, Fransiýanyň Ýewropadaky ähli ýeňişlerini boýun aldy. Şertnama görä, Russiýa Beýik Britaniýa bilen aragatnaşygy kesmek we materigiň gabawyna goşulmak borçnamasy ýüklendi.

Emma Napoleon Beýik Britaniýa garşy materik gabawyndan gözlenen maksadyny gazanyp bilmedi. Ilat dyngysyz uruşlardan ýadady, döwletde närazylyk, basyp alnan çäklerde milli-azatlyk hereketleri güýçlendi.

Napoleona bu närazylyklary basyp ýatyrmak üçin uly bir ýeňiji uruş gerekdi. Şonuň üçin hem ol Russiýa garşy uruş başlap, onda ýeňiş gazanmagy planlaşdyrdy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

- 1799-njy ýylda ...
- Birinji imperiýa döwri — bu ...
- 1804-nji ýylda ...
- 1825-nji ýylda ...

Russiýa garşy uruş. 1812-nji ýylda Napoleon Russiýa garşy uruş başlady. Uruş Russiýa taryhyna «Watan urşy» ady bilen girdi. 1812-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda iki döwlet goşunynyň arasyndaky aýgytlaýjy söweş Moskwanyň golaýyndaky Borodino obasynda bolup geçdi. Borodino söweşinde iki tarap hem örän köp gurbanlar berdi. Napoleon Moskwany eýeledi. Emma Napoleonyň armiýasynda tertip ýitip, esgerler köpçülikleýin talaňçylyk bilen meşgullanyp başlady. Armiýada söweşjeň ruh ýogaldy.

Napoleon Moskwany taşlap gitmäge mejbur boldy. M.I. Kutuzowyň ýolbaşçylygyndaky Russiýa armiýasy yza çekilen fransuzlary yzarlap, olara uly zyýan ýetirdi.

Imperiýanyň ýykylmagy. Ýewropa döwletleriniň goşunlaryndan ybarat ýaragly güýçler bilen Napoleonyň armiýasynyň arasyndaky aýgytlaýjy söweş 1813-nji ýylda Leýpsigiň golaýynda bolup geçdi. «Halklar söweşi» diýip at alan bu söweşde Napoleonyň goşuny derbi-dagyn edildi.

1814-nji ýylda soýuzdaş döwletleriň armiýasy Pariž şäherine girip geldi. Napoleon tagtdan ýüz öwürmäge mejbur boldy. Soýuzdaşlar ony Elba adasyna sürgün etdiler. Şeýlelikde imperiýa ýykyldy.

Soýuzdaş döwletler Fransiýada burbonlar dinastiýasynyň häkimiýetini dikeltmäge karar etdiler. Ynkylap ýyllarynda öldürilen korol Lýudowik XVI yň inisi Lýudowik XVIII Senatyň karary bilen tagta oturdyldy. Soýuzdaşlar Fransiýa bilen ylalaşyk şertnamasyna gol çekdiler. Oňa görä, Fransiýa Napoleonyň döwründe basyp alan ähli çäklerinden mahrum edildi.

Waterloo söweşi. Şol wagtda Fransiýada içki ýagdaý kynlaşdy. Muňa öňki asylzadalaryň feodal tertipleri we absolýut monarhiýany diklemegi, şeýle hem, ellerinden giden emläklerini gaýtaryp bermegi talap etmekleri sebäp boldy. Napoleon döwründe baýap giden täze asylzadalar we armiýadan boşadylan ofiserler hem döwletdäki ýagdaýdan närazydy.

Ýagdaýdan sürgündäki Napoleon peýdalanyp galmaga hereket etdi. Ol 1815-nji ýylyň mart aýynda Elbadan Fransiýanyň günortasyna ýetip geldi. Korol Lýudowik XVIII-iň Napoleona garşy goýberen 30 müň adamlyk goşuny hem Napoleonyň tarapyna geçip gitdi. Napoleon Pariž şäherini eýeläp, ýene tagta

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Waterloo söweşi

oturdy. Emma ol bu sapar häkimiýeti dine 100 gün dolandyrdy. Soýuzdaş döwletler (Beýik Britaniýa, Gollandiýa we Prussiýa) örän uly armiýany Napoleona garşy goýdy. Iki ortada **1815-nji ýylda Waterloo** obasynda (häzirki Belgiýa döwletiniň çäklerinde) aýgytlaýjy söweş bolup geçdi. Ol taryha **«Waterloo söweşi»** ady bilen girdi. Söweşde Napoleonyň goşuny bütinleý derbi-dagyn edildi. Ikinji gezek tagtdan düşürilen Napoleon indi uzak Mukaddes Ýelena adasyna sürgün edildi we ol şu ýerde 1821-nji ýylda wepat bolýar. Fransiýada Burbonlar häkimiýeti gaýtadan diklendi.

Wena kongresi. Ýeňiş gazanan döwletler Kongres çagyrdylar. Bu Kongres 1814—1815-nji ýyllarda Awstriýanyň paýtagty Wena şäherinde bolup geçdi. Kongresiň esasy maksady — Ýewropany ýeňiji döwletleriň peýdalary ugrunda gaýtadan bölmekden ybaratdy. Kongresiň jemleýji resminamasyna görä, Fransiýanyň çäkleri özüniň 1789-njy ýyldaky serhetlerine çenli gysgaldyldy. Ýewropada Beýik Britaniýanyň we Russiýanyň täsiri güýçlendi.

1812-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda Borodino söweşi bolup geçdi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1813-nji ýylda Leýpsigiň golaýynda «Halklar söweşi» bolup geçdi.
1821-nji ýylda Napoleon wepat boldy.

Şol wagtda Wena kongresi gara tenli gullar söwdasyny gadagan edýän **deklarasiýa** hem kabul etdi.

«Mukaddes Soýuz». Ýewropada gelejekde bolup geçmegi mümkin bolan ynkylaplara garşy bilelikde göreşmek maksadynda 1815-nji ýylda Wena kongresinde üç döwlet — Russiýa, Awstriýa we Prussiýanyň monarhlary Soýuz düzdüler. Ol taryha «Mukaddes Soýuz» ady bilen girdi.

Fransiýada Iýul monarhiýasy. Ikinji imperiýanyň ornaşdyrylmagy. 1824-nji ýylda Lýudowik XVIII aradan çykýar. Tagty inisi Karl X eýeledi. Ol öz häkimiýetini ýene-de pugtalandyrmaga çalşyp, 1830-njy ýylda döwlet parlamentini dargadyp goýberdi we raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň ýene-de çäklendiriljekdigini mälim etdi. Bu bolsa Pariž şäherinde ynkylabyň başlanmagyna alyp geldi. Onuň gatnaşyjylary buržuaziýa, işçiler, hünärmentler we talyplar boldy. Ynkylabyň maksady Fransiýada respublika düzümini esaslandyrmakdy.

Fransiýa koroly Karl X ynkylapdan gorkup daşary ýurda gaçyp gitdi. Häkimiýet iri buržuaziýa — bankirleriň, iri senagatçylaryň we uly ýer eýeleriniň eline geçdi. Olar burbonlaryň garyndaşy Lui Filippi tagta oturdyp, şu ýol bilen monarhiýany saklap galdylar. Bu hadysa 1830-njy ýylyň iýul aýynda bolup geçenligi sebäpli taryha «Iýul monarhiýasy» ady bilen girdi. Onuň döwründe täze **Konstitusiýa** kabul edildi. Konstitusiýada söz, metbugat, ýygnaklar geçirmek azatlyklary yglan edildi. Saýlawçylar üçin ýaş we mülk senzleri kemeldildi.

Emma işçiler we daýhanlaryň ýagdaýy agyrlygyna galdy. Olar tarapyndan başlanan birnäçe gozgalaň rehimsiz basyp ýatyryldy.

- 1815-nji ýylda ...
- 1824-nji ýylda ...
- Iýul monarhiýasy — bu ...

1848-nji ýylyň ynkylaby. 1846-njy ýylda Fransiýada gyş örän sowuk gelip, güýzlük galla zaýa boldy. Netijede, azyk önümleri, birinji nobatda, nanyň nyrhy artyp gitdi.

Bu hem ýetmeýän ýaly, gazaply gyş sebäpli tut agaçlaryny hem sowuk urdy, pile ýetişdirýän dokmaçylyk senagaty krizise sezewar boldy we işsizlige alyp geldi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Beýle ýagdaý önümçiliginiň ýiti kemelmegine, puluň gadyrsyzlanmagyna alyp geldi. Kärhanalaryň ýapylmagy ýa-da işçi orunlarynyň gysgarmagy netijesinde işsizlik artdy. Bularyň ählisi ynkylabyň emele gelmegine şert döretdi.

Ahyrynda, 1848-nji ýylyň fewral aýynda Fransiýanyň taryhynda ýene bir ynkylap bolup geçdi.

Gysga wagtyň içinde Pariž şäherindäki ähli möhüm jaýlar, edaralar gozgalaňçylaryň eline geçdi. Korol Lui Filipp tagtdan geçip, Beýik Britaniýa gaçyp gitdi. Gozgalaňçylar korolyň köşgüni eýeläp, onuň tagtyny ýakyp goýberdiler.

Şeýlelikde 1848-nji ýylyň fewral ynkylabynyň netijesinde Iýul monarhiýasy ýykyldy. 25-nji fewral güni bolsa Fransiýa Respublika diýip yglan edildi. Bu Fransiýanyň taryhyndaky ikinji respublikady. Fransiýanyň parlamenti wagtlaýyn hökümet düzdi.

Täze hökümet metbugat, çykyşlar etmek erkinligini yglan etdi. Şonuň ýaly, 21 ýaşa dolan ähli erkeklere saýlaw hukugy berildi.

1846-njy ýylda Fransiýada gyş örän sowuk gelip, güýzlük galla zaýa boldy.

1848-nji ýylyň 25-nji fewral güni Fransiýa Respublika diýip yglan edildi.

Ikinji imperiýa. Döwletde tertip ornatmaga mynasyp häkimiýet zerurdy. Şol sebäpli hökümdar gatlaklar uly hukuklara eýe prezidentlik wezipesini yglan etmäge karar etdiler.

1848-nji ýylyň dekabr aýynda Napoleon Bonapartyň ýegeni Lui Napoleon Bonapart Fransiýanyň Prezidenti edip saýlandy. Onuň hakyky maksady Fransiýa imperiýasyny gaýtadan dikeltmekdi.

1852-nji ýylyň 2-nji dekabrynda ol özüni Napoleon III ady bilen Fransiýa imperatory diýip yglan etdi. Şeýlelikde Fransiýada Ikinji imperiýa ornadyldy. Napoleon III «Imperiýa — bu parahatçylyk», diýip aýdan bolsa-da, Fransiýa birnäçe daşary uruşlary alyp bardy. Bu uruşlardan birinde ýeňlip, ikinji imperiýa ýykyldy.

XIX asyrda hiç bir halk fransuzlar ýaly köp uruşlarda gatnaşmady, başga hiç bir Ýewropaly millet fransuzlar ýaly köp ynkylaby amala aşyrmady. Netijede, XIX asyryň ahyryna gelip, Fransiýa dünýäniň iň gudratly döwletleriniň hataryna girse-de, ynkylaplar we uruşlardaky örän uly ýitgiler sebäpli ösüş depginleri gitdigiçe peselip barýardy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Kontribusiýa — uruşda ýetirilen zyýanyň ornuny doldurmak üçin ýeňlen döwlet tarapyndan tölenýän töleg.

Senz — raýatlaryň saýlaw hukugyndan peýdalanmaklaryny çäklendirýän şertler. Olar mülk, ýaş, jyns we başga senzler bolmagy mümkin.

1. Fransiýada Birinji imperiýa nähili emele geldi?
2. Wena kongresinde nähili meseleler çözüldi?
3. 1848-nji ýylyň fewral ynkylaby we onuň netijeleri hakynda nämeleri bilip aldyňyz?
4. Fransiýada Ikinji imperiýa nähili ornadyldy?

Döredijilikli iş ýumşy

«Birinji imperiýanyň ýykylmagynyň sebäpleri» temasynda esse ýazyň.

Fransiýada Birinji we Ikinji imperiýanyň položitel we otrisatel taraplaryny T-çyzgy esasynda analiz ediň we depderiňize ýazyň.

22-nji tema: 1800—1870-NJI ÝYLLARDA GERMANIÝA WE ITALIÝA

Germaniýada ynkylabyň gelip çykyşynyň sebäpleri. Germaniýa ynkylabynyň esasy sebäbi — orta asyr feodal tertipleriniň kapitalistik ösüşe böwet bolup gelýänligidi. Munuň netijesinde Germaniýada heniz syýasy dagynyklyk höküm sürýärdi. Netijede, ýeke-täk umumy bazar emele gelmedi. Senagat we oba hojalyk önümçiligi başga öňdebaryjy döwletleriňkiden yzda galdy. Zorluga esaslanan döwlet apparaty her bir azat pikirleri gadagan edýärdi. Bu faktorlar Germaniýada hem ynkylabyň bişip ýetişmegine alyp geldi. ***Ynkylabyň esasy maksady Germaniýanyň syýasy dagynyklygynyň soňuna çykmak we feodal tertipleri ýatyrmakdy.*** Ynkylaba buržuaziýanyň Konstitusion monarhiýa tarapdarlary bolan aram bölegi ýolbaşçylyk edýär.

Orta asyrlarda Germaniýada öndüriji güýçleriniň ösüşi haçan başlanypdyr?

1848-nji ýyldaky ynkylap. Ýewropanyň başga döwletlerinde 1847-nji ýylda bolup geçen ykdysady krizis Germaniýany hem gurşap aldy. Bu krizis işsizligiň

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

köpelmegine, iş hakynyň peselmegine alyp geldi. Ähli harytlaryň, şol sanda azyk önümleriniň nyrhy artyp gitdi. Netijede, aç galan ilat köçä çykdy. Fransiýada başlanan 1848-nji ýyldaky fewral ynkylabynyň täsirinde Berlinde gozgalaň başlandy. Berliniň köçeleri barrikadalar bilen gurşap alyndy. Bütin gije gazaply köçe söweşleri dowam etdi. Şeýle şertde Prussiýanyň koroly ýaraşyk baglaşmagyň ýoluny gözlemäge mejbur boldy we Millet mejlisine (parlament) saýlaw bellemäge hem-de Konstitusiýany işläp taýýarlamaga wada berdi. Syýasy ýagdaýyň, birneme bolsa-da, köşeşmegini gazanan korol häkimiýeti ynkylaby basyp ýatyrmagy başarýar, emma ynkylap bütinleý yzsyz bolmady.

1848-nji ýylda Prussiýa korollygynda Konstitusiýanyň girizilmeginiň özi uly syýasy waka boldy.

Kamillo Kawur

Italiýanyň birleşdirilmegi. 1861-nji ýylda Birleşen Italiýa korollygy döredildi. Kapitalizmi ýene-de ösdürmek zerurlygy döwletiň birleşmeginiň ahyryna ýetirilmegini talap edýärdi. Şonsyz Italiýa Ýewropada öz ornuna eýe bolan döwlete öwrülip bilmeýärdi. Dil we medeniýet birligi Italiýany ýeke-täk döwlete birleşdirmäge kömek berdi. Baş wezir **Kamillo Kawur** uzagy görüp bilýän syýasatçydy, aram özgertmeler we Konstitusion monarhiýa tarapdarydy.

K. Kawur Awstriýanyň zulmuna garşy göreşde Fransiýa bilen şertnama düzmegi gazandy. Awstriýanyň goşuny ýeňlişe sezewar bolup, onuň bilen ýaraşyk şertnamasy düzüldi. Emma Sisiliýa we Neapol korollygy Italiýanyň syýasy dagynyklygynyň daýanjy bolmagynda galýar.

Italiýany birleşdirmegiň hakyky tarapdary, halk gahrymany **Juzeppe Garibaldi 1860-njy ýylda** öz harby güýçleri bilen Sisiliýa adasyna gelip düşdi. Halk köpçüligi ony halasgär hökmünde garşy aldy. Sisiliýanyň Palermo şäheri eýelendi. Şondan soň J. Garibaldiniň goşuny Neapola ýöriş etdi. Neapolyň goşuny derbi-dagyn edildi we Neapolyň korollygy ýatyryldy.

Italiýanyň birleşmeginde üç beýik şahsyň hyzmatlary bahasyzdyr. Bular baş wezir K. Kawur, Latyn Amerikasy döwletlerindäki milli-azatlyk uruşlarynda at gazanan halk gahrymany J. Garibaldi, **«Ýaş Italiýa»** jemgyýetine ýolbaşçylyk eden Juzeppe Madzinidir. Çeper edebiýatda üç sany milli gahrymanyň hem

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Italiýany birleşdirmekdäki hyzmatlary göz öňünde tutulyp, olary «Watanyň akyl-paýhasy, jany hem-de gylyjy»na deňeşdirildi.

1847-nji ýylda Germaniýada ykdysady krizis bolup geçdi.
1861-nji ýylda Birleşen Italiýa korollygy düzüldi.
Italiýanyň birleşmeginde üç sany beýik şahs: Kamillo Kawur, Juzeppe Garibaldi, Juzeppe Madzinileriň hyzmatlary bahasyzdyr.

Döwletde Konstitusion monarhiýa berkarar boldy hem-de iki palataly (Senat we Deputatlar palatasy) parlament yglan edildi. 1866-njy ýylda Awstriýanyň gol astynda galan Wenesiýa welaýaty hem, 1870-nji ýylda bolsa Fransiýanyň täsirinde bolan Rim şäheri hem Italiýanyň korollygyna goşup alyndy. Şeýlelikde Italiýany ýeke-täk döwlete birleşdirmek gutardy.

Germaniýany birleşdirmek üçin göreş. Germaniýada hem jemgyýetiň öňdebaryjy gatlagy milli birleşme üçin göreşýärdi. Bu ýerde hem bütin jogapkärçiligi Germaniýada bar bolan ençeme döwletlerinden biri öz üstüne almagy zerurlyga öwrüldi. Beýle hormat Prussiýa nesip etdi. Prussiýa bu döwürde Germaniýa imperiýasyndaky iň gudratly döwletdi.

Otto fon Bismark

Korollykda öz döwrüniň iň meşhur döwlet işgäri **Otto fon Bismark** kanslerlik edýärdi. Ol Germaniýany ýeke-täk döwlete birleşdirmek ýaly taryhy işe ýolbaşçylyk edýär.

1866-njy ýylda Prussiýa Awstriýanyň üstünden gazanan taryhy ýeňşinden soň Bismark Germaniýada bar döwletleriň Prussiýa bilen «Demirgazyk Germaniýa Soýuzy»ny düzmek hakyndaky şertnama gol çekilmegini gazandy. Bismark Soýuz kansleri — Bundeskansler wezipesini eýeledi. Bismark öz kömekçileri bilen gysga wagtyň içinde Demirgazyk Germaniýa Soýuzynyň Konstitusiýasyny işläp çykdy.

Bu Konstitusiýanyň esasy tekstindäki käbir özgerişleri hasaba almasaň, 50 ýyldan gowrak wagtyň dowamynda — 1919-njy ýylda Weýmarda Germaniýa Respublikasynyň Konstitusiýasy kabul edilýänçä amal edildi.

Ençeme maýda döwletlere bölünip giden Germaniýa XIX asyrda nemes milletiniň uly bölegini birleşdiren döwrebap döwlete aýlandy. Asyryň ahyryna gelip, Germaniýa iň ösen döwletleriň hataryndan orun eýeledi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Italiýa birleşenden soň konstitutsion monarhiýa ýoluny saýlady. Içki bazaryň haýal ösmegi hökümdarlary basybalyjylyga, kolonial imperiýasyny düzmäge ündedi.

- 1848-nji ýylda ...
- 1848-nji ýylda Prussiýa korollygy ...
- 1861-nji ýylda ...
- Otto fon Bismark ...

Germaniýany birleşdirmek ugrundaky esasy daşarky päsgelçilik Fransiýady. Prussiýa oňa garşy urşa örän çynlakaý taýýarlyk görüp başlady.

Aram buržuaziýa — buržuaziýanyň ylalaşyk etmäge ymtylýan, problemalary parahatçylyk ýol bilen çözmäge, hökümdar gatlaklar bilen ylalaşyga ymtylýan bölegi.

1. Germaniýadaky ynkylabyň sebäpleri we onuň esasy maksady hakynda nämeleri öwrendiňiz?
2. Italiýa ynkylabynyň esasy maksadynyň haýsy aýratynlyklary Germaniýa ynkylabynyň esasy maksadyndan tapawutlanypdyr?
3. Birleşen Italiýa korollygy nähili düzüldi?
4. Germaniýany ýeke-täk döwlete birleşdirmekde Prussiýanyň baş weziri Bismarkyň taryhy roluny ýazyň.

Döredijilikli iş ýumşy

Wenn diagrammasynyň kömeginde Germaniýanyň we Italiýanyň taryhyndaky umumylygy hem-de tapawutly taraplaryny analiz edip, depderiňize ýazyň.

Internediň kömeginde XIX asyryň 40—60-njy ýyllarynyň aralygynda Germaniýa we Italiýa döwletine wirtual syýahat gurnaň. Täsirleriňizi hronologiýa derejesinde depderiňize ýazyň.

23-nji tema: 1800—1870-NJI ÝYLLARDA RUSSIÝA

Ykdysady durmuşyň özboluşly aýratynlyklary. Patyşa Russiýasynda krepostnoýlyk tertipleri jemgyýetiň ösüşine uly päsgel bolup galdy. Günbatar Ýewropa döwletleri we ABŞ-da maşynlaşan senagat önümçiligi ösýän bir dö-

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

würde, Russiýada entek manufaktura önümçiligi hökümdardy. Oba hojalygynda bolsa entegem orta asyr krepostnoýlyk tertipleri öňdebaryjylyk edýärdi we ol ösüşiň esasy päsgelçiligine öwrülipdi.

Kiýew Rusy döwletinde ruslar haçan hristian dinini kabul edipdir?

Samoderžawiýa we krepostnoýçylyga garşy göreş. 1812-nji ýyldaky Fransiýa — Russiýa urşunda gazanylan ýeňişden soňra hem patyşa Russiýasynda hem samoderžawiýa dolandyryş düzgüni we krepostnoýlyk hukugy saklanyp galýardy. Bu ýagdaý patyşa Russiýasynyň öňdebaryjy pikirli adamlaryny herekete çagyrýardy. Olar öz watanyny Ýewropanyň öňdebaryjy döwletleriniň hatarynda görmegi isleýärdiler. Watanyndaky bar bolan düzümi üýtgetmezden, öz arzuwlarynyň amala aşmajaklygyny gowy bilýärdiler.

Olar samoderžawiýä we krepostnoýlyga garşy anyk maksatnama bilen göreş başladylar. Bu göreş Russiýa taryhyna **«Dekabristleriň hereketi»** ady bilen girdi. Dekabristler aristokratlaryň perzentleridi. Olaryň bir topary Russiýada respublika ornatmagyň tarapdarlary bolsa, ikinjisi Konstitusion monarhiýa ornatmagyň tarapdarydy.



Pawel Pestel

Dekabristler iki sany gizlin jemgyýet düzdüler. Olardan birine **«Günorta jemgyýet»**, ikinjisine **«Demirgazyk jemgyýet»** diýip atlandyryldy. Her iki jemgyýet hem Russiýanyň Konstitusiýasynyň taslamasyny döretdi. «Günorta jemgyýet»iň göze görnen işgäri Watançylyk urşunyň gatnaşyjysy **Pawel Pesteldi**.

Onuň döreden Konstitusiýa taslamasy «Rus hakykaty» diýip atlandyryldy. Taslamada samoderžawiýäni, krepostnoýlyk hukugyny ýok etmek we Russiýada respublikan edara usulyny yglan etmek göz öňünde tutuldy. Hemme raýatlar üçin deň saýlaw hukugy esasynda saylanýan «Halk weçesi»niň Russiýanyň parlamenti bolmagy belgilendi.

«Demirgazyk jemgyýet»de **Nikita Murawýowyň** taýýarlan Konstitusiýa taslamasy Russiýany Konstitusiýon monarhiýa diýip yglan etmegi göz öňünde tutýardy. Mülk senzi esasynda saýlanýan iki palataly Halk Weçesi ýokary

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Nikita Murawýow

kanun çykaryjy häkimiýet organy (parlament) bolmalydy.

Dekabristler öz maksatlaryna gozgalaň götermek arkaly ýetmek mümkin diýip hasaplap, oňa taýýarlanyp başladylar. Gozgalaň aradan çykan imperator Aleksandr I-iň ýerine inisi Nikolaý I-iň tagta oturtmak dabarasynyň geçirilýän gününe bellendi. Gozgalaň dekabristlere wepaly harby bölüm tarapyndan amala aşyrylmalydy. Gozgalaň **1825-nji ýylyň 14-nji dekabr** güni başlandy, emma ol ýeňlişe sezewar boldy we imperatora wepaly harby güýçler tarapyndan basyp ýatyryldy.

Dekabristleriň hereketiniň ýolbaşçylaryndan bäş adam, şol sanda, P. Pestel we N. Murawýow hem dara asyldy, galan köpçüligi bolsa Sibire sürgün edildi. Emma dekabristleriň hereketi biderek gitmedi. Olaryň öňe süren taglymlary Russiýanyň jemgyýetiniň öňdebaryjy gatlaklaryny uzak wagta çenli samoderžawiýä we krepostnoýçylyga garşy göreşe ruhlandyryp geldi.

Dekabristleriň gozgalaňy basyp ýatyrylandan soň, döwletde reaksiýa güýçlendi. Närazyçylyk bildirmegiň, erkin pikir ýöretmegiň her bir görnüşi hökümet tarapyndan rehimsiz yzarlanýardy. Aýratyn hem, rus edebiýatynyň öňdebaryjy wekilleri berk yzarlanýar.

Krepostnoýçylyk hukugynyň ýatyrylmagy. 1853—1856-njy ýyllardaky Krym urşunda Russiýa ýeňlişe sezewar boldy. Bu şowsuzlyk Russiýanyň ykdysady yzagalaklygynyň netijesidi. Russiýada krepostnoýçylyk düzgüni bireýýäm ösüşiň esasy böwedine öwrülipdi. Şonuň ýaly, bu şowsuzlyk krepostnoý hukuk ýatyrylmasa, Russiýada kapitalizmiň tiz depginler bilen ösmeginiň mümkin däldigini hem görkezýärdi.

Imperator Aleksandr II

Döwletde emele gelen güýçli närazyçylyk tolkunyny basyp ýatyrmak maksadynda imperator **Aleksandr II 1861-nji ýylyň 19-njy fewralynda krepostnoý hukugyny ýatyrmak barasyndaky kanuna** gol çekdi.

Kanuna görä, krepostnoý daýhanlar şahsy azat boldular. Mundan beýläk daýhanlary satyn almak, satmak ýa-da başga birine sowgat etmek gadagan edildi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Daýhan indi pomeşigiň rugsadyny almazdan maşgala gurmak, özbaşdak görnüsde şertnama, söwda ylalaşyklaryny düzmek, gozganmaýan emlägi satyn almak we ony miras galdyrmak ýaly hukuklara eýe boldy.

1812-nji ýyldaky Fransiýa — Russiýa urşunda Russiýa ýeňiş gazandy.

Dekabristler Russiýada iki sany gizlin jemgyýet — «Günorta jemgyýet» we «Demirgazyk jemgyýet»i düzdiler.

1861-nji ýylyň 19-njy fewralynda Russiýada krepostnoý hukugy ýatyrmak barasyndaky kanuna gol çekildi.

Hökümet daýhanlary azat edip, ýer bermäge mejbur boldy. Şeýle edilmese halkyň gazaba münmegi mümkindi. Mundan başga, daýhanlaryň esasy salgyt töleýänler bolup galmagy hem hasaba alyndy. Daýhanlara berlen ýer paý ýerler diýip atlandyryldy. Hökümet pomeşigiň bähbidini hem hasaba aldy. Şol sanda, pomeşik öz ygtyýaryndaky ýeriň 1/3, çöl ýerlerde bolsa 1/2 bölegini saklap galmak hukugyna eýe boldy. Mundan başga-da, daýhan şu wagta çenli hökümetiň kararynda belleneninden köpräk mukdardaky ýerden peýdalanyp gelýän bolsa, onuň artykmajy pomeşige geçirilýärdi. Şeýle ýerler «otrezok» diýip atlandyrylypdyr.

Daýhan özüne berlen ýere eýelik etmek üçin «wykup» tölemelidi. Emma daýhanda «wykup» üçin pul bolmanlygy sebäpli döwlet tarapyndan berilýän bolýar. Daýhanlar bu karzy 49 ýylyň dowamynda döwlete göterim bilen töläp durmalydylar.

Reformanyň taryhy ähmiýeti. 1861-nji ýyldaky reforma netijesinde krepostnoýçylyk hukugy ýatyrylýar. Emma reforma daýhanlary birden azat etmedi. Krepostnoýçylyk galyndylar uzak dowam etdi. Netijede, Russiýanyň oba hojalygynda kapitalizm örän haýallyk bilen ösüp başlady. Şeýle bolsa-da, reforma möhüm taryhy ähmiýete eýe boldy. Meselem, daýhanlar şahsy erkinlik we raýatlyk hukugyny gazandylar. Ykdysadyýetde kapitalistik gatnaşyklaryň pugtalanmagy üçin giň mümkinçilikler döredildi. Dünýäniň öňdebaryjy döwletlerine görä giç bolsa-da, başlanan senagat öwrülişigi dowam etdi.

Daşary syýasat. Russiýa XIX asyrda hem beýleki beýik döwletleriň hatarynda basybalyjylyk uruşlaryny togtatmady. Şol sanda, uzak dowam eden uruşlardan soň, 1864-nji ýyla gelip, bütin Kawkaz Russiýanyň düzümine girdi. Şol wagtda, Orta Aziýany basyp almak üçin harby hereketler başlap goýberildi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

- 1825-nji ýylyň 14-nji dekabrynda ...
- 1861-nji ýylyň 19-njy fewralynda ...
- 1864-nji ýylda ...
- Wykup — ...
- 1853—1856-njy ýyllarda ...

1867-nji ýylda Kokant hanlygy we Buhara emirliginiň basylyp alnan çäklerinde Türküstan general-gubernatorlygyny döretdi.

1867-nji ýylda Russiýa özüne degişli bolan Alýaskany ABŞ-a satdy. Munuň bilen Russiýa özüniň daşary syýasatynda gitdigiçe güýçlenip barýan ABŞ-a daýanmagy göz öňünde tutýardy.

Medeniýet. 1800—1870-nji ýyllarda Russiýanyň ruhy durmuşynda çuňňur özgerişler bolup geçdi. Edil şu döwürde Russiýa dünýä medeniýetiniň iň ýokary orunlaryndan birini eýeledi. Rus edebiýatynyň meşhur wekilleri Aleksandr Sergeýewiç Puşkin, Lew Nikolaýewiç Tolstoý, Fýodor Mihaýlowiç Dostoýewskiý şu döwürde döredijilik etdi. Olaryň örän ussatlyk bilen döredilen eserleri rus halkynyň ruhy älemini dünýä meşhur etdi. A.S. Puşkin häzirki rus edebi diline esas saldy. Onuň «Ruslan we Lýudmila», «Kawkaz ýesiri», «Ýewgeniý Onegin», «Kapitanyň gyzy» ýaly eserleri Russiýanyň durmuşy bilen bile, rus diliniň hem bütin baýlygyny meşhur etdi. A.S. Puşkiniň döredijiligi rus edebiýatynyň gelejekdäki ösüşine örän uly täsir etdi. L.N. Tolstoýyň «Çagalyk», «Kazaklar», «Uruş we parahatçylyk», F.M. Dostoýewskiniň «Jenaýat we jeza», «Telbe» ýaly eserlerinde rus halkynyň durmuşy, adamlaryň içki dünýäsi örän uly ussatlyk bilen açyp berildi. Şonuň ýaly, XIX asyrda döredijilik eden beýik rus şahyry we ýazyjylaryndan Mihail Ýurýewiç Lermontow, Nikolaý Wasilýewiç Gogol, Iwan Sergeýewiç Turgenýewiň eserleri hem dünýä meşhur boldy.

Bu döwürde rus saz sungatynyň beýik kompozitorlary Mihail Iwanowiç Glinka we Pýotr Iliç Çaýkowskiýniň ady bilen bagly. M.I. Glinkanyň döredijiligi XIX asyryň birinji ýarymynda rus saz medeniýetiniň ýokary derejesi bolup, ol rus klassyk sazyna esas saldy. Onuň iň meşhur eseri «Ruslan we Lýudmila» operasy hasaplanýar. Rus saz sungatynyň gelejekdäki ösüşi M.I. Glinkanyň täsiri astynda emele geldi.

P.I. Çaýkowskiý XIX asyryň rus medeniýetiniň görnükli wekili, saz sungatynyň öňdebaryjysy hasaplanýar. Onuň «Ýewgeniý Onegin», «Ukudaky gözel», «Şelkunçik» ýaly operalary heniz hem dünýä teatrlarynyň sahnasyndan düşmän gelýär. Bu döwür rus şekillendiriş sungatynda Silwestr Feodosiýewiç Şedrin, Karl Pawlowiç Bryullow we Ilýa Ýefimowiç Repin ýaly beýik suratkeşler

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

döredijilik edipdir. Olaryň döredijiliginde Russiýanyň baý tebigaty we rus adamlarynyň içki dünýäsi suratlandyryldy.

Rus medeniýetiniň üstünlikleri Russiýa dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň hataryndan orun almak mümkinçiligini berdi.

Russiýa Täze döwürde duýularly üstünlikler gazanmagyna seretmezden, XIX asyryň 70-nji ýyllarynda hem ol Ýewropanyň iň yzagalak döwletlerinden biri bolup galýardy. Yzagalaklygyň sebäpleri 1861-nji ýyla çenli saklanyp galan krepostnoý hukuk hem-de adamlarda işewürlige we telekeçilige böwet bolýan yzagalak syýasy sistemanyň barlygydy.

Wykup — krepostnoýçylykdan azat bolan daýhanyň özüne berlen ýeri hakyny töläp satyn almagy.

Reaksiýa güýçleri — öňdebaryjy taglymlary yzarlaýan, köne tertipleri saklap galmak ýa-da olary gaýtadan diklemäge ymtylýan güýçler.

Samoderžawiýe — Russiýada hökümdaryň çäklenmedik häkimiýeti.

Sürgün — jeza görnüşinde başga ýerlere goýbermek.

1. Tekstden Russiýanyň ykdysady ösüşde Günbatar Ýewropa döwletlerinden yzda galmagynyň sebäplerini anyklaň.
2. Dekabristleriň hereketi öz öňüne nähili maksatlary goýupdy?
3. Russiýada höküm süren reaksiýa hakynda nämeleri öwrendiňiz?
4. Russiýa hökümdarlary name üçin krepostnoýçylyk hukugyny ýatyrmaga mejbur boldular we ol nähili tertiplerde amala oşyrylýan boldy?

Döredijilikli iş ýumşy

XIX asyrda Russiýa döwletiniň ösüşine mahsus taryhy hadysalaryň umumy we tapawutly taraplaryny Ň-tehnologiýasy esasynda analiz ediň we sütün şekilinde depderiňize ýazyň.

Internediň kömeginde **XIX asyryň 40—70-nji ýyllarynyň aralygynda Russiýa döwletine** wirtual syýahat gurnaň we temada öwrenilen taryhy wakalary analiz ediň.

24-nji tema: 1800—1870-NJI ÝYLLARDA AMERIKANYŇ BIRLEŞEN ŞTATLARY

ABŞ-nyň ykdysady ösüşi. Garaşsyzlyk ýyllarynda ABŞ-da senagat tiz depginler bilen ösüp, XIX asyryň 30-njy ýyllarynda senagat ynkylaby başlandy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

XIX asyryň ortalaryna çenli ABŞ, esasan, oba hojalygyna esaslanan döwletdi. Döwletiň demirgazygynda oba hojalygynyň esasyny fermer hojalygy düzdi.

Fermerligiň esasyny hakyna tutma zähmet düzüp, olar pomeşiklere tabyn daýhanlara garanda köpräk haryt satmak we satyn almak mümkinçiligine eýediler. Amerikanyň oba hojalygyna has bu aýratynlyklar ABŞ-yň ykdysadyýetiniň tiz ösmegine kömek berdi.

Orta asyrlarda Amerikada näme üçin diňe maýýa, ink we keçua taýpalary özleriniň döwletlerini gurupdyrlarž?

Plantasiýa hojalygy. ABŞ-da hojalyk ýöretmegiň iki sistemasy uzak wagt dowam edip geldi. Fermerler hojalygy ösen demirgazyk ştatlarda gulçulyk eýýäm XIX asyryň başlaryndan ýatyryldy. Günorta ştatlarda bolsa gulçulyga esaslanýan plantasiýa hojalygy hökümdarlyk edýärdi. Günortanyň tebigy şertleri pagta ýetişdirmek üçin amatlydy.

Beýik Britaniýa we ABŞ-da senagatyň tiz ösmegi pagta bolan talaby barha artdyrdy. Beýik Britaniýanyň fabrikleri ABŞ-dan pagta satyn almagy artdyrdygy saýyn gullary ekspluatasiýa etmek güýçlendi. Bu zulum rehimsizligi taýdan krepostnoýlygyň iň elhenç şekillerinden-de gazaplydy.

Şol bir wagtda ençeme ak tenli adamlar, işçiler, fermerler, intelligentleriň öňdebaryjy gatlaklary gulçulygyň ýatyrylmagy üçin göreş alyp bardylar. Şeýlelikde abolisionistler hereketi emele geldi.

ABŞ-da gulçylyga ýigrenç bilen garaýan adamlaryň sany gitdigiçe artdy. 50-nji ýyllaryň ahyrlarynda tanymal abolisionist, ak tenli fermer Jon Braun Wiržiniýada gullaryň gozgalaňyny götermäge hereket etdi. Ol Allegan dagynda ýerleşip, bu ýerden gozgalaňy plantasiýalara ýaýratmagy isläpdi. Braunyň düzen ýaragly otrýady 22 adamdan ybaratdy. Toparda 5 sany gara tenli adam hem bardy. Ýagynly gijede ok-ýarag saklanýan kiçi ammary basyp almak oňa başartdy. Soňra Braun goňşy plantasiýalardaky gullary azat etmek we gul eýelerini girew hökmünde ele almak üçin öz adamlaryny goýberdi.

Emma Braun umumy gozgalaň götermegi başarmaýar. Tiz arada hökümet goşuny Braunyň ýaragly toparyny derbi-dagyn etdi. Agyr ýaradar bolan Braun bolsa tussag edildi we asyp öldürildi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gul eýeleriniň pitnesi. Bu döwürde ABŞ-da iki partiýaly sistema hem doly şekillenipdi. Respublikaçylar partiýasynyň halk arasynda iň abraýlý wekili Awraam Linkolndy (1809—1865). Linkolnyň gulçulyga garşy çykyşlaryny işçiler, fermerler, buržuaziýanyň öňdebaryjy bölegi goldaýar. A. Linkolnyň saýlawdan öňki ýygnagy «özüňize ýer almak üçin ses beriň!» şygary astynda gurnalyp, ýerleri fermerlere pulsuz dargatmak barasynda kanun kabul etmäge wada berdi.

XIX asyryň 30-njy ýyllarynda ABŞ-da senagat ynkylaby başlandy. **XIX asyryň 50-nji ýyllarynyň** ahyrlarynda Jon Braun Wiržiniýada gullar gozgalaňyny götermäge hereket etdi.

1860-njy ýylda ABŞ-yň prezidentligi üçin bolan saýlawlarda respublikaçylar partiýasynyň wekili **Awraam Linkoln** ýeňiş gazandy. Onuň prezidentlige saýlanmagy bilen hökümetde guldarlar hökümdarlygy ýatyryldy. Bu bolsa gulçulyga garşy güýçleriň örän uly we şol bir wagtda parahatçylyk ýoly bilen gazanan syýasy ýeňşidi. Olar birinji gezek hökümetde häkimiýeti öz ellerine aldylar. Günorta plantatorlary saýlawda şowsuzlyga duçar bolan Demokratlar partiýasynyň esasy daýanjydy. Olar kanuny ýollar bilen gulçulygy saklap galyp bilmejeklerine göz ýetiryärler. Şonuň üçin günorta ştatlarda gulçulyga esaslanan aýratyn döwlet düzmäge girişdiler we ABŞ-nyň düzüminden çykandyklaryny, öz prezidentine eýe bolan konfederasiýayny düzenligini yglan etdiler. Şonuň ýaly, aýratyn goşuna hem eýe boldular. Şeýlelikde günorta plantatorlary gulçulygy saklap galmak ugrunda milli bähbitlere hyýanat etdiler. Indi ABŞ-da raýatlar urşy başlanmagy gutulgysyz bolup galdy.

Awraam Linkoln

Raýatlar urşy (1861—1865). 1861-nji ýylyň aprel aýynda Demirgazyk bilen Günortanyň arasynda raýatlar urşy başlandy. Güýçleriň gatnaşygy taýdan Demirgazyk üstündi. Raýatlar urşy **1865-nji ýylyň aprelinde** Demirgazygyň ýeňşi bilen gutardy.

Emma reaksion güýçleriň hakyna tutma ganhory A. Linkolny atyp öldürdi. Emma bu ganhorluk gulçulygy ýatyrmaga päsgel berip bilmedi. **1865-nji ýylyň dekabr** aýynda ABŞ-da gulçulyk ýatyryldy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ABŞ-da raýatlar urşy

1866-njy ýylda ABŞ Kongresi tarapyndan konstitusiýa düzediş girizildi. Oňa görä, gara tenlileriň raýatlyk we syýasy hukuklary ak tenlileriňki bilen deňleşdirildi.

- 1861-nji ýylyň aprelinde ...
- 1865-nji ýylyň dekabr aýynda ...
- Jon Braun Wiržiniýada — ...

Raýatlar urşunyň netijeleri. Uruşda Demirgazygyň gazanan ýeňşi uly taryhy ähmiýete eýe boldy. Ýeňiş döwletiň bitewiligini saklap galdy. Gulçulyk ýatyryldy we gomstedler barasynda kanun kabul edildi.

ABŞ-nyň günbatar ýerlerinde hem oba hojalygynda kapitalizmiň ösmegi üçin mümkinçilik döredildi. Ýeňiş günbatar ýerleriň gul eýeleri tarapyndan basyp alynmak howpuny aradan aýyrýar. Günortada hem fermer hojalygynyň ösmegi üçin giň ýol açyldy. Taryhy ýeňiş senagat öwrülişiginy çaltrak tamamlamak we Amerika senagatynyň ösmegi üçin şert döretdi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Amerikanyň edebiýaty we sungaty. XIX asyryň başlarynda ABŞ-nyň köpçülik ilatynyň sowatly bolany üçin Injili, Uilýam Şekspir, Çarlz Dikkens ýaly iňlis ýazyjylarynyň eserlerini okaýardy. Aýratyn hem, Daniel Defonyň eseriniň gahrymany Robinzon Kruzo amerikanyň durmuş ruhuna ýakyn bolanlygy üçin milli edebiýatyň soňky ugruny kesgitläp berdi.

Tebigaty, ýerli çäkleri özüne boýun egdirmek üçin hemişelik göreş — Amerikanyň milli edebiýatynyň esasy temalary bolup galdy. Soňra **Fenimor Kuper** «Pionerler», **German Melwill** «Mobi Dik» eserlerinde şu temany dowam etdirdi. Köne we täze döwrüň arasyndaky göreş temasy Amerikanyň **Uolt Uitmen**, **Mark Twen** ýaly meşhur ýazyjylarynyň eserlerinde, **Genri Longfellonyň** şygyrlarynda suratlandyryldy.

Şekillendiriş sungaty XVIII asyrda iňlislere öýkünmekden ybarat boldy. Bu döwürdäki **Benjamin Uest, Jon Kopli** ýaly suratkeşler portret we peýzaž žanrynda döredijilik edip, olar Ýewropada meşhur boldular.1850-nji ýyllardan başlap, birnäçe şekillendiriş sungaty we saz mekdepleri açyldy. Olarda Ýewropa döwletlerinden gelýän suratkeşler we kompozitorlar esasy rol oýnady.

XIX asyr ABŞ üçin tiz ösüş asyry boldy. Entek asyryň başlarynda döwletiň bir bitewiligini saklap galmak üçin raýatlar urşuny alyp baran halk asyryň ahyryna gelip dünýäniň iň ösen we güýçli döwletlerinden birine öwrüldi.

Giň demokratik erkinlikler, hukuk we borçnamalaryň deňligi, adamlaryň telekeçiligi we işewürligi üçin döredilen mümkinçilikler ABŞ-ny dünýäniň iň gudratly döwletine öwürdi.

Abolisionistler (ýatyrmak) — Amerikada gullugy ýatyrmagyň tarapdarlary.

Gomstedler barasyndaky kanun — Günbatardaky boş ýatan uly ýerleri fermer hojalygyny dolandyrmagy isleýän şahslara pulsuz bölüp bermek barasyndaky kanun.

Konfederasiýa (Soýuz, birleşme) — belli bir maksat ýa-da hereketi amala aşyrmak üçin birleşen suweren döwletleriň Soýuzy.

Fermer — hususy ýa-da uzak möhlete kärendesine alnan ýerde oba hojalyk önümlerini ýetişdirmek bilen meşgullanýan oba hojalygynyň telekeçileri, fermer hojalygynyň eýesi.

Plantasiýa hojalygy — ABŞ-nyň günortasynda gullaryň zähmetine esaslanan iri daýhançylyk hojalygy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1. ABŞ-da bolup geçen raýatlar urşunyň sebäplerini tertip bilen depderiňize ýazyň.
2. Näme üçin Demirgazyk üçin raýatlar urşuna girmek ABŞ-nyň ikä bölünip gitmeginden üstün goýuldy?
3. Demirgazygyň ýeňşini üpjün etmekde prezident A. Linkoln nähili rol oýnady?
4. Demirgazygyň gazanan ýeňşiniň taryhy ähmiýeti hakynda nämeleri bildiňiz?

Döredijilikli iş ýumşy

Temanyň tekstini okap size nätanyş bolan sözleri depderiňize ýazyň hemde sözlügiň kömeginde düşünjeleri analiz ediň.

Internediň kömeginde XIX asyrda ABŞ-a wirtual syýahat gurnaň we prezident Awraam Linkolnyň işini analiz ediň.

25-nji tema: LATYN AMERIKASYNYŇ HALKLARYNYŇ MILLI-AZATLYK GÖREŞI

Garaşsyzlyk üçin göreşiň başlanmagy. Latyn Amerikasy döwletleri heniz hem Ispaniýa we Portugaliýanyň koloniýalarydy. Ispaniýanyň hökümdar gatlaklary kolonial zulmy gitdigiçe güýçlendirdi. Ýagny, Ispaniýadan goýberilen emeldarlar, generallar we başga ofiserler koloniýalarda uly baýlyk toplaýarlar. Olar kreollary hasap etmändirler.

Orta asyrlarda haýsy halk Günorta Amerikada Urubamba derýasynyň kenarlarynda Kusko şäherine esas saldy?

Kreollaryň arasynda pomeşikler, söwdagärler we ruhanylaryň wekilleri hem bardy. Ispaniýanyň emeldarlary kreollary koloniýalardaky ýokary dolandyryş wezipelerine goýman, olar bilen ulumsy gatnaşyk edýärdiler. Kreollar Ispaniýanyň hazynasyna tölenýän agyr salgytlardan, koloniýaçy emeldarlaryň bibaşlygyndan we Ispaniýanyň dolandyryjylarynyň koloniýalaryň başga döwletleri bilen söwdasyny gadagan etmeginden zyýan görýärdiler. Portugaliýanyň koloniýasy bolan Braziliýada hem ýagdaý Ispaniýanyň koloniýalaryndan tapawutlanmaýardy.

Koloniýaçylyk zulmy oba hojalygy we söwdany has-da ösdürmek üçin esasy päsgele öwrülip galdy. Bu faktorlar Ispaniýanyň koloniýaçylyk zulmuna garşy

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

XIX asyrda Latyn Amerikasy

azatlyk hereketini getirip çykardy. Bu hereketiň esasy maksady — özbaşdak döwletleri düzmekdi. Kreollardan çykan maglumatly adamlar, pomeşikler, aýratyn hem, ofiserleriň arasynda azatlyk taglymlary giň ýaýrady. Koloniýalarda buržuaziýa entek hem gowşakdy.

Şol sebäpli kreollardan çykan ynkylapçylar azatlyk hereketine ýolbaşçylyk etdiler. Azatlyk hereketiniň görnükli wekilleri halk köpçüliginiň — indeýeslerden, metis we mulatlardan çykan daýhanlary bilen hünärmentleriň hem-de garaşsyzlyk sebäpli öz ykbalynyň ýeňilleşmegine umyt baglan gara tenli gullaryň hem kömegine daýandy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Meksikada garaşsyzlyk üçin uruş. 1810-njy ýylda koloniýalarda köpçülikleýin gozgalaň başlandy. Latyn Amerikasynyň halklarynyň azatlyk göreşi hadysasynda ençeme ajaýyp watanperwerler ýetişip çykdy.

Meksikanyň halky azatlyk göreşiniň şanly gahrymanlary **Migel Idalgo we Hose Morelosyň** atlaryny häzir hem hormat bilen ýatlaýar. Oba ruhanysy Idalgony ýerli ilat, aýratyn hem, hindular söýýärdi. Ol hindularyň dillerini bilýärdi. 1810-njy ýylda Idalgo daýhanlaryň iň garyp gatlaklaryna degişli bolan hindular bilen mulatlary garaşsyzlyk üçin göreşe we özlerinden çekip alnan ýerlerini gaýtaryp almaga çagyrdy. Gozgalaň göteren hindu we mulatlardan bütin bir goşun düzüldi. Idalgo gul eýelerine özleriniň hemme gullaryny on günlik möhlete azat edip goýbermegi buýurýar we hindu jemgyýetleri koloniýaçy administratorlara töläp gelen ýer salgydy ýatyryldy.

Simon Boliwar

Ispaniýanyň goşuny gozgalaňy basyp ýatyrdy. Ýesir alnan Idalgo bolsa atyp öldürildi. Idalgonyň iň ýakyn egindeşi Morelos onuň işini dowam etdirdi. Emma Ispaniýanyň hemişelik goşuny bu gezek hem gozgalaňçylardan üstün geldi, Morelos hem atyp taşlanýar. Soňra azatlyk hereketine ýolbaşçylygy gurply pomeşikler ele alýarlar. Meksikada garaşsyzlyk üçin göreş dowam etdi.

Ahyrynda, **1821-nji ýylda Meksika garaşsyzlygy gazandy**. Gulçulyk ýatyryldy. Soňra Meksika respublika diýip yglan edildi.

Wenesuelanyň özbaşdaklygy. Wenesuelada garaşsyzlyk urşuna **Simon Boliwar** ýolbaşçylyk etdi. Ol Günorta Amerika halklarynyň iň meşhur gahrymany bolup galdy. Boliwar wenesuelaly gurply kreol — pomeşik we söwdagär maşgalasynda doguldy. Gaty gowy bilim alan Boliwar Ýewropa boýunça saparda boldy.

«Ispaniýa meniň döwletimi bendi eden zynjyrlaryny dargadyp taşlamaýança arkaýyn bolmaryn», — diýýärdi ol. Boliwar Wenesuelanyň azatlyk goşunyny düzdi.

1810-njy ýylda Meksikada köpçülikleýin gozgalaň başlandy.
1821-nji ýylda Meksika garaşsyzlygy gazandy.
Wenesuelada garaşsyzlyk urşyna Simon Boliwar ýolbaşçylyk etdi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ol ispan goşunlaryna garşy alyp baran üstünlikli söweşleri üçin general derejesini we «Halasgär» diýen hormatly at aldy.

Boliwar diňe gurply kreollara daýanmak bilen çäklenmän, eýsem gara tenliler bilen indeýesleri hem göreşe atlandyrdy. Gulçulygyň ýatyrylmagyny yglan etdi we şeýlelikde gara tenli gullaryň bir bölegini öz goşunyna çagyrdy. Indeýes daýhanlara bolsa urşuň tamamlanmagy bilen, olaryň öz ýerlerine eýe boljakdygyna wada berdi.

Boliwar Ýewropanyň öňdebaryjy jemgyýetçiligine ýüzlenip, kömek soranda, onuň çagyryşyna örän köp meýletinler jogap berip Latyn Amerikasy halklaryna kömek bermäge karar etdiler we Wenesuela ýetip geldiler. Olaryň arasynda irland, iňlis, nemes, italýan, polýak we ruslar hem bardy.

1811-nji ýylda Wenesuela özbaşdak diýip yglan edildi. Boliwar Täze Grenadanyň Ispaniýadan azat bolmagyna kömek berdi we Täze Grenada Wenesuela bilen birleşdi. Birleşen döwlete Hristofor Kolumbyň hormatyna **Beýik Kolumbiýa** diýip at berildi.

Boliwar Beýik Kolumbiýanyň prezidenti wezipesini eýeledi. Ol hindulara salynýan ýer salgydyny ýatyrdy. Iri pomeşikleriň ýerlerini konfiskasiýa etmek



XIX asyryň başlarynda Latyn Amerikasynda dörän täze döwletler

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

barasyndaky kanun taslamasyny işläp çykdy. Emma bu çäre pomeşikleriň garşylygyna duş gelip, amala aşman galdy.

Boliwar Ispaniýadan azat edilen ähli Amerika respublikalarynyň konfederasiýasyny düzmegi arzuw edýärdi. Ynkylabyň iň kyn, aýgytlaýjy döwründe Boliwar halk bilen bile boldy we oňa sadyk hyzmat etdi. Şonuň üçin hem ol iri pomeşiklere ýakmady.

Olar Boliwary beden taýdan ýok etmegi karar etdiler. Netijede ol 1830-njy ýylda otstawka çykmaga mejbur boldy. Boliwar ökünç bilen şeýle diýip ýazýar: «Ynkylaba hyzmat etmek — deňzi şüdgär etmek bilen deňdir». Latyn Amerikasynyň halklary şu wagta çenli görnükli gahryman — Amerikadaky koloniýalaryň halasgäri Boliwary hormat bilen ýatlaýarlar.

- 1810-njy ýylda ...
- 1811-nji ýylda ...
- 1821-nji ýylda ...
- 1830-njy ýylda ...

Garaşsyzlyk üçin göreşiň tamamlanmagy. Argentinada garaşsyzlyk üçin ýaragly göreş 1810-njy ýylda başlandy. Göreş başlanan 25-nji maý senesi taryhda Argentina halkynyň milli baýram güni bolup galdy. Argentinany Hose San-Martiniň baştutanlygyndaky ynkylaby goşun azat etdi we Argentina garaşsyzlygy gazandy.

Soňky ýyllarda Paragwaý, Çili we başga döwletler garaşsyzlygyny gazandylar. 1822-nji ýylda bolsa Braziliýa Portugaliýadan özbaşdak diýip yglan edildi. Ispaniýa koloniýaçylyga garşy öz özbaşdaklygy üçin göreşýän Ýokary Peru watanperwerleriniň goşuny Boliwaryň egindeşi general Sukreniň ýolbaşçylygynda ispan goşunyny derbi-dagyn etdi. Ýokary Peru Ispaniýanyň zulmundan azat boldy. Ýokary Peru S. Boliwaryň hatyrasyna **Boliwiýa** diýip atlandyryldy.

Hose San-Martin

Urugwaý hem özbaşdak diýip yglan edilip, soňra doly garaşsyzlygy gazandy. Şeýlelikde Latyn Amerikasyndaky garaşsyzlyk üçin göreşleriň netijesinde Ispaniýanyň hökümdarlygy agdarylýar we birnäçe täze özbaşdak döwletleri düzülýär. Ispaniýa diňe Kubany we Puerto-Rikony öz elinde saklap galmagy başardy.

Braziliýadan başga ähli Latyn Amerikasynyň döwletlerinde respublika gurluşy ornadyldy. Latyn Ame-

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

rikasyndaky garaşsyzlyk üçin göreşler koloniýaçylyga garşy milli-azatlyk göreşi hem-de buržuaz ynkylaplarydy.

Bu ynkylaplarda ýerli ilat Ispaniýa bilen Portugaliýanyň koloniýaçylyk zulumyndan azat boldy.

Koloniýaçylyk döwründe döredilen hojalyk ýuwaş-ýuwaş kapitalistik hojalyga öwrüldi. Emma bu hojalyk heniz hem el zähmetine esaslanan, çig mal eksporty we daşary ýurt inwestisiýasyna tabyndy. Diňe 1860-njy ýyldan Latyn Amerikasynyň döwletlerinde ykdysadyýetiň duýularly ösüşi göze görünýär. Ýewropa döwletleri kapital, tehnika girizip, hojalygyň ösüşine maýa sarplap başlady. Ilat, esasan, emigrasiýanyň hasabyna tiz ösdi. Iri şäherler — senagat we medeniýet merkezleri peýda boldy. Jemgyýetde industrial siwilizasiýanyň belgileri has aýdyň göze göründi.

Kreollar — Latyn Amerikasyna ilkinji bolup göçüp gelen ispanlaryň we portugallaryň nesilleri.

Latyn Amerikasy — bu ilatynyň köpçüligi gepleşýän dil latyn dili esasynda dörän döwlet. Şol sebäpli bu adalga Günorta we Merkezi Amerika görä ulanylýar.

Metis — Amerikada ak tenli ilata degişli adamlar bilen indeýesleriň arasyndaky nikadan doglan nesil.

Mulat — ak tenli we gara tenli adamlaryň arasyndaky nikadan doglan nesil.

1. Latyn Amerikasy nähili koloniýa öwrülipdi?
2. Latyn Amerikasynyň döwletleriniň milli-azatlyk göreşi we onuň netijeleri hakynda nämeleri öwrendiňiz?
3. Garaşsyzlyk ugrundaky uruşlaryň netijesinde düzülen milli döwletleriň sanawyny düzüň. Olary kartadan tapyň.
4. Boliwaryň ykbaly nähili boldy?

Döredijilikli iş ýumşy

Konseptual tablisa esasynda Latyn Amerikasynyň döwletleriniň özboluşly has taraplaryny analiz ediň.

Internediň kömeginde XIX asyrda Latyn Amerikasynyň döwletlerine wirtual syýahat gurnaň. Halk gahrymanlary: Idalgo, Morelos, Simon Boliwar, Hose San-Martin, Sukreleriň işini analiz ediň we reňkli klaster taýýarlaň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

V BAP. 1800—1870-NJI ÝYLLARDA AZIÝA WE AFRIKA DÖWLETLERI

26-njy tema: 1800—1870-NJI ÝYLLARDA HINDISTAN

Beýik Britaniýanyň koloniýaçylyk düzgüni. Beýik Britaniýanyň hökümdar gatlaklary täze asyrda hem Hindistany bütinleý öz koloniýalaryna öwürmek syýasatyny dowam etdirdiler. Şu maksatda, hökümet «Hindistanyň işleri boýunça gözegçilik geňeşini» düzdi.

Bu geňeş Beýik Britaniýanyň Hindistandaky koloniýaçylyk syýasatynyň ugurlaryny belgiläp berýärdi.

Haýsy Deli soltany oba hojalygyny we hünärmentçiligi ösdürenligi, akyl bilen dolandyrmagy sebäpli «halkyň gamhory» adyny aldy?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şonuň ýaly, Beýik Britaniýanyň parlamenti Hindistany dolandyrmak barasynda kanun kabul etdi. Oňa görä, «Ost-Indiýa» kompaniýasynyň Kalkutta şäherindäki gubernatory Beýik Britaniýanyň Hindistandaky ähli koloniýalarynyň general-gubernatory edip saýlandy. Şeýlelikde kompaniýa amalda Hindistany dolandyrýan kolonial dolandyryjy apparatyna öwrülýär.

Beýik Britaniýanyň dokmaçylyk senagatynyň önümleriniň Hindistanda satylmagy ýerli dokmaçylyk hünärmentlerini tozdurdy. Çünki olaryň önümi hil taýdan Beýik Britaniýanyň harytlary bilen bäsleşip bilmeýärdi. Netijede, Hindistanyiň on müňlerçe dokmaçylary açlyk çekdiler.

«Ost-Indiýa» kompaniýasy uly harby güýje daýanýardy. Ol hindleriň özünden hem hakyna tutma goşun düzdi. Bu goşunyň esgerlerine sypaýy diýip atlalandyrdylar. Goşuna iňlis ofiserleri komandirlik edýärdi.

Hindistanda diňe şu goşun hindleriň ýeke-täk birleşen guramasydy. Kompaniýa sypaýylaryň Beýik Britaniýa sözsüz boýun egip, hyzmat etmegini isleýärdi. Koloniýaçylar ýerli ilatyň milli duýgularyny hasaba almaýardylar.

Netijede, ynha şu ýeke-täk birleşen, sypaýylardan ybarat harby güýçleriň arasynda hem kolonial tertiplerden närazyçylyk gitdigiçe güýçlendi.

Sypaýylaryň gozgalaňy. Sypaýylar gozgalaňynyň başlanmagyna dogrudan-dogry itergi bolan sebäp goşunda patron bilen oklanýan myltygyň yglan edilmegi boldy.

Täze patronyň üsti ýaglanan kagyz bilen gaplanan bolup, myltygy oklamakdan öň galyň kagyzy dişi bilen ýyrtyp taşlamalydy. Sypaýylaryň arasynda bu kagyz gabygyň üstüne çalnan ýag sygryň we doňuzyň ýagynyň garyndysyndan taýýarlanan, diýen gep ýaýrady.

Hindistany bütinleý öz koloniýasyna öwürmek maksadynda, iňlis hökümeti «Hindistanyň işleri boýunça gözegçilik geňeşi»ni düzdi.

«Ost-Indiýa» kompaniýasynyň hakyna tutma goşuny — sypaýylar hindleriň ýeke-täk birleşen guramasydy.

Induizm dininde sygyr mukaddes hasaplanýar we onuň eti hem iýilmeýär. Hind sypaýysy sygryň ýagy çalnan patrony dişi bilen dişlemegi öz dinine gaty dil ýetirilmegi, musulman sypaýylary bolsa doňuz ýagy çalnan patrony dişi bilen dişlemek yslam dinine aňly ýagdaýda gaty dil ýetirilmegi (yslamda doňuz eti haram hasaplanýar) diýip kabul etdi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Sypaýylaryň gozgalaňy

Netijede, olar täze patrony almakdan boýun towladylar. Ahyry, bu hadysa gozgalaňyň göterilmegine alyp geldi.

Gozgalaň 1857-nji ýylda başlandy. Sypaýylar tiz arada Deli şäherini eýelediler. Olar şanyň saraýyna çozup girdiler, Bahadyrşa II hind halkyny koloniýaçylara garşy gozgalaň götermäge çagyrýan çagyryşa gol çekmäge mejbur boldy.

Gozgalaňyň basyp ýatyrylmagy. Beýik Britaniýa Hindistana goşmaça harby güýçler goýbermäge mejbur boldy. Şondan soň harby güýjüň üstünligi Beýik Britaniýanyň basybalyjylarynyň tarapyna geçdi.

Britaniýanyň goşuny gozgalaňçylaryň eýelän şäherlerini gabap, olary şturm bilen eýelediler. Ilat özüni gahrymanlarça gorady. Söweşler köçelerde alyp baryldy. Koloniýaçylar toplary pillere ýükläp, Deli şäherine alyp girdiler we bu çäre söweşiň ykbalyny kesgitledi.

Gozgalaň görülmedik derejedäki wagşylyk bilen basyp ýatyrylýar. Beýik Britaniýanyň esgerleri aýal-gyzlary hem, çagalar we garrylary hem aýamadylar.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýesir düşenleri bir ýere jemlenen alamanyň öňünde topuň agzyna daňdylar we topdan ok atyp, bölek-bölek edip taşladylar.

1858-nji ýylda Hindistan Beýik Britaniýanyň mülki diýip yglan edildi. Gozgalaňçylar derbi-dagyn edilen bolsa-da, koloniýaçylar käbir reformalary geçirmäge mejbur boldular. Ýagny, ýer eýeleriniň salgytlaryny artdyrmagy gadagan edildi. Ýerli roja (knaz)laryň öz ýerlerine eýelik etmek hukugy dahylsyz diýip yglan edildi. «Ost-Indiýa» kompaniýasy bolsa ýatyryldy. Hindistany dolandyrmak Britaniýanyň dolandyryjylarynyň eline geçdi.

- Sypaýylar gozgalaňynyň sebäpleri ...
- 1857-nji ýylda ... — 1858-nji ýylda ...

Hindistanda intelligensiýa gatlagynyň şekillenmegi. Beýik Britaniýanyň hökümeti gozgalaňdan zerur netijeler çykardy. Meselem, hindileriň ylym almaklaryna ýol açdy.

Mekdep, kollež we başga okuw jaýlary açyldy. Hindler Ýewropa döwletleriniň uniwersitetlerinde hem bilim almak hukugyna eýe boldular. Şeýlelikde ýerli intelligensiýa gatlagy şekillenip başlady.

Ýewropaça maglumata eýe bolan hindler döwlet hyzmatyna kabul edilip başlandy. Olar arkaly iňlis diliniň ýaýramagy ýene-de giňedi. Iňlis dilini öwrenen we Britaniýada bilim alan ýaşlar arkaly hindi jemgyýetine Ýewropanyň öňdebaryjy taglymlary girip gelip başlady.

Şeýlelikde, XIX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli Hindistanyň ykdysady we syýasy durmuşynda möhüm özgerişler bolup geçdi. Haýallyk bilen bolsa-da, kapitalizm ösdi. Milli-azatlyk hereketi peýda bolup, iňlis kolonial hökümdarlygyna garşy göreş güýçlendi.

Sypaýy (söweşiji) — Beýik Britaniýanyň ofiserleri ýolbaşçylyk edip hindilerden düzülen hakyna tutma goşun.

1. Hindistanda ornadylan Beýik Britaniýanyň kolonial tertipleri hakynda nämeleri öwrendiňiz?
2. Koloniýaçylar Hindistany nähili dolandyrdylar?
3. Sypaýylar gozgalaňynyň sebäplerini düşündirip beriň.
4. Beýik Britaniýa hökümeti gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin nähili çäreler gördi we gozgalaňyň taryhy ähmiýeti nämelerden ybaratdy?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Döredijilikli iş ýumşy

Pirimkul Kadyrowyň «Ýyldyzly gijeler» romanyndan «Agra. Ýyldyzlar girdaby» bölümini okaň we «Baburiýleriň Hindistanyň taryhyndaky tutan orny» temasy bilen baglanyşdyryp, depderiňize esse ýazyň.

27-nji tema: 1800—1870-NJI ÝYLLARDA HYTAÝ

Çin (Sin) imperiýasynyň güýçden gaçmagy. XVIII asyryň ahyrlaryna gelip, imperiýanyň basybalyjylyk güýji peseldi. Ykdysady durgunlyk we döwletiň ilatynyň esasy bölegini düzýän daýhanlaryň garyplaşmagy olary gozgalaň götermäge mejbur etdi.

Orta asyrlarda Hytaýda haýsy dinastiýalar höküm sürýär?

Şeýlelikde Hytaý içki gapma-garşylyklaryň gysajynda galdy. Hökümdar dinastiýa ömri gutaryp barýan düzümi jan jähdi bilen saklap galmaga hereket etdi. Olar ähli garşylyklary rehimsizlik bilen basyp ýatyrdylar. Bu döwürde Hytaýa Beýik Britaniýanyň we Fransiýanyň söwdagärleriniň girip gelmegi güýçlendi. Olaryň aktiw hereketleri Hytaý hökümetini howatyra salyp goýdy. Daşary ýurtlularyň döwlete girip gelmeginiň öňüni almak maksadynda imperator 1757-nji ýylda Hytaýyň portlaryny daşary söwda üçin ýapyk diýip yglan etdi. «Ýapyk gapylar» diýip at alan bu syýasat Hytaýy daşary dünýäden bölüp goýmaga garadylandy.

Daşary söwda imperatoryň emeldarlarynyň gözegçiligi astynda diňe Guanjou porty arkaly alyp barylýan boldy. Hytaýyň özüni-özi ýeke goýmak syýasaty feodal tertipleriniň saklanyp galmagyna kömek berýär. Onuň ykdysady, sosial we medeni ösüşine uly zyýan ýetirdi. Imperatoryň dolandyryjylary ylym we tehnika pudagynda başga halklaryň üstünliklerini inkär etdiler. Döwlet yzagalaklyk batgagyna batyp galdy.

Şeýle bir şertde Beýik Britaniýanyň hökümeti Hytaýy öz söwdagärleri üçin açmaga bar mümkinçiligi bilen hereket etdi. Çin imperatorynyň kesirligini syndyrmak üçin oňa bir bahana gerekdi.

Birinji tirýek urşy. Beýik Britaniýanyň söwdagärleri Hindistandan bikanun ýagdaýda Hytaýa tirýek (gara däri) getirip başladylar. Ýerli Hytaý dolan-

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dyryjylary tirýek ýüklenen kerwenleri konfiskasiýa etmegine jogap edip Britaniýa hökümeti tirýek we iňlis harytlaryny alyp girmegi kanunlaşdyrmak üçin 1840-nji ýylda Hytaýa garşy uruş başlady. Uruş taryha «Birinji tirýek urşy» ady bilen girdi. Bu uruş 1842-nji ýyla çenli dowam etdi. Uruşda Hytaýyň ykdysady we harby tehnika taýdan yzagalaklygy sebäpli ýeňlişe sezewar boldy.

Tirýek urşy. Karikatura

Urşuň soňunda Beýik Britaniýa Gonkong adasyny basyp aldy we Hytaýy daşary ýurt söwdagärleri üçin birnäçe portlary açyp bermek hakyndaky şertnama gol çekmäge mejbur etdi.

Emma Hytaý tirýek alyp girmekligiň kanunylygyny ykrar etmedi.

- 1840-njy ýylda ...
- 1856-njy ýylda...
- Tirýek uruşlary — bu ...
- Hun Sýutsýuan — bu ...

Ikinji tirýek urşy. 1856—1860-njy ýyllarda Ikinji tirýek urşy bolup geçdi. Bu gezek Hytaý Beýik Britaniýanyň we Fransiýanyň birleşen goşunlaryndan lerzana getirýän zarba sezewar boldy. Olar Pekiniň bosagalarynda örän baý hazynalara eýe bolan imperatoryň ýazky saraýyny taladylar we weýran etdiler. Koloniýaçylar Hytaýy täze, deň bolmadyk şertnamalar düzmäge mejbur etdiler. Daşary ýurtlulara ýene başga portlar arkaly hem söwda alyp barmaga rugsat edildi we täze ýeňillikler berildi.

Şol bir wagtda iňlis we fransuz raýatlary Hytaýyň çäklerinde Hytaýyň kanunlaryna we suduna boýun egmekden azat edildi.Eger olar jenaýat etseler, olary degişli döwletiň ilçisi şol döwletiň kanunlaryna görä sud edýärdi. Deňiz söwdasynda üstünligi eýeleýän Beýik Britaniýa Hytaýda hemmeden köpräk ýeňilliklere eýe boldy. Deňziň kenaryndaky uly şäherlerde mahsus döredilen kwartallarda diňe daşary ýurtlular ýaşaýardy, Hytaý dolandyryjylary bolsa bu ýerlere girip hem bilmeýärdiler.

Daýhanlar gozgalaňy we Taýpinler döwleti (1850—1864). Hökümetiň boýun egijilik syýasaty netijesinde Hytaýyň barha Ýewropa döwletleriniň ýarym-koloniýasyna aýlanmagy hem-de feodal zulumyň güýçlenmegi halk köpçüliginiň ýiti närazyçylygyna sebäp boldy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Hytaýda 1854-nji ýyldaky taýpinler qozgalaňy

Netijede, daýhanlar gozgalaň götermäge mejbur boldular. Bu gozgalaň 1850-nji ýylda döwletiň günortasynda başlandy. Çin dinastiýasyna we feodallara garşy göreş koloniýaçylara garşy göreş bilen goşulyp gitdi.

Gozgalaňçylara daýhanyň ogly, mekdep mugallymy Hun Sýutsýuan ýolbaşçylyk etdi. Gozgalaňçylar Ýanszi welaýatynda «Päk asmanly bol-elinlik döwleti» («Taýpin týango») gurdular. Onuň merkezi Nankin şäheri boldy. Hun Sýutsýuanyň pikirine görä, beýle döwletlerde daýhanlar köpçülik bolup ýaşamaklary, köpçülikde «hiç bir zatda deňsizlik bolmazlygy, hemmäniň dok we üsti bütin bolmagy üçin ekin meýdanyna eýe bolan ýagdaýda ony bilelikde işlemegi, bilelikde naharlanmaly, geýim-gejimleri deň paýlamaly, puly bilelikde sarplamaly»dy. Ilatyň durmuşy harby tertip esasynda guruldy. Her bir maşgalanyň goşuna bir sany esger ýetirip bermegi belgiläp goýuldy. Harby bölümiň başlygy şol bir wagtda bölüm ýerleşen çäkde döwlet häkimiýetini amala

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

aşyrýardy. Ähli erkekler bir zähmet lagerine, aýallar we çagalar başga lagerlere ýerleşdirildi.

Birinji tirýek urşy 1840—1842-nji ýyllarda bolup geçdi.
Taýpinler döwleti 1850—1864-nji ýyllaryň aralygynda boldy.
1757-nji ýylda Hytaýyň imperatory ähli portlary daşary söwda üçin ýapyk diýip yglan etdi.

Taýpinleriň ýeňilmegi. Gozgalaň ýolbaşçylarynyň arzuw-umytlary hyýaly hadysady. Olaryň ýeri maşgala agzalarynyň sanyna görä deň bölüp bermek hakyndaky meýilnamalary gozgalaňda gatnaşan mülkdar gatlaklary gozgalaňdan uzaklaşdyrdy. Bu ýagdaý taýpinleriň ýolbaşçylarynyň arasynda gapma-garşylygyň gelip çykmagyna sebäp boldy. Ýer alyp bilmedik daýhanlar bolsa umytsyzlyga düşüp başladylar. Bu bolsa döwlet dolandyryjylaryna taýpinleri derbi-dagyn etmäge kömek berdi. Hökümet güýç toplap, hüjüme geçdi. Oňa Beýik Britaniýa, Fransiýa we Amerikanyň Birleşen Ştatlary kömek berdi. Beýik döwletler Hytaýda krizise duçar bolan çin dinastiýasynyň hökümdarlygynyň saklanyp galmagyndan bähbitlidiler. 1864-nji ýylda hökümetiň goşunlary gozgalaňyň ýolbaşçylarynyň ýerleşen Nankin şäherini eýeleýärler. Hun Sýutsýuan öz janyna kast etdi. Ňaýpinleriň gozgalaňy basyp ýatyrylandan soňra daşary ýurt koloniýaçylary çin dinastiýasyny goldamagy dowam etdirdiler we onuň eglişik etmegini gazandylar.

XIX asyryň başlarynda heniz beýik döwlet hasaplanan Hytaý asyryň ortalaryna gelip, Günbatar döwletlerini, soňra bolsa ABŞ, Russiýa we Ýaponiýanyň hem koloniýaçylyk bähbitleri kesişen iň wajyp çäge aýlandy. Hytaýyň ykdysady we harby yzagalaklygy onuň öz-özüçe saklanyp galýan beýik döwlet adyna seretmezden, ony Günbatar döwletleriniň ýarymkoloniýasyna öwürdi

Tirýek (grekçe-abiýun) — melul, ukladyjy sözünden gelip çykan, güýçli neşe maddasynyň bir görnüşi.

1. Hytaý nähili beýik döwletleriň täsiri astynda galdy?
2. «Ýapyk gapylar» syýasatyndan gözlenen maksat nämedi we ol nähili netijelere alyp geldi?
3. Hytaýy daşary ýurt kapitaly üçin açmakda tirýek uruşlary nähili rol oýnady?
4. Taýpinler gozgalaňy we onuň ýeňilmeginiň sebäpleri hakynda nämeleri bildiňiz?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Döredijilikli iş ýumşy

Wenn diagrammasynyň kömeginde Hytaýda bolup geçen Birinji we Ikinji tirýek uruşlarynyň umumy we tapawutly taraplaryny analiz ediň we depderiňize ýazyň.

Internediň kömeginde **XIX asyrda Hytaý döwletine** wirtual syýahat gurnaň we Hun Sýutsýuanyň işini analiz ediň.

28-nji tema: 1800—1870-NJI ÝYLLARDA ÝAPONIÝA

Ýaponiýanyň güýç bilen «açylmagy». Entek XVI asyrlarda Ýaponiýada hristian dininiň dargamagy gadagan edilipdi. Hökümdarlar hristian dinini ýapon halkynyň milli däp-dessurlaryny bozýan, hristian missionerlerini basybalyjylaryň ilkinji topary diýip hasaplapdyrlar. Şu sebäpli XVII asyrda Ýaponiýanyň hökümdarlary döwleti daşary ýurtlular üçin ýapyp goýdular we döwletden ähli Ýewropalylary kowup goýberdiler.

Sýogunyň häkimiýetiniň Ýaponiýada nähili ornadylanlygyny ýadyňyza salyň.

Sýogunyň permanynda şeýle diýilýärdi: «Şu döwürden başlap, Ýaponiýa daşary ýurtlardan hiç kim, hat-da ilçiler hem girizilmeýär. Ölüm howpy hem bu permany inkär etmeli däldir».

Şeýlelikde ýyllaryň yzyndan ýyllar geçiberdi. We ahyrynda, 1854-nji ýylda ABŞ-nyň harby-deňiz floty Ýaponiýany açylmaga mejbur etdi. Şol ýylda ABŞ bilen Ýaponiýanyň arasynda «Parahatçylyk we dostluk barasynda»ky şertnama gol çekildi. Oňa görä, Ýaponiýa ABŞ-a iki sany portuny açdy we ABŞ-nyň konsulyny kabul etdi. ABŞ-dan soň Ýaponiýa Ýewropa döwletleri hem girip gelip başladylar. Olaryň maksatlary Ýaponiýanyň bazarlaryny eýelemekdi.

1858-nji ýylda amerikalylara ýene-de birnäçe port açyp goýuldy. Ýaponiýadaky ABŞ-nyň raýatlaryna eksterritoriallyk hukugy berildi. Şol bir wagtda ABŞ-nyň harytlaryna örän pes gümrük pajy tölegleri belgilendi. Ňiz arada edil şu mazmundaky şertnamalara Ýewropa döwletleri bilen hem gol çekildi. Aslynda bu şertnamalar Ýaponiýany kemsidýän, deň bolmadyk şertnamalar bolup, harby taýdan gudratly döwletlere eglişik etmezliginiň alajy ýokdy. Şeýlelikde Ýaponiýanyň syýasy we ykdysady ýapyklyk döwri gutardy.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

«Aň-bilimli dolandyryş» döwrüniň başlanmagy. Daşary ýurt döwletleri üçin «açylmak» Ýaponiýanyň ykdysadyna hem erbet täsir edip başlady. Çünki Ýaponiýanyň bazarlarynyň daşary ýurt harytlary bilen doldurylmagy bu ýerdäki manufaktura we hünärmentçilik önümçilige uly zarba berdi. Netijede, daşary ýurtlulary döwletden kowup çykarmagy talap edýänleriň hereketi güýçlendi.

Şol bir wagtda samuraýlaryň sowatly bölegi we intelligentler Ýaponiýa daşary ýurtlular üçin ýapyk bolan ýyllarda döwletiň ösüşi ABŞ we Günbatar Ýewropa döwletlerinden yzda galanlygyny gowy düşünýärdiler. Şonuň üçin olar düýpli özgertmeler geçirmek ýoly bilen Ýaponiýany häzirki zaman döwletine öwürmek hakynda oýlap başladylar.

Imperatoryň tarapdarlary Ýaponiýany modernizasiýa etmek üçin göreşijiler hereketinden sýogun häkimiýetini ýatyrmak we imperatoryň häkimiýetini gaýtadan diklemek üçin peýdalanmaga karar etdiler.

Şeýlelikde döwletiň güýç bilen açylmagy we sýogun hökümetiniň daşary döwletler bilen gol çekilen deň bolmadyk şertnamalary döwletde raýatlar urşunyň başlanmagyna itergi boldy. Sýogun häkimiýetini agdarmak üçin köpçülikleýin

Şaly arassalanyşy

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hereketiň esasy güýjüni samuraýlar düzdi. Olara oba we şäherleriň baý hem-de orta gatlaklary goşuldylar. Raýatlar urşunyň netijesinde sýogun häkimiýeti agdaryldy.

1867-nji ýylda tokugawa dinastiýasynyň ahyrky sýoguny **imperator Mutsuhito**nyň peýdasyna ýokary häkimiýetden el çekýär. Şol ýylda oňa **imperator Meýdzi** («aň-bilimli dolandyryş») ady bilen täç geýdirildi.

Imperator Meýdzi

Meýdziniň reformalarynyň başlanmagy. Ýaponiýa üçin modernizasiýa döwri başlandy. Hökümet öz öňüne milli däp-dessurlardan el çekmezden, garaşsyzlygy doly saklap galmak bilen günbataryň nusgasynda Ýaponiýany döwrebaplaşdyrmak wezipesini goýdy. Ilki bilen agrar özgertme geçirildi. Bu özgertme ýeri satmaga we satyn almaga, ony hususy eýeçilige öwürmäge rugsat berdi. Netijede, asyrlaryň dowamynda uly ýer eýeleri üçin zähmet çekip gelýän daýhanlar paý ýere eýe boldular. Şonuň ýaly, ýer üçin uly salgyt hem belläp goýuldy.

Bu salgydyň bahasy hasyldan alynýan girdeji möçberiniň 50 göterimine deňdi. Şonuň üçin hem özgertmeden 10 ýyl geçenden soň, ýer alan daýhanlaryň diňe 1/3 bölegi özlerine berlen ýeri ellerinde saklap galmagy başardylar. Galanlary bolsa kärendeçilere öwrüldiler. Şeýle bolmagyna seretmezden özgertme oba hojalygynda kapitalistik gatnaşyklaryň ösmegini üpjün edýär.

Dolandyryşda geçirilen özgertmeler ýerli knýazlaryň häkimiýetini ýatyrdy. Knýazlary güýçden gaçyrmak üçin ilki bilen olaryň ýerleriniň bir bölegi konfiskasiýa edildi. Soňra knýazlar dolandyryş hukugyndan hem mahrum edildi. Ýerlerde häkimiýet imperator tarapyndan saýlanan gubernatorlaryň eline geçdi.

1854-nji ýylda ABŞ-nyň harby-deňiz floty Ýaponiýany açylmaga mejbur etdi.

1858-nji ýylda Ýaponiýada amerikalylara ýene birnäçe portlar açyp goýuldy.

1867-nji ýylda tokugawa dinastiýasynyň ahyrky sýoguny imperator Mutsuhitonyň peýdasyna ýokary häkimiýetden el çekdi.

Harby özgertmä görä, Ýaponiýada umumy harby borçnama yglan edildi. Samuraýlar öňki keşbini ýitirdi. Indi olar hemişelik harby hyzmatda bolmak

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýeňilliginden mahrum boldular. Ýewropaça nusgadaky täze goşuny düzmek başlandy.

Fransiýadan harby hünärmentler çagyryldy. Goşun Ýewropadan satyn alnan döwrebap ýaraglar bilen gaýtadan ýaraglandyryldy.Goşun ýewropaça model esasynda düzülen bolsa-da, onuň aňyýeti ýaponça bolmagynda galyberdi. Mysal üçin, ýaragly güýçlerde gulluk edýänleriň aňyna öz döwletiniň bähbitlerine wepalylyk, imperatora söýgi we ölümi äsgermezlik taglymlary yzygiderlik bilen siňdirildi. Bu aýratynlyklar «ýaponça milli ruhuň» taraplary, belgileri diýip hasaplanýar.

Mundan başga, ýaponlaryň aňyna Ýaponiýanyň gün hudaýy Amaterasunyň islegine görä peýda bolanlygy, şonuň üçin hem bu döwlet Asman we Ýer ýaly ebedi bolýandygy, imperatora hudaý Amaterasu ýaly mähribanlygyň mahsuslygy, onuň hiç haçan nähak bolmagy mümkin däldigi nygtaldy. Imperatora sadyklyk watanperwerligiň ýokary nusgasydygy, ýaponlaryň başgalardan üstündigi, milletiň beýik wezipesi ýaly taglymlar hem ondan-da kem bolmadyk sabyrlylyk bilen siňdirilýärdi. Şol bir wagtda Günbatar döwletleriň täsirine garşy durmak üçin ähli Aziýa döwletleri Ýapon imperatorynyň häkimiýeti astynda birleşmelidigi hem ýatdan çykarylmaýar.

Bu taglymlary ýaşlaryň aňyna siňdirmekde, goşun we mekdepleriň işine uly üns berildi. Bu taglymlar gelejekde Ýaponiýanyň Aziýa materiginde alyp baran giň gerimli basybalyjylykly uruşlaryny aňyýet taýdan taýýarlamak prosesinde möhüm rol oýnaýar.

- 1854-nji ýylda ...
- Amaterasu — bu ...
- 1867-nji ýyl ...
- Ýaponlar aňyna ... sabyrlylyk bilen siňdirilip baryldy.

Ykdysady ösüşiň täze aýratynlyklary. Meýdzi özgertmeleri döwletde feodal dagynyklygy çäklendirdi. Netijede, ýeke-täk ýapon içki bazary emele geldi. Döwletde ýeke-täk pul birligi — iýena yglan edildi. Hökümet önümçiligi senagatlaşdyrmak meselesine Ýaponiýany onuň içki işlerine daşary döwletleriň aralaşmak howpundan goraýan esasy faktor diýip garaýar. Şonuň üçin hem döwlet senagat kärhanalarynyň gurluşygyna howandarlyk etdi. Esasy senagat kärhanalary döwlet serişdesiniň hasabyna guruldy, soňra olar ýeňillikli esaslarda dürli firmalara satyldy ýa-da kärendesine berildi. Döwlet telekeçiligi her

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

taraplama höweslendirdi we goldady. Meýdzi özgertmeleri taryha «Meýdzi ynkylaby» ady bilen girdi.

XIX asyr, aýratyn hem, onuň ikinji ýarymy Ýaponiýada kapitalizmiň aýgytly ösüş döwri boldy. Ol Meýdzi ynkylabyndan soň häzirki zaman siwilizasiýa döwletleriniň içinde birinji bolup industrial ösüş ýoluna girdi, kapitalistik ösüş üçin şert döredildi, Konstitusiýa kabul etdi, syýasy partiýalar peýda bolup başlady, hukuky döwletiň belgileri peýda boldy.

Modernizasiýa — döwrebaplaşdyrmak.

Eksterritorial hukuk — daşary ýurt raýatlarynyň şahsy, öý-jaýynyň we mal-mülküniň eldegrilmesizligi hem-de ýerli döwlet sudunyň olary sud edip bilmezligi.

1. Näme sebäpden ABŞ we Ýewropa döwletleri üçin Ýaponiýany «açylmaga» mejbur etmek zerurdy?
2. Ýaponiýada sýogun häkimiýeti nähili agdaryldy?
3. Imperator Musuhitonyň geçiren reformalary hakynda nämeleri bildiňiz?
4. Meýdzi reformalarynyň Ýaponiýanyň ösüşindäki ornuna baha beriň.

Döredijilikli iş ýumşy

Ýaponlaryň aňyýetine sabyr-takat bilen siňdirilip barlan taglymlary analiz ediň we depderiňize ýazyň. Häzirki Ýaponiýanyň ösüşinde «Ýaponça milli ruhyň taraplary» temasynda esse ýazyň.

Internediň kömeginde XIX asyrda Ýaponiýa döwletine wirtual syýahat gurnaň we Ýaponiýa modernizasiýasynyň belgilerini sütün görnüşine getirip, depderiňize ýazyň.

Tema baglanyşykly «Sýogun» çeper filmini görüň we netije çykaryň.

29-njy tema: 1800—1870-NJI ÝYLLARDA KOREÝA

XIX asyryň başlarynda häkimiýetden gysyp çykarylan asylzadalar hökümdar topara garşy söweşe atlandylar. Li hökümdar dinastiýasyna garşy baý ýer eýesi Hon Gýon Neniň ýolbaşçylygyndaky iň iri ýaragly gozgalaň bolup geçdi. Olar ilkinji gazanan birnäçe üstünliklerine seretmezden, ahyr-soňunda ýeňlip, rehimsiz jezalandy. Ýesir alnan Hon Gýon Ne öldürildi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gozgalaňyň basyp ýatyrylmagy döwletde närazyçylygy togtadyp bilmedi. 1813-nji ýylda Jejudo adasynda daýhanlar we balykçylaryň gozgalaňy bolup geçdi. Soňra birnäçe gurakçylyk ýyllary geldi, olarda açlykdan we keselliklerden ençeme adamlar gyrlyp gitdi.

Li Son Ge haçan li dinastiýasyna esas salypdy?

Koreýany açlyk we mergi epidemiýasy gurşap aldy. Şäherlerde açlaryň birnäçe gozgalaňlary bolup geçdi.

XIX asyryň 30—60-njy ýyllarynda Koreýa. XIX asyrdan koreýs jemgyýetiniň ähli sistemalaryndaky krizis has-da ýitileşdi. Içki syýasy garşylyklar sebäpli gowşan li dinastiýasy krizise ýüz tutdy. Ynha şeýle wagtda döwlete Koreýany daşary ýurtlaryň açmak we ony koloniýa aýlandyrmaga hereket edýän kapitalistik döwletler howp salýardy. Bu howp ilki bilen Ýewropaly hristian missionerleriniň aktiwliginiň artmagy bilen aňladyldy.

1831-nji ýylda Rim papasy Koreýa ýepiskoplygyny düzenligini yglan etdi. 1832-nji ýylda Koreýanyň kenarlarynda peýda bolan gämi Beýik Britaniýanyň adyndan söwda gatnaşyklaryny ornatmagy teklip etdi, emma ret jogabyny aldy. Bu arada hristian buthanasynyň missionerleriniň wekilleri Koreýa gizlin ýol bilen

Suw daşaýjylar Koreýa. XIX asyr

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

girip gelip, öz işlerini alyp bardylar. Olar, esasan, fransuz missionerlerdi. Bu missionerleriň hristian dinini kabul eden koreýsler bilen bile öldürilmegi Koreýa fransuz harby gämileriniň goýberilmegi üçin bahana boldy. Harby güýçlere esaslanan fransuzlar missionerleriň ölümi üçin töleg hökmünde Koreýa portlarynyň açylmagyny talap etdiler. Emma olaryň gelmegi üstünliksiz boldy — iki sany gämi Koreýa kenarlarynda saýlyk ýere oturyp galdy.

Hytaýyň daşary döwletler üçin zorluk bilen «açylmagy» we manjurlaryň gudratly Günbatar döwletlerine boýun bolmagy Koreýanyň hökümdarlaryna örän uly täsir etdi. Seul hökümdarlary döwleti daşary dünýäden ýene hem pugtarak we ýene hem dolurak bölüp goýmak ýoluna geçdiler.

- 1831-nji ýylda ...
- 1832-nji ýylda ...
- Li dinastiýasynyň krizisiniň sebäpleri — bu ...

XIX asyryň ortalarynda Koreýadaky içki ýagdaý halkyň gazabynyň artyp barmagy bilen häsiýetlenýär. Missionerlerden biri öz gizlin habarynda: «Kiçi bir uçgun şeýle ýangyn getirip çykarmagy mümkin, onuň netijelerini, hat-da hasaba alyp hem bolmaýar», diýip ýazypdy.

Açlyk ýagdaýy ýene-de agyrlaşdyryp goýberdi. Daýhanlaryň ençeme gozgalaňlary göterildi, emma olaryň hemmesi hökümet tarapyndan rehimsizlik bilen basyp ýatyryldy. Bu arada kapitalistik döwletleriň Koreýa bolan basymy hem güýçlendi. Aýratyn hem, amerikalylar birnäçe gezek Koreýa portlaryny özleri üçin «açmaga» we deň bolmadyk şertnamalar düzmäge hereket etdiler.

Emma olaryň ähli hereketleri koreýsleriň berk garşylygyna sezewar boldy we amala aşmady.

1863-nji ýylda 12 ýaşly Li Sze Hwan Korol Kojon ady bilen tagta oturdyldy. Häkimiýeti wagtynça **tewongun** (häkim) bolan onuň atasy Li Ha In eýeläp aldy. Tewongun iň möhüm döwlet wezipelerine öz adamlaryny goýup alan **noron** (aksakallar) asylzadalar partiýasynyň zorluklaryna çäk goýdy. Ol, hatda dworýan bolmadyk gatlaklar — söwdagärler, özüne dok ownuk ýer eýeleriniň käbir wekillerine hem döwlet hyzmatyna girmek mümkinçiligini döretdi. Koreýanyň öňki aýgytlaýjy täsire eýe bolan asylzadalarynyň kuwwaty birneme gowşady.

Ýönekeý adamlaryň töleýän harby salgydy ähli gatlaklar üçin mejbury öý başy salgydy bilen çalşyryldy. Asylzadalar we ýönekeý halky «deňleşdirmek»

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

maksadynda halk üçin gara reňkli aýak geýim geýmek gadagandy. Täze patyşalygyň abraýyny artdyrmak üçin tewongun XVI asyrda ýaponlaryň basybalyjylygy wagtynda ýanyp giden Kýonbokkun saraýyny dikeltdi.

1813-nji ýylda Jejudo adasynda daýhanlaryň we balykçylaryň gozgalaňy bolup geçdi.

XIX asyryň ortalarynda Koreýadaky içki ýagdaý halkyň gazabynyň artmagy bilen häsiýetlendi.

1863-nji ýylda Koreýada häkimiýeti tewongun, ýagny hakim ady bilen meşhur Li Ha In eýeledi.

Emma Koreýa hökümdar gatlaklarynyň zaman talaplaryna laýyk ykdysady reformalary geçirmänligi, döwleti daşary dünýäden bölüp goýmagy Koreýa ykdysadyýetiniň ejiz ýagdaýda galybermegine sebäp boldy.

Bu bolsa, ahyr soňunda, Koreýanyň Ýaponiýanyň koloniýasyna öwrülmegine getirdi.

Koreýada ýer eýeleriniň we emeldarlaryň hökümdarlygyny berkitmek maksadynda amala aşyrylan özgerişler ýurtdaky feodal ulgamyň çuň krizisini togtadyp bilmedi. Ýewropanyň öňdebaryjy taglymlaryny kabul eden intelligentleriň bir bölegi hristian missionerleriniň täsirine düşýär. Ýurt Hytaý, Ýaponiýa, Russiýa we Ýewropa döwletleriniň kolonial obýektine öwrülýärdi.

1. XIX asyryň başlarynda Koreýada bolup geçen gozgalaňlaryň sebäbini düşündirip beriň.
2. Koreýanyň gowşamagynda missionerler nähili rol oýnady?
3. Koreýada häkimiýeti häkim Li Ha In haçan eýeledi?
4. Nähili faktorlar Koreýanyň ykdysadyny ejiz ýagdaýa salyp goýdy?

Çeper-taryhy eser bilen işlemäge degişli ýumuş

n.ziyouz.com saýtyndan Çingiz Aýtmatowyň «Çingizhanyň ak buludy» kyssasyny göçürip alyp okaň we täsirleriňizi depderiňize ýazyň.

XIX asyr Koreýa döwletiniň taryhy hadysalaryny klaster şekline getiriň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

30-njy tema: 1800—1870-NJI ÝYLLARDA OSMANLAR IMPERIÝASY

Döwlet gurluşy. Osmanlar imperiýasy söz alyp barylýan döwürde hem absolýut monarhiýa bolup, orta asyrlara has harby döwlet belgileri doly saklanyp galdy. Döwleti hukuky hiç zat bilen çäklenmedik soltan dolandyrýardy. Hut şonuň zulmuna esaslanan häkimiýeti we täzeligi kabul etmäge absolýut taýýar däldigi jemgyýetiň ösüşi ugrunda esasy böwede aýlandy. Ilatyň ruhanylardan başga ähli döwlet hyzmatçylary soltanyň guly hasaplanypdyr. Dogry, döwletde reformalar geçirmäge hereketler hem boldy. Emma olar fanatik din wekilleri we koloniýaçy daşary ýurt döwletleriniň garşylygy sebäpli amala aşman galyberdi.

Kiçi Aziýadaky Seljuklar döwleti haçan bölünip gitdi?

«Gündogar meselesi». XVIII asyryň ahyryna gelip, Ýewropanyň güýçli döwletleri Osmanlar imperiýasynyň gowşap galanlygyndan peýdalanyp, onuň kolonial çäklerine göz alardyp başladylar. Bu çäkler geografik we syýasy taýdan uly ähmiýete eýe, tebigy baýlyklara, çig mallara baý ülkelerdi.

Beýik Britaniýa, Fransiýa, Awstriýa we Russiýa hökümdar gatlaklarynyň her biri bu ülkelerden mümkin boldugyça köpräk olja eýe bolmaga hereket etdiler. Ýewropa döwletleriniň Osmanlar imperiýasyna tabyn bolan ülkelerini eýeläp almak üçin özara göreşi taryha «Gündogar meselesi» diýen at bilen girdi. Beýik Britaniýa we Fransiýa imperiýany öz täsiri astynda tutmaga hereket etdiler.

Türk esgerleri. XIX asyr

Russiýa bolsa Türkiýä bakna bolan Balkan ýarymadasynda pugta ornaşyp almaga we Gara deňziň Bosfor hem-de Dardanell bogazlaryny, şeýle hem, Stambul şäherini ele almaga hereket etdi.

Gündogar meselesiniň ýitileşmegi. Ýewropanyň ösen döwletlerinde kapitalistik önümçiligiň ösmegi täze-täze çig mal ülkelerine bolan talaby ýenede artdyrdy. Bu hadysa olaryň Türkiýe koloniýalary üçin göreşini ýene-de güýçlendirdi. Imperiýa halklarynyň milli-azatlyk göreşinden Ýewropa döwletleri

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Türkiýäniň içki işlerine aralaşmagyň guraly hökmünde peýdalandylar. Mysal üçin, 1827-nji ýylda Londonda Beýik Britaniýa, Fransiýa we Russiýanyň arasynda Türkiýä tabyn Gresiýa awtonomiýa hukugynyň berilmegini göz öňünde tutýan şertnama gol çekildi.

Fransiýa bolsa 1830-njy ýylda Alžiri basyp aldy. Soltan hökümetiniň beýle yzygider şowsuzlygy resmi taýdan Türkiýä tabyn Müsüriň hökümdary Muhammet Alynyň urşa başlamagyna sebäp boldy.

Beýik Britaniýa, Fransiýa, Awstriýa we Russiýanyň hökümdar gatlaklarynyň her biri Türkiýeden mümkin boldugyça köpräk olja eýe bolmaga hereket etdiler.

1830-njy ýylda Fransiýa Alžiri basyp aldy.

Muhammet Aly soltanyň goşunyny derbi-dagyn edenden soň, Stambul şäherine ýol açyldy. Soltany heläkçilikden Russiýa saklap galdy. Soňky maksady — birinjiden, Gara deňiz bogazlary we Stambul şäherini ele almak bolan Russiýa üçin güýçli Muhammet Alydan güýçsüz soltanyň häkimiýeti makuldy.

Ikinjiden, Muhammet Alynyň ýeňişi ony goldaýan Fransiýanyň hem ýeňşine deňdi. Muňa ýol bermegi islemedik Russiýa Türkiýe soltanyna öz kömegini teklip etdi.

Russiýanyň flotunyň basyşy bilen Muhammet Aly öz goşunyny Müsüre gaýtaryp alyp gitdi. Indi Russiýa — Türkiýe arasynda ýakynlyk peýda bolup başlady. Muňa Beýik Britaniýa we Fransiýanyň çydap durup bilmezligi tebigydy. Indi olar Muhammet Alyny goldap başladylar.

Muhammet Aly bolsa öz häkimiýetini miras edip galdyrmak hukugyny soltandan talap etdi. Bu talap täze urşuň başlanmagyna bahana boldy. Urşuň netijesine görä, 1840-njy ýylda Muhammet Aly Müsür we Sudany dolandyrmagy miras edip galdyrmak hukugyny aldy.

Imperiýanyň ýarymkoloniýa öwrülmegi. Ýewropa döwletleriniň Türkiýäniň içki işlerine aralaşmagy barha güýçlendi. 1853-nji ýylda Russiýanyň Türkiýä bakna ülkelere pugta ornaşmaga edýän hereketleri olaryň arasyndaky urşa sebäp boldy.

Bu uruş Russiýanyň taryhyna **«Krym urşy»** (1853—1856) ady bilen girdi. Uruş başlanmazdan oň Russiýanyň patyşasy Nikolaý I soltandan Russiýany Tür-

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Krym urşy

kiýä tabyn ülkelerde ýaşaýan ähli prawoslaw halklary, şonuň ýaly, hristianlygyň Palestindäki mukaddes ýerleriniň howandarydygyny ykrar etmegi talap etdi. Beýik Britaniýa we Fransiýa Türkiýe soltanyny bu talaby inkär etmäge ündediler. Netijede, Russiýa — Türkiýe urşy başlandy.

Uruşda Beýik Britaniýa, Fransiýa we Türkiýe üçlük Soýuzy ýeňiş gazandy. Emma bu ýeňiş Türkiýäniň Beýik Britaniýa we Fransiýa tabynlygyny ýene-de güýçlendirdi. Urşuň netijesinde 1856-njy ýylda gol çekilen Pariž Parahatçylyk şertnamasy Türkiýe üstünden amalda Günbatar döwletleriniň «howandarlygy»ny üpjün etdi. Daşary ýurtlylara Türkiýede ýer we başga gozganmaýan mülkleri satyn almaga rugsat berildi. Daşary döwletlere berlen konsessiýalar kepillendirildi. Şeýlelikde Türkiýäniň ýarymkoloniýa öwrülmegi üçin ýol açyldy. XIX asyryň 60-njy ýyllaryna gelip, koloniýaçy döwletleriň Türkiýede onuň syýasatyny kesgitlemäge mümkinçilik berýän ykdysady we syýasy ýagdaýa eýe bolup galdylar.

Netijede, döwletdäki yza galak sosial we syýasy sistema sebäpli imperiýa ýuwaş-ýuwaş ýumruldy. Imperiýa we oňa tabyn çäklerde

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

garaşsyzlyk üçin göreş öjükdi. Türkiýeniň daşary döwletlerinden karzy örän köpelip gitdi. Şeýlelikde bir wagtlar dünýäniň 3 materiginde uly-uly koloniýalara eýe bolan Türkiýe indi Ýewropanyň güýçli döwletleriniň ýarymkoloniýasyna öwrüldi.

- 1827-nji ýylda ...
- 1830-njy ýylda ...
- 1853-nji ýylda ...
- Russiýa — Türkiýe urşunyň başlanmagynyň sebäbi — bu ...

Konsessiýa (latynça — rugsat, ýan bermek) — döwlet kärhanalaryny, mülküni belli bir möhlete daşary ýurt kapitalyna bermek hakyndaky ylalaşyk şertnama.

1. Osmanlar imperiýasynyň döwlet gurluşy hakynda nämeleri bildiňiz?
2. «Gündogar meselesi» nähili meseledi we ol nähili emele gelipdirž
3. «Gündogar meselesi»nde Ýewropa döwletleriniň arasyndaky göreşe baha beriň.
4. Osmanlar imperiýasy nähili ýarymkoloniýa öwrüldi?

Çeper-taryhy eser bilen işlemäge degişli ýumuş

n.ziýouz.com saýtyndan Jelaleddin Rumyny «Kalb gözüňi aç» eserini okaň. Özbaşdak görnüşde «Osmanlar imperiýasynyň krizisiniň sebäpleri şunda, ...» mazmunynda esse ýazyň.

Osmanlar imperiýasynyň taryhy hadysalaryny hronologiýa görnüşinde getiriň.

31-nji tema: 1800—1870-NJI ÝYLLARDA EÝRAN WE OWGANYSTAN

Döwlet tüzümi. Eýran XIX asyrda hem absolýut monarhiýa bolup, şa çäklendirilmedik hukuga eýedi. Tutuş häkimiýet onuň elinde jemlenipdir. Şanyň huzurynda gizlin geňeş düzülen bolup, onuň düzümine **sadri azam, emin-ad-dawla, wezir, häkimbaşy we şyhulyslam** giryärdi.

Sefewiýler döwleti ilki bilen haýsy çäkde düzülipdi?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Döwlet welaýatlara bölünip, olary **beklerbegi** dolandyrypdyr. Tagt mirasdüşerine Azerbaýjan hem berlen bolup, onuň karargähi Ňöwriz şäherinde ýerleşendi.

XIX asyra gelip, Gündogarda hökümdarlygy öz ellerine almak üçin göreş alyp barýan Beýik Britaniýanyň we Fransiýanyň Eýrana gyzyklanmasy güýçlendi. Kawkazda öz hökümdarlygyny ornatmak üçin Russiýa bilen 1826—1828-nji ýyllarda bolan uruşlarda Eýran ýeňlişe sezewar boldy we Kawkaza bolan dawasyndan geçdi.

Eýranyň Beýik Britaniýanyň bazaryna öwrülmegi. Russiýa bilen uruşdaky ýeňlişi we onuň netijeleri Eýranyň hökümdar gatlaklarynyň arasynda ýiti närazyçylyk getirip çykardy. Netijede, Eýranyň birnäçe welaýatlarynda iri ýermülk eýeleriniň ýolbaşçylygynda şa garşy pitne göterildi. Beýik Britaniýa Eýranyň agyr ýagdaýyndan peýdalanyp, ony deň bolmadyk şertnama gol çekmäge mejbur etdi. Oňa görä, Beýik Britaniýa Eýran bilen söwda-satyk işlerinde uly ýeňilliklere eýe boldy.

Netijede, ol Eýranyň bazarlaryny özüniň ýeňil senagatynyň önümleri bilen doldurdy. Bu bolsa, öz nobatynda, ýerli daýhanlary, hünärment we söwdagärleri tozdurdy. Şeýlelikde Eýran iri koloniýaçy Beýik Britaniýanyň senagat önümleri satylýan bazaryna öwrüldi. Bu bolsa döwletde pula bolan islegi artdyrdy.

Netijede, döwlet apparatyndaky wezipeleri satmak we satyn almak gaty güýjedi. Welaýat häkimleri, uly-uly ýer eýeleri döwletiň hazynasyna salgyt tölemeýän boldy. Bu faktorlar döwletiň zähmetkeş gatlaklarynyň arasynda ýiti närazyçylygyň gelip çykmagyna sebäp boldy we ahyrky netijede, 1848-nji ýylda gozgalaňyň göterilmegine alyp geldi. Bu gozgalaň taryha **«Babylar gozgalaňy»** ady bilen girdi.

XIX asyrda Eýran Russiýa bilen bolan uruşlarda ýeňlişe sezewar boldy we Kawkazaňyrsy çäklerine bolan dawasyndan el çekdi.

1848-nji ýylda Eýranda Babylar gozgalaňy başlandy.

Babylar gozgalaňy. Gozgalaň şa düzümine, zulumyna we ýer eýeçiligine garşy gönükdirilipdi. Gozgalaňyň gatnaşyjylary, esasan, hünärmentler, ownuk söwdagärler, şäher garyplary we şäheriň töwereginde ýaşaýan daýhanlardy. Gozgalaňda aşaky gatlakdaky ruhanylar hem gatnaşdy.

Gozgalaňçylar Babylyk taglymynyň tarapdarlarydylar. Bu taglymyň esasçysy seýit Aly Muhammet bolup, özüne Bab («Hakykat we adalat ýoluna

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

alyp barýan gapy») lakamyny kabul edipdi. Babylyk ady hem şu lakamdan gelip çykypdyr.

Gozgalaň 1850-nji ýylyň ortalaryna çenli dowam etdi. Harby taýdan üstün bolan şanyň goşuny Babylaryň gozgalaňyny basyp ýatyrdy. Aly Muhammet bolsa öldürildi.

Eýran — Beýik Britaniýa urşy. Beýik Britaniýa Eýranyň güýçden gaçmagyndan peýdalanmaga karar etdi. Orta Aziýadaky hanlyklara täsir geçirmekde Hyrat şäheriniň uly ähmiýete eýe ekenligini unutmadyk Beýik Britaniýa Eýrany resmi taýdan Hyrat dawasyndan el çekmäge mejbur etdi. Emma 1856-njy ýylda Eýran Hyrat şäherini basyp aldy. Muňa jogap hökmünde Beýik Britaniýa Eýrana uruş yglan etdi. Bu uruşda Eýran ýeňlişe sezewar boldy.

1857-nji ýylda Beýik Britaniýa we Eýranyň arasynda Pariž Parahatçylyk şertnamasyna gol çekildi. Şertnama göra, Eýran Hyrata we Owganystanyň başga çäklerine bolan dawasyndan bütinleý el çekdi.

- 1826—1828-nji ýyllarda ...
- Eýranda şanyň huzurynda gizlin geňeşiň düzümi — bu ...
- Pariž Parahatçylyk şertnamasyna görä, ...

Pariž Parahatçylyk şertnamasy Beýik Britaniýanyň Eýrandaky täsiriniň duýularly derejede ösmegine hyzmat etdi.

Owganystan. Garaşsyzlyk üçin göreş. XVI asyrdan başlap, owganlar Eýran sefewiýlerine garşy uzak ýyllaryň dowamynda göreş alyp bardylar. 1709-njy ýylda Kandagar welaýatynda Eýranyň basybalyjylygyna garşy nobatdaky gozgalaň göterildi. Gozgalaňa owganlaryň gilzaiý taýpasynyň hany Emir Weýshan ýolbaşçylyk etdi. Onuň harby bölümi Kandagar şäherini eýeledi.

Owganystan — Eýran gatnaşyklary. Gysga wagtyň içinde Kandagar güýçli hanlyga öwrüldi. Ol 1722-nji ýylda Eýranyň paýtagty Yspyhany hem eýeledi we Emir Weýshanyň ogly Emir Mahmut özüni Eýranyň şasy diýip yglan etdi. Indi Eýran garaşsyzlyk üçin göreşe başlady. Bu göreşe Eýran goşunynyň ýolbaşçylaryndan biri Nedir Guly ýolbaşçylyk etdi. Eýran Owgan basybalyjylaryndan doly azat edildi.

1736-njy ýylda Nedir Guly Nedirşa ady bilen Eýranyň şasy diýip yglan edildi. Ol şol bir wagtda uly basybalyjylyk uruşlaryny hem alyp bardy. Owganystany hem

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

boýun egdirdi. Owganystany tabynlykda saklap galmak üçin Eýrandan ençeme söweşijileri maşgalalary bilen Kabul we beýleki şäherlere göçürip alyp geldi.

Owganystan döwletiniň döredilmegi. 1747-nji ýylda Nedirşa öldürilenden soň, imperiýa hem dargaýar. Owganystan döwletiniň döredilmegi üçin amatly şert doguldy.

- 1709-njy ýylda ...
- 1722-nji ýylda ...
- 1736-njy ýylda ...
- 1747-nji ýylda ...

1747-nji ýylda Owgan taýpa hanlarynyň **jirgasy** (geňeşi) Owganlaryiň abdaly taýpasynyň serdary Ahmethany Owganystanyň şasy diýip yglan etdi. Ahmetşa gysga wagtyň içinde döwletiň çäklerini birleşdirip bildi.

Bu ýeňişleriň hasabyna ol özüne «Durri duron» derejesini kabul etdi we abdaly taýpasynyň adyny **durrany** ady bilen üýtgetdi.

Merkezi häkimiýete boýun egmezlik hereketi we basyp alnan ülkäniň halklarynyň hemişelik gozgalaňlary netijesinde durronylar dinastiýasynyiň hökümdarlygy güýçden gaçdy. Ahmetşanyň mirasdüşerleri bu iki faktora garşy näçe göreşseler hem, olary basyp ýatyryp bilmediler.

Durranylar dinastiýasynyň hökümdarlygynyň ýatyrylmagy. Şol bir wagtda mirasdüşerleriň arasynda tagt üçin göreş hem güýjedi. Mundan başga taýpalaryň hanlary peýdalanmaga hereket etdiler. Mysal üçin, barakzaýlaryň baştutany Fath han tagt üçin göreşde kä ol mirasdüşeri, kä bu mirasdüşeri goldap, döwletde baş wezir wezipesini eýeläp aldy we bütin döwlet işlerini amalda öz elinde jemlemägi gazandy.

Ol iri harby serdarlardan biri, inisi Dost Muhammethanyň kömegine daýanýardy. Olar Owganystanyň ähli iri welaýatlarynyň häkimlerini diýen ýaly özlerine tabyn adamlardan saýladylar. Uzak dowam eden özara göreşlerden soň 1826-njy ýylda Dost Muhammethan Owganystanyň tagtyny eýeledi we özüni emir diýip yglan etdi.

Şeýlelikde durranylar dinastiýasynyň hökümdarlygy ýatyryldy. Döwletde barakzaýlar dinastiýasynyň hökümdarlygy ornadyldy. Bu dinastiýanyň hökümdary emir Dost Muhammethan bütin Owganystany ýeke-täk döwlete birleşdirmäge we ony güýçli döwlete öwürmäge hereket etdi.

Birinji iňlis — Owgan urşy (1838—1842). Owganystan geografik taýdan möhüm strategik regionda ýerleşenligi üçin bu döwletiň çäklerinde Beýik

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Britaniýanyň we Russiýanyň bähbitleri çaknyşdy. Beýik Britaniýa Owganystany öz täsiri astyna almak maksadynda oňa hüjüm etdi. Gysga wagtyň içinde Kabul şäherini eýeledi. Tagta durranylar dinastiýasynyň wekili Şuju oturdyldy. Emma owgan halkyny boýun egdirmek aňsat däldi.

Owganystan Russiýanyň we Angliýanyň gurşawynda. Karikatura

Kabulyň ilaty gozgalaň göterdi. Bu gozgalaňda Dost Muhammethanyň ogly Akbarşa uly rol oýnady. Beýik Britaniýanyň goşunynyň komandiri ähli harby bölümleri Owganystandan alyp çykyp gitmek barasyndaky şertnama gol çekmäge mejbur boldy.

1842-nji ýylda Beýik Britaniýanyň goşuny Owganystandan çykyp gitdi. Şeýlelikde birinji Owgan — iňlis urşy Beýik Britaniýanyň ýeňilmegi bilen gutardy. Dost Muhammethanyň emirlik häkimiýeti gaýtadan diklendi.

1747-nji ýylda abdaly taýpasynyň serdary Ahmethan Owganystanyň şasy diýip yglan edildi.

1826-njy ýylda Dost Muhammethan Owganystanyň tagtyny eýeledi.

1842-nji ýylda Beýik Britaniýanyň goşuny Owganystandan çykyp gitdi.

1843-nji ýylda «Ost-Indiýa» kompaniýasy Hindistanyň Sind welaýatyny hem boýun egdirdi.

Beýik Britaniýa bilen täze urşuň gelip çykmagyny islemedik Dost Muhammethan 1855-nji ýylda iňlis — owgan dostluk şertnamasyna gol çekdi. 1857-nji ýylda Beýik Britaniýa bilen Owganystanyň arasynda harby şertnama hem düzüldi.

Bu şertnama Beýik Britaniýa üçin Owganystany wassal döwlete öwürmek ugrundaky birinji ädimdi.

1863-nji ýylda Dost Muhammethan aradan çykandan soň, onuň ogullarynyň arasynda tagt üçin göreş güýjedi. Owganystanda öz bähbitlerine eýe bolan Beýik Britaniýa we Russiýa onuň içki işlerine gatyşmajakdygyny mälim etdi.

1870-nji ýylda Owganystan koloniýa hem, tabyn döwlet hem däldi. Emma onuň serhetlerine günorta-gündogardan Beýik Britaniýa, demirgazykdan bolsa Russiýa gitdigiçe golaýlaşyp gelýärdi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

XIX asyrda Eýran güýçli milli armiýa, merkezi döwlet apparatyna we ýeke-täk salgyt sistemasyna eýe däldi. Eýran Russiýanyň we Beýik Britaniýanyň regiondaky basybalyjylyk hereketlerine garşylyk edip bilmedi.

Döwletiň içindäki reformalara dini fanatiklik we oňa esaslanan döwlet düzümi, sosial institutlaryň kem ösenligi päsgel berýärdi. Netijede, Eýran güýçli döwletleriň ýarymkoloniýasyna öwrüldi.

Beýik Britaniýanyň birnäçe gezek hereket etmegine seretmezden, Owganystan öz özbaşdaklygyny saklap galdy. Emma, iň täsirlisi şundan ybarat, öz özbaşdaklygyny saklap galan güýçli döwletleriň täsiri çäklenen Owganystan ösüşiň iň yzynda galyp gitdi. Ol XIX asyryň ahyrynda hem tire-taýpaçylyk gatnaşyklary we natural hojalyk saklanyp galan döwletlerden biridi.

Sadri azam — baş wezir.
Emin ad-dawla — maliýe we içki işler weziri.
Häkimbaşy — saraýyň baş tebibi.
Durri duron — gymmatdan-gymmat (dür).
Jirga — geňeş.

1. Eýranyň döwlet düzümi hakynda nämeleri bildiňiz?
2. Nähili faktorlar babylar gozgalaňyny ýüze çykardy?
3. Eýran nähili Beýik Britaniýanyň täsiri astyna düşüp galdy?
4. Owganystanda durranylar dinastiýasynyň hökümdarlygy nähili ýatyryldy?
5. Näme üçin Beýik Britaniýa Owganystany basyp almagy ýa-da özüne wassal döwlete öwürmegi gazanyp bilmedi?
6. Emir Dost Muhammethan Beýik Britaniýa we Russiýa garşy nähili syýasat alyp bardy?

Döredijilikli iş ýumşy

Tema degişli esasy düşünjeleri sözlügiň kömeginde iňlis diline terjime ediň we depderiňizde tablisa görnüşinde ýazyň.

Internediň kömeginde **XIX asyrda Eýrana we Owganysta**na wirtual syýahat gurnaň. Eýranyň we Owganystanyň taryhyndaky meňzeş we tapawutly taraplaryny anyklaň. Depderiňize T-tehnologiýasy esasynda analiz ediň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

32-nji tema: 1800—1870-NJI ÝYLLARDA AFRIKANYŇ HALKLARY

Materikdäki ýagdaý. Afrikanyň halklary XIX asyrda sosial-ykdysady ösüşiň dürli basgançagynda ýaşaýardy. Mysal üçin, Efiopiýa, Müsür, Tunis, Marokko, Sudan we Madagaskar ýaly döwletlerde feodal monarhiýa berkarar bolan bolsa-da, käbir halklar heniz ilkidurmuş düzümi döwründe ýaşaýardylar. Taýpalar göçme durmuş derejesine eýe bolup, olaryň kiçi-kiçi toparlary özleri üçin berk belgilenen çäkde awçylyk we ýygnaýjylyk bilen durmuş geçirýärdi. Olar oba hojalygyny, metal işlemegi we metal iş gurallaryndan peýdalanmagy bilmeýärdi.

Mali döwletiniň taryhynda VIII asyrda, XI asyrda, XIII asyrlarda nähili taryhy wakalar bolup geçipdi?

Günbatar Afrikadaky **Gana** we **Mali** döwletleri iň gadymky döwletlerden hasaplanýardy. Afrikada oba hojalygy ösen halklar hem ýaşaýardy. Olar, esasan, kofe, arahis we kakao ýetişdiripdirler.

Afrikanyň bölüp alynmagy. Uly tebigy baýlyklara eýe bolan Afrika Ýewropanyň güýçli döwletleriniň ünsüni özüne çekmän galmady. Ýewropa döwletleriniň basybalyjylygy Afrika halklarynyň durmuşyny aýgytly üýtgedip goýberdi. Däbe öwrülen söwda aragatnaşyklary üzüldi. Ýerli önümçilik weýran boldy. Afrikalylary gul edip satmak XIX asyryň ortalaryna çenli dowam etdi. Munuň netijesinde materikden millionlarça adamlar satyp goýberildi. Portugaliýanyň koloniýalary bolan Angola we Mozambik iň möhüm gul söwdasy bazarlarydy.

XIX asyrdan başlap, materigiň içki bölegini hem koloniýa öwürmek başlandy. XIX asyryň ahyryna gelip, materigiň çäkleriniň 90 göterimi koloniýaçylaryň eline geçdi. Diňe iki döwlet — **Liberiýa** we **Efiopiýa** öz özbaşdaklygyny saklap galyp bildiler.

Afrikada özbaşdak Liberiýa döwletiniň döredilmegi. Onuň döredilmegi ABŞ-da gulçulyga garşy göreş bilen bagly. 1816-njy ýylda ABŞ-da azatlyga çykan gara tenli gullary Afrika ýerleşdirmek hereketi başlandy. Netijede, 1821-nji ýylda Gwineýanyň kenarlaryndan 13 müň km2 ýer meýdanyny satyn aldy. Ol ýerde Monrowiýa (ABŞ-nyň Prezidenti **Monronyň** adyndan alnan) menzili

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Ýewropaly gul eýeleri gämide afrikaly gullary äkidýärler

döredildi we Amerikanyiň öňki gara tenli gullaryndan bir bölegi bu ýere ýerleşdirildi. Ýerleşip alan bu öňki gullar menzilleriniň çägini barha giňeldip başladylar.

1847-nji ýylda bolsa Liberiýa azat döwletiniň düzülenligi yglan edildi. Bu döwletde Günbatar Ýewropadaky we Demirgazyk Amerikadaky öňdebaryjy tertip-düzgünler yglan edildi. Liberiýa Beýik Britaniýanyň we Fransiýanyň arasyndaky bäsdeşlikden ussatlyk bilen peýdalanyp, öz özbaşdaklygyny saklap galdy.

Efiopiýa. XIX asyrda hem Efiopiýada orta asyr gatnaşyklary höküm sürýärdi. Ol birnäçe knýazlyklaryň birleşmeginden ybarat döwletdi. Olaryň her biri öz goşunyna eýedi. Bu knýazlyklar dine adyna merkezi häkimiýete boýun egýärdiler. Ýewropa döwletleri ynha şu faktordan peýdalanmaga hereket etdiler. Döwleti daşary ýurtly duşmanlaryň basyp almak howpy barha güýçlendi.

Şeýle bir şertde Efiopiýanyň syýasat meýdanyna kiçi ýer eýesiniň ogly Kassa çykdy. **Kassa** Efiopiýany ýeke-täk döwlete birleşdirdi we 1855-nji ýylda özüni imperator diýip yglan etdi. Ol örän gowy harby taýýarlyk gören goşun düzüp bildi. Iri feodallary öz goşunyna eýe bolmak hukugyndan mahrum etdi. Döwletde

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Afrikanyň bölünip alynmagy

ykdysadyýeti ösdürmäge gönükdirilen birnäçe reformalar geçirdi. Imperator raýatlaryny özleriniň öň meşgul bolan zähmet işini dowam etdirmäge çagyrdy.

Efiopiýa, Müsür, Tunis, Marokko, Sudan we Madagaskar ýaly döwletlerde feodal monarhiýa emele geldi.

Gana we Mali döwletleri Günbatar Afrikadaky iň gadymky döwletlerden hasaplanýar.

Afrikada iki döwlet — diňe Liberiýa we Efiopiýa öz özbaşdaklygyny saklap galdy.

1847-nji ýylda Liberiýa azat döwleti düzüldi.

Emma onuň reformalary iri feodallaryň we buthananyň garşylygyna sezewar boldy. Beýik Britaniýanyň goşulyşmagy bilen 1867-nji ýylda Kassa häkimiýeti agdaryldy. Emma Beýik Britaniýa Efiopiýada ebedi ýerleşip bilmedi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Efiopiýa halkynyň özgelere tabyn bolmazlyk ugrundaky gujur-gaýraty Beýik Britaniýanyň hereketlerini ýoga çykardy. Şeýlelikde Efiopiýa hem öz özbaşdaklygyny saklap galdy.

Günorta Afrikanyň koloniýa öwrülmegi. XIX asyryň başlarynda Beýik Britaniýa Günorta Afrikadaky Kap koloniýasyny basyp aldy. Koloniýanyň ilatyna **burlar** (***bur*** — daýhan) diýip atlandyrdylar. Olar fransuz, nemes we gollandlaryň nesilleridi.

Burlar indi ol ýerden göçmäge mejbur boldular. Olar täze ýerde iki sany döwlet düzdüler. Olardan biri azat Oranž Respublikasy, ikinjisine bolsa Transwaal diýip atlandyryldy. Burlar ýerli ilata örän rehimsiz gatnaşykda boldular.

Fransiýa koloniýalary. Müsürde XVIII—XIX asyrlaryň araçäginde mamluk söweşijileri we ýerli ilat döwlete çozup giren Napoleon Bonapartyň ýolbaşçylygyndaky fransuzlaryň goşunyna garşy göreşde gatnaşdy. Fransuz goşunlarynyň galan-gaçany boýun egenlerinden soňra müsürliler Beýik Britaniýanyň goşunyny kowup çykarmak üçin göreşdiler.

Resmi taýdan Müsür Osmanlar imperiýasynyň ýokary häkimiýetiniň gol astynda bolsa-da, amalda doly diýen ýaly garaşsyzlygyny saklap galypdy.

Fransiýa 1830-njy ýylda Alžiri basyp aldy. Alžiriň ilaty fransuz koloniýaçylaryna aýgytly garşylyk görkezdi. Basybalyjylara garşy milli-azatlyk göreşini alyp bardy. Bu göreşde alžirlileriň ýolbaşçysy Abdulkadyr aýratyn rol oýnady.

1847-nji ýylda Abdulkadyryň goşuny gurşap alyndy we derbi-dagyn edildi. Abdulkadyryň özi heläk boldy. Emma milli-azatlyk göreşi togtap galmady. Alžirliler uzak ýyllaryň dowamynda basybalyjylara garşy milli-azatlyk göreşini alyp bardylar.

Marokkonyň ilaty döwletiň içine girip baran portugal, ispan we fransuz koloniýaçylaryna üstünlikli görnüşde garşylyk görkezdi. Fransiýa Hindi okeanynda Madagaskar adasyny basyp almaga birnäçe gezek synanyşdy, emma şowsuzlyga sezewar boldy.

- Müsürde XVIII—XIX asyrlaryň araçäginde ...
- 1867-nji ýylda ...
- Abdulkadyryň işi ...
- XIX asyryň 90-njy ýyllarynda ...

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Koloniýaçylar Afrikanyň harby-tehniki taýdan yzagalaklygyndan, onuň halklarynyň dagynyklygyndan, taýpalaryň arasyndaky özara gapma-garşylyklardan ussatlyk bilen peýdalandylar.

XIX asyryň 70-nji ýyllarynda Afrikanyň içersindäki uly meýdanlar entek ýewropalylara näbelli diýen ýalydy.

Bu çäkleriň Ýewropa döwletleriniň arasynda koloniýa hökmünde paýlanmagy XIX asyryň ahyry — XX asyryň başlarynda tamamlandy.

XIX asyr Afrika materigini Ýewropanyň döwletleri tarapyndan koloniýa öwürme döwri boldy. Asyryň ahyryna gelip, Afrikany basyp almak gutardy diýen ýaly. Öz watanyny we özbaşdaklygyny goran ýüz müňlerçe afrikalylar koloniýaçylar bilen bolan deň bolmadyk söweşlerde heläk boldular. Koloniýaçylar bolsa materigiň tebigy baýlyklaryny talamak, ilatyny rehimsiz ekspluatasiýa etmek netijesinde çäksiz baýlyklar artdyryp, Ýewropany ösdürmäge goşant goşdular.

Mamluklar — esasan, gulluga aýlandyrylan Gruziýanyň we Demirgazyk Kawkazyň ilaty.

Burlar — Günorta Afrikadaky golland, fransuz we nemes koloniýaçylarynyň nesilleri.

1. Afrika materiginiň halklary sosial-ykdysady ösüşde başga materik halklaryndan yzda galmagynyň sebäpleri hakyndaky öz pikirleriňizi depderiňize ýazyň.
2. Afrika nähili koloniýa aýlandyryldy?
3. Afrika halklarynyň milli-azatlyk hereketleri hakynda nämeleri bildiňiz?
4. Alžiriň ilatynyň fransuz koloniýaçylaryna garşy hereketine kim ýolbaşçylyk etdi?

Döredijilikli iş ýumşy

Afrika we Latyn Amerikasy döwletleriniň koloniýalara öwrülmegi we olaryň milli-azatlyk göreşiniň umumy hem-de tapawutlanýan taraplaryny deňeşdiriň. Ähli maglumatlary depderiňizde çylşyrymly krossword ýagdaýyna getiriň.

Tema degişli Piter Abrahamsyň «Gabyrdaky çemen» romanyny okaň we täsirleriňizi esse görnüşinde depderiňize ýazyň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

NETIJE

Eziz okuwçylar! Siz dünýä taryhy Täze döwrüň 1870-nji ýyla çenli bolan basgançagyndaky wakalary bilen tanyşdyňyz. Bu döwürde Ýewropa we Demirgazyk Amerika döwletlerinde orta asyrçylyk ýuwaş-ýuwaş Täze döwür bilen, feodal tertipleriň bolsa täze, buržuazça durmuş derejesi bilen çalşanlygyny görüp çykdyk.

Ykdysady, syýasy, sosial, ruhy we medeni durmuşda täze ugurlar peýda boldy.

Syýasy pudakda uly özgerişleriň — absolýut monarhiýa we milli döwletleriň şekillenmegi we berkemek hadysasy bolup geçdi. Şol bir wagtda Günbatar Ýewropa we Demirgazyk Amerika döwletlerinde hukuky döwlet we raýatlyk jemgyýetiniň ilkinji belgileri peýda boldy.

Ynsanyň ruhy dünýäsinde hem özgerişler bolup geçdi. Ylym we medeniýetiň täze üstünlikleri adamlaryň durmuşyna girip bardy. Uniwersitetleriň we mekdepleriň sany köpeldi, öýlerde kitaplar, gazetler peýda boldy. Netijede, adamlar ýuwaş-ýuwaş dini fanatikleriň täsirinden azat bolup başlady. Dini aňyň hökümdarlygy saklanyp galan ýerlerde hem indi ony reforma etmek gerekligi hakyndaky taglymlar peýda boldy.

Ýewropada XVII—XVIII asyrlaryň dünýägaraýşy hökmünde **Gumanizm**, **Reformasiýa** we **Magaryf taglymlary** emele geldi. Her bir soňky taglymat özünden öňküsiniň öňdebaryjy taglymlaryny saklap galdy we olaryň hemmesi ynsanyň «yaşamaga, azatlyga we mülke» bolan hukuklaryny üpjün etmäge ymtyldy.

Emma Latyn Amerikasy, Aziýa we Afrikanyň halklarynyň öz azatlygy, gadyr-gymmaty we özbaşdaklygy üçin göreşi hem, olarda demokratik düşünjeleriň şekillenmegi hem hut Täze döwürde başlandy.

Şu manyda, Ýewropada we Demirgazyk Amerikada XIX asyrda ýeňiş gazanan industrial siwilizasiýa we onda jemlenen umumynsany gymmatlyklar dünýädäki ähli halklaryň göreşiniň mazmunyna aýlandy.

Bu göreş hadysasy we onuň netijeleri bilen siz soňky synplarda tanyşarsyňyz.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

MAZMUNY

Giriş. Täze döwrüň başlanmagy.....3

I BAP. ÝEWROPADA TÄZE DÖWRÜŇ ŞEKILLENMEGI

1-nji tema: Beýik geografik açyşlar we olaryň taryhy ähmiýeti.....7
2-nji tema: Täze döwrüň başlarynda Günbatar Ýewropa döwletlerinde industrial jemgyýetiň şekillenmegi.....13
3-nji tema: Ýewropada reformasiýa.....18
4-nji tema: Günbatar Ýewropada täze döwür medeniýetiniň şekillenmegi.....22

II BAP. XVI—XVIII ASYRLARDA ÝEWROPA WE AMERIKA DÖWLETLERI

5-nji tema: Angliýada Korol häkimiýetiniň güýçlenmegi. XVII asyrdaky Angliýa buržuaz ynkylaby.....28
6-njy tema: XVI—XVIII asyrlarda halkara gatnaşyklar.....34
7-nji tema: Fransiýada absolýut monarhiýa. Beýik fransuz buržuaz ynkylaby 37
8-nji tema: Beýik fransuz buržuaz ynkylabynyň jemleri we taryhy ähmiýeti.....42
9-njy tema: XVI—XVIII asyrlarda Germaniýa imperiýasy.....45
10-njy tema: XVI—XVIII asyrlarda Russiýa imperiýasy.....49
11-nji tema: XVIII asyrda Demirgazyk Amerika. Amerikanyň birleşen ştatlarynyň döredilmegi..... 54
12-nji tema: Magaryf asyry.....59

III BAP. XVI-XVIII ASYRLARDA AZIÝA WE AFRIKA DÖWLETLERI

13-nji tema: XVI—XVIII asyrlarda Aziýa döwletleriniň ösüşiniň esasy aýratynlyklary.....65
14-nji tema: XVI—XVIII asyrlarda Hytaý.....69
15-nji tema: XVI—XVIII asyrlarda Hindistan.....73
16-njy tema: XVI—XVIII asyrlarda Ýaponiýa we Koreýa.....79
17-nji tema: XVI—XVIII asyrlarda Osmanlar imperiýasy 84
18-nji tema: XVI—XVIII asyrlarda Eýran.....88
19-njy tema: XVI—XVIII asyrlarda Afrika ýurtlary.....92

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

IV BAP. 1800—1870-NJI ÝYLLARDA ÝEWROPA WE AMERIKA DÖWLETLERI

20-nji tema: 1800—1870-nji ýyllarda Beýik Britaniýa.....97
21-nji tema: 1800—1870-nji ýyllarda Fransiýa.....101
22-nji tema: 1800—1870-nji ýyllarda Germaniýa we Italiýa.....107
23-nji tema: 1800—1870-nji ýyllarda Russiýa..... 110
24-nji tema: 1800—1870-nji ýyllarda Amerikanyň birleşen ştatlary.....115
25-nji tema: Latyn Amerikasynyň halklarynyň milli-azatlyk göreşi..... 120

V BAP. 1800—1870-NJI ÝYLLARDA AZIÝA WE AFRIKA DÖWLETLERI

26-njy tema: 1800—1870-nji ýyllarda Hindistan.....126
27-nji tema: 1800—1870-nji ýyllarda Hytaý.....130
28-nji tema: 1800—1870-nji ýyllarda Ýaponiýa.....134
29-njy tema: 1800—1870-nji ýyllarda Koreýa.....138
30-njy tema: 1800—1870-nji ýyllarda Osmanlar imperiýasy.....142
31-nji tema: 1800—1870-nji ýyllarda Eýran we Owganystan.....145
32-nji tema: 1800—1870-nji ýyllarda Afrikanyň halklary.....151
Netije.....156

http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

RAHMON FARMONOVICH FARMONOV,
USMON TOSHPO‘LATOVICH JO‘RAYĹV,
SHUHRAT ERGASHEVICH ERGASHEV

JAHON TARIXI

(XVI—XIX asrning 60-yillari)

(Turkman tilida)

Umumiy o‘rta ta’lim maktablarining
VIII sinf o‘quvchilari uchun darslik

Qayta ishlangan va to‘ldirilgan to‘rtinchi nashri

Cho‘lpon nomidagi nashriyot-matbaa ijodiy uyi
Toshkent — 2019

Terjime eden ***Gülbahar Abdullaýewa, Kamiljan Hallyýew***
Redaktor ***Jumanazar Metýakubow***
Çeper redaktorlar ***Maftuna Wahhobowa***
Tehredaktor ***Ýelena Toloçko***
Korrektor ***Jumanazar Metýakubow***

Neşirýat lisenziýasyAI № 163. 09.11.2009. Çap etmäge 2014-nji ýylyň 21-nji iýunynda rugsat edildi. Ölçegi 70×90$^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy. Times New Roman CE garniturasy. Kegli 11. Şertli çap listi 11,70. Neşir listi 9,72. 1 067 nusgada çap edildi. Şertnama № 81—2019. Buýurma № 19-150.

Original maket Axborot va ommaviy kommunikatsiyalar agentligining Cho‘lpon nomidagi nashriyot-matbaa ijodiy uyida tayyorlandi. 100011, Daşkent, Nowaýy köçesi, 30.
Telefon: +998-71244-10-45. Faks: +998-71244-58-55.

Habar we köpçülikleýin kommunikasiýalar agentliginiň «O‘zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýünde çap edildi. 100011, Daşkent, Nowaýy köçesi, 30.

Farmonow R.

F 91 Dünýä taryhy: Umumy orta bilim berýän mekdepleriň VIII synpy üçin derslik/ R. Farmonow we başg. — D.: Çolpan adyndaky NÇDÖ, 2019. — 160 s.

ISBN 978-9943-05-657-2

UO‘K 372.893=512.164(100)(075)
KBK 63.3(0)ya721

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1-nji goşmaça

Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

№	Okuwçynyň ady we familiýasy	Okuw ýyly	Dersligiň alnandaky ýagdaýy	Synp ýolbaşçy synyň goly	Dersligiň tabşyry-landaky ýagdaýy	Synp ýolbaş-çysynyň goly
1.						
2.						
3.						
4.						
5.						
6.						

Derslik kärendä berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtaryp alnanda ýokardadaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapynan aşakdaky bahalamak normalaryna görä doldurylýar:

Täze	Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy.
Ýagşy	Sahypalary bitin,dersligiň esasy böleginden aýrylmadyk. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, sahypalarynda ýazgy we çyzgylar ýok.
Kanagat-lanarly	Sahypalary eplenen, çyzyklar çyzylyp, gyralary ýyrtylan, dersligiň esasy böleginden aýrylmak halaty bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Gopan listleri gaýtadan bejerilen, käbir sahypalaryna çyzylan.
Kanagat-lanarsyz	Sahypalaryna çyzylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, käbirleri ýok, çyzylan, boýalan. Dersligi dikeldip bolmaýar.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE